A. MUHAMMETJANOW

# ÖZBEGISTANYŇ TARYHY

## (IV ASYRDAN XVI ASYRYŇ BAŞLARYNA ÇENLI)

## 7-nji SYNP

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi umumy orta bilim berýän mekdepler üçin derslik hökmünde tassyklady*

Gaýtadan işlenen ikinji neşir



«SHARQ» NEŞIRÝAT-ÇAPHANA
PAÝDARLAR KOMPANIÝASYNYŇ
BAŞ REDAKSIÝASY
DAŞKENT — 2013

**UO‘K: 94(575.1)(075)**
**КВК 63.(5O‘)**
M–3

Jogapkär redaktor: **A.T. Zamonow**
Dersligiň metodik gurluşy: **F. Sultanow** tarapyndan işlendi

Syn ýazanlar:

***A.M. Atahojaýew*** – Öz R YA Taryh institutynyň bölüm başlygy, taryh ylymlarynyň doktory;
***A.J. Ýahşiýew*** – Salgyt akademiýasynyň Taryh kafedrasynyň müdiri, taryh ylymlarynyň kandidaty;
***K.A. Matholikow*** – DŞPKGTHKI mugallymy, taryh ylymlarynyň kandidaty;
***M.F. Halbaýewa*** – Respublikan Tälim merkeziniň Gumanitar ylymlar bölüminiň baş metodisti;
***U.F. Haýdarow*** – Buhara welaýat, Buhara tümenindäki 13-nji ýöriteleşdirilen döwlet umumytälim mekdebiniň mugallymy.

**Dersligi okan mahalyňyzda Size kömek edýän belgilere üns beriň:**


**Bu belgi möhüm taryhy wakalary ýatda saklamagy talap edýär.**


**Bu belgi öz bilimiňizi synamaga ündeýär.**


**Bu belgi tekstde duşýan adalgalaryň we esasy düşünjeleriň mazmunyny bilmäge çagyrýar.**


**Bu belgi Sizden tema boýunça berlen soraglara jogap bermegi, ýumuşlary ýerine ýetirmegi talap edýär.**

M–3 **Muhammetjanow, Abdulahad.**
Özbegistanyň taryhy: 7-nji synp üçin derslik. Gaýtadan işlenen ikinji neşir / Awt. A. Muhammetjanow. — D.: «Sharq», 2013. — 160 s.

**UO‘K: 94(575.1)(075)**
**КВК 63.(5O‘)**

**ISBN 978-9943-26-040-5**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan kärende üçin çap edildi.**

© A. Muhammetjanow, 2009, 2013
© «Sharq» NÇPK Baş redaksiýasy, 2009, 2013

**Taryh halkyň ruhyýetiniň esasydyr.**
*Islam KARIMOW*

# G I R I Ş

Eziz okuwçy!

Watanymyz Özbegistan we özbek halky bütindünýä ähmiýetli wakalara baý gadymy taryha eýedir. Turan, Türküstan we Mawerannahr atlary bilen şöhrat gazanan bu ýurduň we öz zähmeti bilen ony abat eden özbek halkynyň geçmişi örän gyzykly we görelde alarlykdyr.

Siziň üçin derslik hökmünde hödürlenýän şu kitap Özbegistanyň taryhyna bagyşlanan bolup, onda IV–XVI asyrlaryň dowamynda bolup geçen wakalar beýan edilýär. On iki asyrlyk döwri öz içine alýan bu taryhy basgançakda ilki bilen umumytürk kowumlarynyň hatarynda «özbiý» we «özbek» adalgalary bilen hormatlanan danalaryň ýolbaşçylygynda ökde we azatlyk söýüji özbek halky şekillendi.

*** «Özbek» – kabyla begi, hökümdar**

Ata-babalarymyz kanallary gazyp, çöl-beýewanlara suw çykardylar, boz ýerleri bag-bossanlyga öwürdiler. Ekerançylyk, çarwaçylyk we hünärmentçilik ösdi. Otluk oazisleriň ýerinde oba we şäherler döredildi. Olar ylym-bilim we kesp-hünärleriň merkezine öwrüldi. Şekillendiriş sungaty, saz, binagärlik rowaçlanyp, özboluşly medeniýet döredildi.

Ekerançylyk oazislerinde ilkibaşda ýerli häkimler, soňluk bilen bolsa Eftallar, Türk hakanlygy, Samany, Garahan, Horezmşalar, Emir Temuryň döwleti ýaly iri döwletler höküm sürdi. Orta asyrlarda dörän döwletler şu çägiň ilatynyň jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we ruhy durmuşynyň ösmegine täsir etdi. Bu döwürde «Oba häkimi» diýip atlandyrylýan uly ýer eýesi bolan «daýhan»lar we olaryň ekin meýdanlarynda işleýän ýersiz «kadiwar»lar, ýagny kärendeçiler şekillendi. Ýere, suwa bolan gatnaşyk düýpgöter úýtgedi. Dürli görnüşdäki ýer eýeleri emele geldi. Ýerde işlemek we onda goşçulary işletmegiň tertipleri üýtgedi. Zähmetkeşleriň üstünden zulum güýçlendi, gatlaklaryň arasyndaky özara gatnaşyklar bolsa barha ýitileşipdi.

Şu döwürde ýurdumyz Arap halyfalygy tarapyndan basyp alyndy. Yslam dini berkarar bolup, ýerli dinler we ygtykatlar ýatyryldy. Ilata nätanyş bolan arap ýazuwy girizildi. Arap agalygyndan soňky asyrlarda ylym-bilimiň ösmegi üçin şert emele geldi. Orta asyrlarda ýurdumyzda Muhammet ibn Musa al-Horezmi, Ahmet al-Fergany, Abu Reýhan Biruny, Ibn Sina, Ulugbek we Alyşir Nowaýy ýaly beýik akyldarlaryň arasyndan yslam dini we taglymatynyň ösmegine uly goşant goşan Ymam Buhary, Ymam Termizi, Ahmet Ýasawy, Nejmitdin Kubra, Bahowuddin Nagyşbendi we Hoja Ahror ýaly meşhur ulamalar ýetişip çykdy.

Ýurduň agyr we kyn günlerde azatlyk söýüji halkymyzyň edermenligini ene-topragy goramak ugrunda özüni pida eden Jelaletdin Menguberdi, Temur Mälik we meşhur şeýh Nejmiddin Kubra, Mahmyt Taraby, Emir Temur ýaly watançylaryň mysalynda bilip alarsyňyz. Garaşsyzlyk halkymyzyň asyrlyk arzuwunyň we göreşleriniň şöhratly netijesidigine şaýat bolarsyňyz.

Belli bolşy ýaly, Amyderýa we Syrderýa ýaly iri suw basseýnlerinde ýerleşýän gadymy Turanyň çäklerinde öňden bäri oturymly özbekler bilen ýanaşyk doganlyk täjik, gyrgyz, gazak, garagalpak we türkmenleriň hem ata-babalary ýaşap gelipdir. Şonuň üçin özbek halkynyň geçmişi etniki taýdan ýakyn we durmuşynyň köp taraplary umumy bolan bu doganlyk halklaryň taryhy bilen eriş-argaç bolup baglanyp uýgunlaşypdyr. Aýratyn hem daşary ýurtly basybalyjylara, adalatsyz zalym hökümdarlara, rehimsiz mülkdarlara garşy alnyp barylan göreşler doganlyk halklary jebisleşdirdi. Şol sebäpli olar köp ýagdaýlarda ýeke-täk döwletiň umumy raýaty bolup ýaşadylar, il-ýurduny abadanlaşdyrmakda işjeň gatnaşdylar.

Mahlasy, derslikde Watanymyzyň we özbek halkynyň orta asyrlarda başyndan geçiren örän çylşyrymly we kynçylykly durmuşynyň taryhy beýan edilýär. Onda syýasy wakalar açyp görkezilende halkymyzyň döredijilikli zähmeti, özbolușly medeniýeti we dünýägaraýşy hem-de Watana bolan çäksiz söýgüsi we wepalylygyna bagyşlanan setirleri okap, şeýle beýik halkyň mirasdüşeridigiňizden kalbyňyz buýsançdan dolar. Sebäbi ýurdumyzyň Prezidenti Islam Karimowyň belläp geçişi ýaly *«Öz-özüňe aň ýetirmek taryhy bilmekden başlanýar... Hakyky taryhy bilmezden bolsa öz-özüňe aň ýetirmek mümkin däl».*

# I BAP
# ORTA ASYRLARDA ÝER EÝEÇILIK GATNAŞYKLARYNYŇ ŞEKILLENMEGI WE ÖSÜŞI

## 1-§. SOSIAL-YKDYSADY ÖZGERIŞLER

**Daýanç düşünjeler** ***Daýhan; Kaşowarz; Kadiwar; Çokar***

Gadymy Turan diýarynda öz döwrüniň beýik döwletlerinden **Kang** döwletiniň we **Kuşan patyşalygy**nyň ösen döwründe ýokary göteriliş başlanypdy. Bu özgerişler netijesinde ýurduň ilatynyň durmuş-ykdysady, medeni we syýasy durmuşynda uly özgerişlere getirdi. Şäherleriň sany köpeldi we tutýan meýdanlary giňeldi. Şäher irki orta asyrlardan başlap hünärmentçiligiň, söwdanyň we medeni durmuşyň merkezine öwrüldi.

Oazislerde iri suwaryş ulgamlary gazylyp, suwarymly ekerançylygyň tutýan meýdany giňeldi. Suw degirmeni, jykyr we **çarhypelek** oýlanyp tapyldy. Akar suwuň derejesinden ep-esli ýokarda ýerleşen ýerlere suw çykarylyp abadanlaşdyryldy. Ekerançylykda gallaçylyk, şalyçylyk we bakjaçylyk bilen bir hatarda pagtaçylygyň we bagdarçylygyň meýdanlary giňeldi.

*** «Çarhypelek» – suwaryş desgasy**

Ekin meýdanlaryny suwarmak we işläp bejermek kämilleşmegi sebäpli ilat ekerançylykdan bol hasyl alyp başlady.

Şäherlerde ilatyň sanynyň artmagy, hünärmentçiligiň, içerki we daşarky söwdanyň ösmegi bilen oba hojalyk önümlerine bolan isleg artyp başlady. Netijede ýurtlaryň ykdysady durmuşynda çig mal öndürýän obalaryň abraýy ýokary göterilip

başlandy. Bir tarapdan, ýere, ekerançylyk meýdanlaryna bolan gatnaşyk, olara eýelik etmegiň görnüşi ýuwaş-ýuwaşdan özgerip başlady. Ikinji tarapdan bolsa, ekerançylyk bilen meşgullanýan oturymly ilat bilen çarwadar taýpalaryň arasyndaky gatnaşyklar ösdi. Ýurduň çöl we dag eteklerinde ýaşaýan göçme we ýarym göçme ilatyň oturymly ýaşaýşa geçmegi güýçlendi. Netijede daýhançylyk üçin ýaramly bolan suwarymly ýerlere isleg barha artyp başlady. Şeýlelikde, tarp we boz ýerlere suw çykaryp täze-täze ekerançylyk meýdanlaryny açmak işleri güýçlendi. Şular ýaly abadançylyk işlerine il-ýurduň sosial durmuşyna täsiri güýçli bolan mülkdar gatlagyň wekilleri, oba aksakgallary we urug-taýpa ýolbaşçylary guramaçy hökmunde işjeň gatnaşýarlar. Tarp ýerlerde açylan täze ekin meýdanlarynyň belli bir bölegi olaryň eline geçýär we mirasa geçýän emläge öwrülýär. Şeýle ýagdaýda iri ýer eýeçiligine esaslanan mülkdarlar gatlagy şekillenýär.

**Daýhanlar we olaryň hojalyk durmuşy**

**Sarkorlar** özlerine degişli ekin meýdanlaryny suwaryş ulgamynyň ýokary böleginden, aýratyn-da, bentleriň sakasyndaky ýerlerden alypdyrlar. Şeýlelikde olar daýhançylykda suwdan erkin peýdalanmak, suw paýlanyşygyna gözegçilik edip, oba ilatynyň üstünden agalyk etmek mümkinçiligine eýe bolýar. Obalarda öz täsiriniň çäklerini giňeldip, ýuwaş-ýuwaşdan ekerançylyk bilen meşgullanýan ilatyň üstünden hökümdarlyk edip başlaýarlar. Şol döwürde olara **daýhanlar** diýlipdir.

Daýhanlaryň şäherlerde kaşaň köşkleri, söwda we hünärmentçilik dükanlaryndan ybarat bolan uly hojalygy hem bolupdyr. Obalarda bolsa olaryň ekin meýdanlaryndan başga köşkleri we berk galalary, **suw bilen işleýän degirmen**leri, ýag çykarýan **juwaz**lary bolupdyr. Gurply daýhanlaryň hojalygynda guldyr gyrnaklardan ybarat köp sanly hyzmatkärler gyşyn-ýazyn işläpdirler. Olardan başga her bir iri ýer eýesiniň 30-40, 50-100, käte ondan hem köp hyzmatkärleri (**çokarlary**) bolupdyr.



**Gurply daýhan maşgalasy**

**Çokarlar** daýaw we çakgan hem-de öz hojaýynyna wepaly ýetginjeklerden



**Warahşa. Dag goçunyň awlanyşynyň güberçek teswiri.**

saýlanyp alnypdyr. Daýhanlar duşman çozuş eden mahallary şolar ýaly wepaly we söweşjeň hyzmatkärleri bilen duşmanlaryň garşysyna ýörişlere gidipdirler. Asudalyk döwründe bolsa şol hyzmatkärlere daýanyp, obanyň ekerançylyk bilen meşgullanýan ilatynyň üstünden höküm sürüpdirler.

**Oba obşinasynyň gatlaklara bölünişi**

Ilkibaşda öz garamagyndaky hyzmatkärleriň zähmetinden peýdalanyp gelen daýhanlar, soňlugy bilen dürli ýollar bilen oba obşinalarynyň üstünden hökümdarlyk edýän, dura-bara olaryň güýjünden peýdalanýan bolup galdylar. Şeýlelikde, ýurtda ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň şekillenmegi bilen oba obşinalarynyň arasynda iri ýer eýeleri bolan daýhanlar bilen birlikde kadiwarlar gatlagy hem peýda bolýar. Ýurtda ýer-suwa eýeçiligiň hususylaşmagynyň güýçlenmegi bilen kadiwarlaryň sany köpelip, daýhançylyk hojalygynyň esasy öndüriji güýçleriniň birine öwrülýär.

**V asyryň ortalary**na gelip, eýýäm ekin meýdanlarynyň belli bir bölegi mülkdar daýhanlaryň gol astyndaky mülklerden ybarat bolsa hem, oazislerdäki suwarymly (obikor) ýerleriň esasy bölegi henizem oba obşinalarynyň elindedi.



*** Obikor – suwarylýan ýer meýdany**

Ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň emele gelmegi bilen ýurduň sosial durmuşynda düýpli özgerişler bolup geçdi. Bu özgerişler aýratynam obalarda duýulýardy. Oba obşinalary sosial babatdan gatlaklara ýerli mülkdar **daýhan**lara we olara garaşly bolan ýersiz we erksiz **kadiwar**lara bölünip gitdi. Oba obşinalarynyň ýerinde ýaşap ýerden we suwdan ybarat umumy emläge eýe bolan erkin

ekerançylar gatlagyna **kaşowarz**lar diýlipdir. Olaryň belli bir bölegi obşina ýerlerinden mahrum bolup, dura-bara kadiwarlara öwrülip gidipdirler. Käbir daýhançylyk oazislerinde uly ýer-mülklere eýe bolan daýhanlarbolsa hatda öz welaýatlarynyň özbaşdak häkimi bolup galypdyrlar.



*** Daýhan (obanyň häkimi) – irki orta asyrlardaky gurply gatlak**
*** Kaşowarz – ýönekeý ekerançy goşçular**
*** Kadiwar – obanyň daýhanlara tabyn ilaty**
*** Çokar – daýhanyň emlägini goraýan, harby gullukçy**
*** Objuwaz – suwuň güýji bilen işleýän, şaly döwýän gurluş**
*** Maýjuwaz – ösümligiň tohumyndan ýag alynýan gurluş**



1. Daýhançylykda nähili üstünlikler gazanylypdyr?
2. Haýsy faktorlar obalaryň täsiriniň artmagyna sebäp bolupdyr?
3. Näme üçin tarp we boz ýerleri özleşdirmäge isleg güýçlenipdir?
4. Daýhanlar we kadiwarlar gatlaklary nähili şekillenipdir?
5. Kaşowarzlar kim, olar hakda siz nämeler bildiňiz?

## 2-§. IRKI ORTA ASYR DÖWLETLERI

**Daýanç düşünjeler** ***Afrigiler; Hyýanylar; Kidariler; Eftallar***

**Horezm döwletiniň döremegi**

Barha gowşap barýan Kang döw-letinden birinji bolup Horezm bölünip çykýar. Ony ýerli afrigiler dinastiýasyna degişli horezmşalar dolandyryp başlaýarlar. Milady ýyl hasabynyň **III asyrynyň ortalary**nda Horezm döwletiniň paýtagty deslap häzirki Garagalpagystanyň Ellikgala tümeninde ýerleşen gadymy **Toprakgala** şäheriniň harabasynyň ornunda bolupdyr.

Paýtagt goranmak babatdan iňňän berk gurlupdyr. Şäheriň berk derwezesi bolupdyr. Derwezäniň garşysynda şäheriň merkezini kesip geçýän köçaniň iki tarapynda şäherlileriň ýaşaýyş jaýlary ýerleşipdir. Şäheriň merkezinden ýokaryrakda

ybadathana kompleksi, demirgazyk-günbatar burçundaky böleginde horezmşalaryň belentligi 25 m ýetýän üç minaraly köşk-galasy bolupdyr. Şu döwürde Horezmde daşy berk diwarlar bilen gurşalan şäherler, berkitmeli obalar örän köp bolupdyr.

Milady ýyl hasabynyň **305-nji ýyl**yňda horezmşa **Afrig** öz karargähini Horezmiň gadymy paýtagty **Kät** şäherine göçürýär. Kät gaýtadan dikeldilip, **Al-Fir** köşk-galasynyň içinde şa özüne täze köşk gurdurýar. Hut şu wagtdan başlap Horezmiň Afrigi şalary ýüzüne şanyň, arka tarapyna atyň üstündäki adamyň teswirleri düşürilen kümüş teňňeleri zikgeledip, ýurduň içerki we daşary söwda gatnaşyklaryny pugtalandyrýarlar.

Abu Reýhan Birunynyň ýazmagyna görä, horezmşalar derejesi ilki siýawuşlar dinastiýasy tarapyndan kabul edilipdir. Biruny bu hakda «**Siýawuş ibn Kaýhusraw**yň Horezme gelmeginden... taryh aldylar. Şol wagtdan **Kaýhusraw ...** türk patyşalary (üstünden) höküm sürüpdi» diýip ýazypdyr. Şol wagtlarda **Kaýhusraw, Saksafar, Farasman, Husraw** ýaly hökümdarlar «Horezmşa» derejesine eýe bolupdyrlar.

*** Horezmşa – Horezm döwletiniň hökümdarlarynyň derejesi. Birunynyň eserlerinde getirilen maglumatlara garanda, ilki Horezmşa derejesi bilen Horezmi Kaýhusraw dolandyrypdyr. Aşakdaky 4 dinastiýa: afrigiler; ma'munylar; altyndaşlar; anuşteginiler hökümdarlary «Horezmşa» derejesine eýe bolupdyrlar.**

Maddy-medeni tapylmalaryndan anyklanmagyna görä, **III asyr**da Horezmiň çäginde ykdysady-syýasy taýdan özbaşdak birnäçe suwarymly daýhançylyk oazislerini dolandyran maýda häkimler bolupdyr. **Toprakgala**dan elinde bürgüt gondurylan täçli hökümdaryň heýkeli ýa-da **Ankagala**nyň golaýyndan bolsa elinde laçyn tutan täçli hökümdaryň suraty çekilen teňňäniň tapylmagy şübhesiz ýerli hökümdarlygy delillendirýär. Şol döwürde Horezmde suwarymly ekerançylyk, hünärmentçilik, maldarçylyk we söwda-satyk, ylym, sungat, aýratyn hem heýkeltaraşlyk ýokary derejede ösüpdir. **III asyr**da Kang döwletinden bölünip özbaşdaklygy gazanan Horezm özara göreşlerde ýeňiji boldy. Netijede **afrigileriň dinastiýasy**nyň hökümdarlygy esaslandyryldy.

Horezm hyýanylar, kidariler, eftallar hem-de Türk hakanlygy döwründe hem özüniň syýasy garaşsyzlygyny saklap galypdyr. Wizantiýaly taryhçy **Menandr** Horezm **VI asyryň 60-njy ýyllary**nda Wizantiýa we türkler bilen diplomatik aragatnaşyklary alyp barandygy hakynda käbir maglumatlary belläpdir.



*** Bürgüt we laçyn Horezmiň hökümdarlyk nyşany bolupdyr.**

## Hyýanylar döwleti

**IV asyryň ortalary**nda Orta Aziýa Ýedisuwdan we Gündogar Türküstandan **hyýan** atly göçme taýpalaryň hüjümi başlanýar.

Hyýanylar **353-nji ýyl**da öz hökümdary **Grumbat**yň baştutanlygynda Sogda çozup girýärler. Soňra olar Eýranda emele gelen we barha güýçlenip barýan Sasanylar döwleti bilen çaknyşýarlar. Ilkinji söweşlerde sasanylaryň şasy **Sapur II** (309-379) hyýanylardan ýeňilýär. Soňra özara ýaraşyk şertnamasy baglaşylýar. Ençeme wagtyň dowamynda ýaraşyk şertnamasy kä bozulyp, käte ýene dikeldilip durupdyr. Iň soňunda, **IV asyryň 70-nji ýyllary**nda Orta Aziýada hyýanylaryň hökümdarlygy berkarar bolýar. Serderýanyň kenarlaryndan tä Amyderýanyň basseýnine çenli uzalyp giden giň meýdanda hyýanylaryň güýçli döwleti emele gelýär. Bu döwlet 120 ýyldan gowrak hökümdarlyk edýär.

## Kidariler döwleti

**V asyryň 20-nji ýyllary**nda Syr-derýanyň we Aralyň kenarlary boýunça Horezme hem-de Amyderýanyň basseýnine ýene-de bir göçme çarwadar halk – **toharlar** gelip girýär. Toharlar kuşanlaryň nesillerinden bolup, **Kidar** atly hökümdar olara baştutandy. Şonuň üçin olara **kidariler** diýilýär. Tiz wagtdan kidariler Amyderýanyň basseýnini we günbatar we günorta Sogd ýerlerini basyp alyp, Hyýanylar döwletiniň günortasynda öz hökümdarlygyny ornadypdyrlar. **Balh** şäheri bolsa olaryň täze döwletiniň paýtagtyna öwrülipdir.

**V asyryň 30-50-nji ýyllary**nda kidariler bilen sasanylaryň arasyndaky gapma-garşylyklar barha güýçlenip, olar bir-birine duşman bolýarlar. Bu iki döwletiň arasynda **456-njy ýyl**da bolan nobatdaky çaknyşykda sasanylaryň çym-pytrak ediji zarbasyna duş bolan kidariler şondan soň özüni dürsäp bilmediler. Onuň

üstesine tiz wagtdan kidariler demirgazykdan günorta tarapa süýşüp gelen ýene bir çarwadar göçme taýpa – **eftallar** bilen çaknyşýar. Netijede kidariler Orta Aziýany terk edip, günorta - Demirgazyk Hindistana çekinip, ol ýerde 75 ýyl höküm sürýärler.

### Eftallar döwleti

Eftallaryň ilkinji nesilleri Hytaýyň demirgazyk-günbatarynda (Hesi)de ýaşap geçen türki hun taýpalarynyň raýanlygynyň düzüminde bolupdyr. Olar III asyrda Turanyň günorta we Harkon (Kaspi) deňziniň demirgazygynda ýaýylyp ýatan ýaýlalarynda ýerleşip başga türki halkyýetler bilen aralaşýar. Soňluk bilen eftallar köpelip, ilki bilen hyýany, kidariý we başgalary özüne tabyn edip, döwlet döredipdirler. V asyrda olar Kidariler döwletini ýeňip, Horasanyň bir giden bölegini eýeläpdirler we sasanylar bilen çaknyşypdyrlar.

**V asyryň ortalary**nda diýarymyza çozup giren eftallar ýazuw çeşmelerinde *eftal, haftal, haýtal* diýen atlar bilen agzalýar. «**Eftal**» sözi ilkinji gezek «**heptal**» şeklinde V asyra degişli ermeni çeşmelerinde duş gelýär. Bu at aslynda «**Eftalon**» diýen şanyň adyndan gelip çykypdyr. Oňa **Wahşunwar** hem diýipdirler, ol eftallaryň ýörişine ýolbaşçylyk edipdir. Gysga wagtyň içinde **Çaganyýan, Toharystan** we **Badahşan** boýun egdirilýär. Bir zarbada olar Sogdda-da öz hökümdarlygyny ornaşdyrýarlar. Eftallaryň döwleti güýçli döwlete öwrülýär. Hatda olar 456-njy ýylda özara gatnaşyklary ýola goýmak maksady bilen Hytaýa ilçi iberýärler. Eftallaryň barha güýçlenmeginden gorkan sasanylar olaryň garşysyna ýöriş edýärler. Olaryň arasyndaky dawa-jenjeller sasanylaryň şasy Peruzyň hökümdarlyk eden döwründe (459-484) iň ýokary derejesine ýetýär. Sasanylaryň şasy eftallara garşy üç gezek ýöriş edýär. Ilkinji söweşlerde ol ýeňlip, ýesir düşýär. Wizantiýanyň imperatory **Zenon** tarapyndan goýberilen töleg pulunyň öwezine ol ýesirlikden boşadylýar. Az wagt geçenden soň, ol ikinji gezek eftallaryň üstüne goşun sürýär. Ikinji ýöriş hem şowsuz tamamlanýar. Şanyň **Kubod** atly ýaş ogly eftallaryň ýurduna girewe goýberilip, **Peruz** ýesirlikden boşadylýar.

**Peruz 484-nji ýyl**da eftallaryň garşysyna üçünji gezek ýörişe başlaýar. Bu gezekki söweş sasanylaryň şasynyň ölümi bilen tamamlanýar. **Merw** gabalýar, Eýran örän köp mukdarda töleg tölemeli edilýär. Peruzyň mirasdüşerleri **Kubod**yň (488-531), **Anuşyrwan**yň (531-579) hökümdarlyk eden döwürlerinde



BEÝIK ÝÜPEK ÝOLY




eftallar bilen gatnaşyklar birneme ýumşap, asudalyk häsiýetine eýe bolupdyr. Sasanylar ýyllaryň dowamynda kümüş hasabynda bellenen pajy üznüksiz töläpdirler. Soňlugy bilen eftallar **Kabul, Penjap, Urumçi, Karaşar, Hotan, Kaşgar** şäherlerini hem öz gol astyna alypdyrlar.

*** Paç – olpan, salgyt. Bir döwlet tarapyndan ikinji döwlete tölenýän, şeýle hem, şäher we oba bazarlarynda söwdagärlerden alynýan ýörite töleg.**

Şeýlelikde güýçli çapyksuwar atlylardan ybarat goşuna eýe bolan eftallar birnäçe ýarym özbaşdak mülkdarlaryň bileleşiginden düzülen uly döwleti döretdiler. Şu mülkleriň hökümdary – **Şa** (şaha) tabyn mirasdar dinastiýalar tarapyndan dolandyrylypdyr. Hatda olaryň her biri özüniň kümüş ýa-da mis teňňesini zikgeledipdir.

**V asyryň ikinji ýarymy**nda we **VI asyryň başlary**nda Orta Aziýanyň, Gündogar Eýranyň, Demirgazyk Hindistanyň we Gündogar Türküstanyň ýerlerini birleşdiren, irki orta asyrlaryň täze güýçli **Eftallar döwleti** emele geldi.

**1.** Horezm döwleti hakynda nämeleri bildiňiz?
**2.** Hyýanylar haýsy çäkden Orta Aziýa çozup girdi?
**3.** Näme üçin kidariler Orta Aziýany terk edýärler?
**4.** Eftallar we olar düzen döwlet barada nämeleri bilýärsiňiz?
**5.** Sasanylar bilen eftallaryň gatnaşyklary barada aýdyp beriň.

## 3-§. EFTALLAR DÖWRÜNDE SOSIAL-YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Ýer eýeçiligi; Söwda; Pul dolanyşygy; Dil; Medeni gatnaşyklar; Döwletiň daýanjy***

**Hojalyk durmuşy**

Eftallar döwletine birleşen ilatyň etniki düzümi köp dürli bolupdyr. Olaryň sosial-ykdysady durmuşy bolsa biri beýlekisiniňkiden düýpli tapawutlanypdyr. Eftallar gelip çykyşy boýunça göçme taýpalara degişliligi sebäpli çarwaçylyk bilen meşgullanyp, ýaýlalarda keçeden bejerilen öýlerde ýaşapdyrlar. Soňluk bilen eftallar basyp alan ýerlerinde söwda gülläp ösüpdir. Olar ýyllaryň geçmegi bilen bolsa ýerli halk bilen goşulyp gidipdirler.

**Toharystan** we **Sogd** daýhançylygyň we bagdarçylygyň ösen merkezi hasaplanýardy. Kaşgaderýa we Zerewşan jülgelerinde gowaçadan başga şaly hem ekilýärdi. Hytaý çeşmelerinde bellenilişine görä, **V–VI asyrlarda Gündogar Türküstan**da we

**Orta Aziýa**da gowaça ekilipdir. Onuň süýüminden ak we iňňän ýumşak matalar dokalypdyr. Hytaýyň bazarlarynda şolar ýaly matalara isleg uly bolupdyr. Çünki şol döwürde Hytaýda entek gowaça ekilmändir.

Ilatyň sähralarda ýaşaýan ýarym göçme bölegi çarwaçylyk, hususan-da, maýda we iri şahly mallary bakmak, düýedarçylyk, daglyk ýerlerde we dag eteklerinde gylýalçylyk bilen meşgul-lanypdyr. **Fergana jülgesi** bolsa ýyndam tohum atlary bilen meşhur bolupdyr.

### Ýer eýeçiligi

Ekerançylyk ýerleriniň uly bölegi henizem oba obşinalarynyň täsiri astynda bolsa-da, ýurtda ekin meýdanlarynyň belli bir bölegi daýhanlaryň elinde jemlenip başlapdyr. Şonuň netijesinde oba jemagatynyň *kaşowarz*lary (erkin goşçylary) belli bir derejede daýhanlaryň täsiri astyna düşüp, olara garaşly *kadiwar*lara öwrülip başlapdyr.

Öri meýdanlarynyň esasy bölegi bolsa taýpa we urug obşinalarynyň hem-de olaryň aksakgallarynyň **hwabulary**nyň ygtyýaryndady. Häzirki wagtda hem Daşkent oazisiniň we Günorta Gazagys- tanyň ýerleriniň bir bölegini suw bilen üpjünläp duran **Zogaryk** (Zowaryk) we **Bozsuw**, Samarkant welaýatynyň günorta tümenleriniň esasy suw çeşmesi bolan **Dargom kanaly** V asyrda gurlan iň iri suwaryş ulgamlary hasaplanýar.

Hut şu döwürde **Çaganiýan** (Surhanderýa), **Samarkant, Buhara, Keş** (Şährisebz), **Nagşap** (Karşy) we **Daşkent** töwerekleri doly özleşdirilip bölek-bölek daýhançylyk oazisleri şekillenýär. Soňlugy bilen bu oazislerde mülkdar daýhanlaryň täsiri güýçlenip, olar tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän kiçiräk häkimlikler emele gelipdir.

### Söwda we pul dolanyşygy

Daşary söwdadan paç almaga gyzyk-lanan eftallar "Ýupek ýoluny" gözegçilik astynda saklamaga çalyşypdyrlar. Hytaý, Hindistan, Eýran we Wizantiýa bilen bolan halkara söwdasyna olar işjeň gatnaşypdyrlar. Ýupek ýoly söwdasynda sasany söwdagärleri bilen bäsleşikde esasan sogdylar araçy bolup durupdyrlar.

Halkara söwda gatnaşyklarynyň ösmegi bilen ýurtda teňňe pul dolanyşyklary tertipleşdirilýär. Içerki we daşarky söwda gatnaşyklarynda eftallar ilkibada sasany hökümdarlarynyň kü-

# ORTA AZIÝA IRKI ORTA ASYRLARDA



müş teňňelerinden giňden peýdalanypdyrlar. Bulardan başga **Buhara**da, **Paýkent**de, **Wardana**da, **Nagşap**da, **Samarkant**da we **Horezm**de ýerli häkimler tarapyndan çykarylan maýda mis teňňeler ýurduň içerki söwdasynda giňden ulanylypdyr. Munuň özi ýurduň durmuşynda ýerli häkimleriň uly abraýyynyň bolanlygyndan habar berýär.

Eftallarda ilatyň gatlaklara bölünişi, emläk deňsizligi barha güýçlenipdir. Şol sebäpli döwleti dolandyrmakda kanunlar we kadalar bellenipdir, Döwlet harby güýje daýanypdyr. Edilen jenaýat üçin berk jeza berlipdir.

### Durmuş özgerişleri

Göçme taýpalaryň daýhançylyk edilýän oazisleriň töweregine gelip ornaşmagy bilen belli bir derejede sähra adamlarynyň däp-dessurlary we dini düşünjeleri oturymly ilatyň durmuşyna ornaşyp başlady. Asyrlaryň dowamynda medeni däpleri güýçli bolan **Toharystan**da we **Gündogar Sogd** oazislerinde göçme ilat tiz wagtdan oturymlaşdy. **Samarkant, Buhara, Nagşap** we **Çaç** (Daşkent) ýaly daýhançylyk oazislerinde belent ýerlerde köp sanly berkitmeli köşk-galalar we kurganlar guruldy. Olaryň käbirleri hatda iki gatdan ybarat bolup, ýokarsyna *pandus* (ýapgyt göterme ýoda) arkaly çykylypdyr.

### Dil we medeni gatnaşyklar

Orta Aziýanyň ilaty dürli dillerde sözleşipdir. Maldarçylyk bilen meşgullanýan çarwadar ilatyň arasynda türki dili höküm sürüpdir. Oturymly ilatyň bir bölegi *sogd dil*inde, beýleki bir bölegi *türki dil*inde gepleşipdir. Şu döwürde sogd dili halkara söwda dili hökmünde Ýedisuw we Fergana arkaly Gündogar Türküstana baryp, Hytaýa çenli aralaşýar. V-VI asyrlarda *sogd, horezm* we *eftal ýazuwlary* ýaýrapdy. *Eftallaryň haty* Baktriýa



**Eftallar hökümdary Mihirakula teňňesi.**



**Sogdy golýazmasyndan bölek. VIII asyr.**



**Toýun küýze. Kofirgala. VII–VIII asyrlar.**

ýazuwynyň esasynda peýda bolýar. *Eftallaryň ýazuwy* 25 harpdan ybarat bolupdyr. Hat çepden saga tarap keseligine ýazylypdyr.

Eftallar ot we güne çokunýan otparaz bolupdyrlar. Merkezi Aziýadaky başga halklar bolsa budda, hristian we zarduşt dinlerine uýupdyrlar. Olaryň soňky nesilleri özbek, türkmen we türki düzüme siňip gidipdir. Häzirki wagtda türkmen we anatoliýaly türkleriň düzüminde «abdal» atly etnik topar saklanyp galypdyr. Şeýdip türk dünýäsi giňelip, kämilleşipdir we Ýewraziýada ornaşypdyr.

Şu döwürde Hytaý, Hindistan we Eýran bilen ykdysady we medeni gatnaşyklar giňelipdir. **V asyr**da orta aziýaly çüýşe ýasaýjylar hytaýly hünärmentlere reňkli çüýşe we çüýşe önümlerini ýasamagy öwredýärler. Orta Aziýada öndürilen çüýşeler reňki, durulygy, ýaldyrawuklygy bilen Wizantiýada öndürilen çüýşeden has ýokarda durupdyr. Hytaý imperatorlary öz köşklerini bezände Orta Aziýadan getirilen reňkli çüýşelerden peýdalanypdyrlar. Şeýdip, Orta Aziýanyň ilatynyň medeni däpleri goňşy ýurtlaryň, hususan-da, Hindistanyň we Eýranyň teswiri stili bilen garyşyp, irki orta asyr medeniýetiniň şekillenmeginde berk esas bolupdyr.



1. Eftallar döwletinde ilatyň etnik düzümi nähili bolupdyr?
2. Eftallar döwletinde hojalygyň haýsy ugurlary ösüpdir?
3. Ýer eýeçiliginde nähili özgerişler ýüze çykyp başlapdyr?
4. Eftallar döwletinde nähili durmuş özgerişleri bolupdyr?
5. Söwdada nähili teňňeler dolanyşykda bolupdyr?
6. Medeni durmuş hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
7. Ilat haýsy dillerde gepleşipdir, nähili ýazuwlardan peýdalanypdyr?

## 4-§. ORTA AZIÝA HALKLARY TÜRK HAKANLYGY DÖWRÜNDE

**Daýanç düşünjeler:** ***Türk hakanlygy; Hakanlyk dolandyryşy; Eftallar döwletiniň synmagy; Hakanlygyň bölünip gitmegi.***

### Hakanlygyň döremegi

**VI asyryň ortalaryn**da Altaý we Günorta Sibirde ýaşan türki taýpalary birleşdiren täze döwlet emele geldi. Bu döwlet Türk hakanlygy diýen at bilen taryha girdi. Ony **Bumin** esaslandyrdy. **552-nji ýyl**da Bumin “hakan” diýlip yglan edildi.

## TÜRKI TAÝPALARYŇ SÜÝŞMEGI




Altaý hakanlygyň merkezi edip bellendi. Türkleriň günbatara tarap ýörişine **Istami** ýolbaşçylyk edýär. Oňa ***«Ýabgu hakan»*** diýen at berilýär. Tiz wagtdan Ýedisuwa we Gündogar Türküstana ýanaşýan ýurtlarda ýaşaýan türki taýpalar boýun egdirilýär. **555-nji ýyl**a çenli türkler Syrderýa we Aral deňziniň kenarlaryna çenli uzalyp gidýän giň ülkeleri eýeleýärler. Hakanlygyň araçägi Eftallaryň döwletiniň serhetlerine baryp ýanaşýar.

**558-nji ýyl**da türkler **Ýayyk** (Ural) we **Itil** (Wolga) derýalarynyň kenarlaryndaky ýerleri basyp alýarlar. **575-576-njy ýyllar**da Demirgazyk Kawkazyň giň meýdanlaryny eýeläp, Krym ýarymadasyna girýärler. Netijede eftallar döwletiniň demirgazyk çäkleri howp astyna düşýär. Beýle amatly ýagdaýdan peýdalanan sasanylar Toharystany we Çaganiýany eftallardan basyp alýarlar.

## Eftallar döwletiniň synmagy

Türk hakanlygynyň eftallar bilen çaknyşmagy gutulgysyzdy. Emele gelen çylşyrymly syýasy ýagdaý hakanlygy Eýran we Wizantiýa bilen ýakynlaşdyrýar. Uzak wagtlap eftallaryň zorlugy astynda ýaşan sasanylar olaryň bütinleý ýok bolup gitmeginiň tarapyndadylar. **Husraw I Anuşirwan**yň (531-579) başlangyjy bilen emele gelen özara harby ýaranlyk Eýran şasynyň **Istam**a giýew bolmagy bilen has-da berkidildi.

Eýran esgerleriniň Balha hüjüm etmegi bilen türkler **563-nji ýyl**da Eftallar döwletiniň ýerlerine çözýärler. **Parak** (Çyrçyk) jülgesi we onuň merkezi Çaç şäheri gabalýar. Olar Syrderýadan geçip Zerewşan jülgesine barýarlar. Samarkandy, Keşi we Nagşaby eýeläp, Buhara ýakynlaşýarlar. *Sekiz gün* dowam eden gazaply söweşde eftallaryň goşuny ýeňilýär. Şeýlelikde, günortadan Eýran sasanylarynyň, demirgazykdan bolsa Türk hakanlygynyň **563-567-nji ýyllar**daky zarbasyna duçar bolan Eftallar döwleti doly synýar. Netijede ýeňlen döwletiň mirasy özara paýlaşylyp, Amyderýanyň günorta kenarlaryna çenli bolan ýerler Eýrana, onuň kenarlary boýunça Kaspi deňzine çenli bolan ýerler Türk hakanlygynyň gol astyna geçýär.



**Türk balbal, guburdaş heýkeli.**



**Goşa teswirli Çaganiýan latun teňňesi.**

Eftallar döwleti synansoň ýagdaý bütinleý üýtgeýär. Indi öz çäklerini demirgazyk-gündogara tarap giňelden Eýran Amyderýadan tä Siriýa çenli Ýüpek ýolunyň hakyky eýesi bolýar. Uzak Gündogardan Eýrana çenli kerwen ýoluna gözegçiligi öz üstüne alan türkler bolsa Eýran arkaly Wizantiýa bilen göş-göni söwda edip başlady.

## Türk hakanlyngynyň dolandyryşy

Türk hakanlygy naçe uly bolsa-da, hakyky merkezleşen döwlet däldi. Onuň esasy türki dilde gepleýän taýpalaryň ýaranlygyndan ybaratdy. Bu ýaranlyga hakan baştutanlyk edipdir. Hökümdaryň häkimiýeti urug-aýmak däp-dessurlaryna daýanan harby-administratiw dolandyryşa esaslanypdy. Ýurt göçme çarwadarlara we oturymly daýhanlara bölünýärdi. Göçme çarwadar ilata **«budun»** ýa-da **«gara budun»** diýipdirler. Budun öz gezeginde taýpalaryň ýaranlygynyň birleşmesini emele getirýärdi. Oňa “on ok budun” ýa-da iliň häkimi **«ýabgu»** ýa-da **«jabgu»** diýipdirler. Ýabgu derejesine diňe hakan urugyna garyndaş bolanlar göterilipdir. On ok iliň serdary bir tümen (ýagny on müň) atla ýolbaşçylyk edipdir. Şular ýaly harby bölümiň ýolbaşçysyna **«şad»** diýipdirler.

*** Budun – çarwadar ilat**
*** Hakan – beýik hökümdar, patyşa, imperator**
*** Ýabgu hakan – hakan urugyndan bolan ýurt häkimi**
*** Şad – on müň goşunyň serkerdebaşysy**
*** Ýasak – daýhanlardan we maldarlardan alynýan salgyt**

**VI asyr**da Çyrçyk, Zerewşan, Kaşgaderýa we Amyderýa basseýnlerinde *ondan köprak kiçiräk häkimlikler* bardy. Olary syýasy we ykdysady taýdan dolandyrmak işi ýerli dinastiýalaryň hökümdarlarynyň ygtyýarynda galdyrylyp, türkler olardan diňe ýasak pajyny ýygnap almak bilen çäklenipdirler.

## Hakanlygyň bölünip gitmegi

Uly-uly taýpalar ýa-da taýpalar raýanlygy merkezi häkimiýete boýun egmejek bolupdyrlar. Türk hakanlygy-nyň ygtyýarynda bolan ýerlerdäki häkimler özbaşdak bolmagy isläpdirler. Şu faktorlaryň ählisi hakanlygyň özbaşdak merkezleşen döwlete öwrülmegine ýol bermändir.

Boýun egdirilen ýerleri ýerli häkimleriň üsti bilen dolandyr-mak tertibi hakanlygyň barha gowşadypdyr. Onuň üstüne, Wizantiýa, Hytaý, Eýran bilen hemişe dowam eden bäsleşik hakanlykdaky ýagdaýy has-da agyrlaşdyrypdyr. Netijede Türk hakanlygy **VI asyryň 80-nji ýyllary**nyň ahyrlarynda iki bölege - **Gündogar türk hakanlygy**na we **Günbatar türk hakanlygy**na bölünýär. Beýik

türk hakanlygy döredilen il-ýurt Alaý daglarynyň gündogaryndan tä Uzak Gündogara çenli bolan çäkleri, ýagny Gündogar Sibir, Urhun basseýni (Mongoliýa), Demirgazyk Hytaý Gündogar hakanlygyň garamagynda bolupdyr. Bu hakanlygyň paýtagty **Ötukan jülgesi**nde (Mongoliýada) ýerleşipdir. Alaý daglarynyň günbatarynda ýerleşýän ülkeler – Ýedisuw, Gündogar Türküstan, Syrderýa we Amyderýa basseýnleri hem-de olara utgaşyp gidýän çäk Günbatar hakanlyk tarapyndan dolandyrylypdyr, merkezi Ýedisuwda bolupdyr. Günbatar hakanlyk oturymly oazisi we welaýatlary dolandyrmakda, birnäçe bar bolan ýerli dinastiýalary saklap galypdyr. Möhüm ähmiýetli käbir ülkelerde bolsa türk häkimiýetini döretmek maksady bilen hakan maşgalasyna degişli bolan ýokary wezipeli adamlardan bellenipdir.



*** Pugta merkezleşen döwlet — bu ähli çäkleri ýeke-täk hökümdaryň häkimiýeti tarapyndan dolandyrylýan döwletdir**



1. Türk hakanlygy haçan we nirede emele geldi, ony kim esaslandyrdy?
2. Näme maksat bilen Türk hakanlygy bilen Eýranyň arasynda harby ýaranlyk düzüldi?
3. Türk hakanlygynyň Orta Aziýa ýörişi nähili netijelere getirdi?
4. Türk hakanlygy nähili dolandyrylypdyr?
5. Türk hakanlygy haýsy sebäplere görä bölünip gitdi?

## 5-§. GÜNBATAR TÜRK HAKANLYGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Günbatar türk hakanlygy; Ýabgu; Dolandyryş tertibi; Sosial durmuşy; Abruýyň gozgalaňy***

**Hakanlygyň çäkleri we dolandyryş**

Günbatar Türk hakanlygynyň ygty-ýaryna Orta Aziýa we Gündogar Tür-küstanyň bir bölegi degişlidi. **Ýedisuw** onuň mer-kezidi. Günbatar hakanlyk sosial, ykdysady we medeni babatdan Gündogar hakanlykdan düýpli tapawutlanýardy. Gündogar hakanlygyň ilatynyň esasy bölegi göçme çarwadarlardy. Günbatar hakanlygyň ilatynyň uly bölegi bolsa oturymly bolup, olar daýhançylyk, hünärmentçilik we söwda bilen meşgullanýardy.



**VII asyryň birinji çärýegi**nde Günbatar hakanlyk has güýçlendi. Onuň gündogar araçägi Altaýa, günortada bolsa Sind (Hind) derýasynyň boýlaryna çenli baryp ýetdi. Hakan **Tun ýabgu**nyň (618-630) hökümdarlyk eden döwründe dolandyryşyň tertiplerine özgertmeler girizilýär.

Welaýat häkimlerini hakanlygyň edarasy bilen gös-göni baglamak we olaryň üstünden gözegçiligi güýçlendirmek maksadynda ýerli hökümdarlara hakanlygyň **«ýabgu»** ady berilýär.

Netijede olar hakanyň naýybyna öwrülýärler. Şonuň bilen birlikde Orta Aziýanyň, Gündogar Türküstanyň we Toharystanyň özbaşdak häkimlikleriniň üstünden syýasy gözegçilik güýçlendirilýär. Olaryň huzuryna hakanlygyň naýyplary - **tudunlar** iberilýär. Emma häkimiýet ugrunda güýjeýän göreşiň netijesinde Günbatar türk hakanlygy barha gowşaýar.

### Sosial durmuş

Türk hakanlygyna birleşen ilatyň durmuşy-da, hojalygy-da dürlüçedi. Göçme taýpalaryň esasy käri çarwaçylykdy.

Günbatar türk hakanlygyna birleşen ilatyň oturymly bölegi medeni taýdan işeňňir bolup, hakanlygyň sosial we ykdysady durmuşynda öňdebaryjy rol oýnapdyr.

Hakanlykda şäherler we obalar köp bolupdyr. Ilat ekerançylyk, hünärmentçilik we söwda bilen meşgullanypdyr. Türk hünärmentleriniň ýasan şaý-sepleri we ýarag enjamlary köp dürlüligi we iňňän pugtalygy bilen aýratyn tapawutlanypdyr. **Fergana**da we **Sogd**da altyn, mis, demir we simap, **Ilok**da (Elokda) gurşun, kümüş we altyn gazylyp alnypdyr.

Içerki we daşarky söwda işleri hem şäher ilatynyň esasy kärleriniň biridi. Bu ugurda aýratyn-da, **Sogdy**ly söwdagärleriň ýagdaýy gowudy.

**VII asyryň birinji ýarymy**nda Günbatar türk hakanlygy bilen Hytaýyň arasyndaky ykdysady gatnaşyklar has janlanypdy. Şu döwürde Hytaýa dokuz gezek söwda ilçiligi ugradyldy. Diňe **627-nji ýyly**ň özünde **Buhara**dan, **Samarkant**dan, **Iştihan**dan we **Üstruşan**dan (Jyzak we Oradepe welaýatlaryndan) birleşen örän uly söwda kerweni Hytaýa barýar.

VI-VII asyrlarda daýhanlar tarapyndan ýerleri eýelemek prosesi barha güýçlenip, zulum ýokary derejä ýetýär. Ýerden we suwdan mahrum bolup barha garyp düşýän azat ekerançylar

# TÜRK HAKANLYGY





**Afrosiýab. Diwara çekilen surat.**

- kaşowarzlar gurply daýhanlaryň gol astyna düşüp, tabyn kadiwarlara öwrülýärler. Garyplygyň, jebir-sütemiň we daýhanlaryň zulmunyň garşysyna ilat aýaga galmaga mejbur bolýar. Şeýle halk gozgalaňlaryndan biri **585-586-njy ýyllar**da Buharada bolup geçýär. Gozgalaňa hakanlara degişli **Abruý** baştutanlyk edipdir. Gozgalaňyň netijesinde Abruýdan ejir çeken gurply daýhanlar we baý söwdagärler Buhara welaýatyny terk edip, Türküstana we Taraza ornaşýarlar. Olar türk hakanyna ýüzlenip gozgalaňçylara garşy göreşde kömek soraýarlar. Türk hakany **Karaçurin**iň ogly **Şeri Kişwar**yň (Il Arslanyň) ýolbaşçylygynda goşun iberýär. Abruý öldürilip, gozgalaň basyp ýatyrylýar. Kadiwarlar we hyzmatkärler öz hojaýynlaryna gaýtarylyp berilýär.



*** 585–586-njy ýyllarda Buharada Abruýyň baştutanlygynda garyplyga, jebir-süteme we daýhanlaryň zulmuna garşy gozgalaň bolup geçýär. Gozgalaň Şeri Kişwaryň (Il Arslan) goşunlary tarapyndan basyp ýatyrylýar.**

1. Günbatar türk hakanlygynyň dolandyryş ulgamy nähilidi?
2. Gündogar we Günbatar türk hakanlyklarynyň tapawutlary nämelerden ybaratdy?
3. Günbatar hakanlykdaky sosial ýagdaý nähilidi?
4. Näme üçin Buharada halk gozgalaňy boldy?
5. Gozgalaňçylara garşy nähili çäre görüldi?

## 6-§. ÝERLI HÄKIMLIKLERIŇ EMELE GELMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Ýerli häkimlikler; Sogd ihşidleri; Toharystan; Fergana; Çaç; Ilak; Şäher binagärligi***

### Ýerli häkimlikler

V–VII asyrlarda ýurt birnäçe maýda häkimliklere bölünip gidýär. Welaýata we onuň iri şäherlerine daýanan **15-den köprak** özbaşdak häkimlikler emele gelýär.

Bu maýda häkimlikler ilki eftallara, soňra Türk hakanlygyna boýun egen bolsalar-da, emma eftallar hem, türk hakanlygy hem häkimlikleriň içerki işlerine gatyşmandyrlar. Merkezi häkimiýete paç töläp durmak bilen olar özbaşdaklyklaryny belli bir derejede saklap galypdyrlar.

### Sogd

Özbaşdak häkimlikleriň arasynda iň irisi **Sogd ihşidleri** oazis hökümdarydy. Orta asyr döwletleriniň birleşmesiniň düzüminde Sogd işhidleri uly syýasy abraýa eýediler. Bu bileleşikde **Zerefşan** we **Kaşkaderýa** jülgelerinde ýerleşen **Samarkant, Buhara, Keş** oazisleriniň *on bir sany iri mülkleri* birleşdirilipdi. Olaryň her biri öz häkimi, harby hyzmatkärleri we mis pul birligine eýediler. **Samarkant ihşidi**niň köşgünde nesiller ruhunyň hatyrasy ybadathanasy gurlupdy. Her ýylda onda geçirilýän hatyra dabarasynda welaýat hökümdarlarynyň hemmesi gatnaşýardylar. Sogdda ilat gür ýaşaýardy. Sogdylar daýhançylyga we bagdarçylyga, aýratynda üzümçilige ökdediler. Maldarçylykda Sogdyň gissar goýunlary we tülparlary has meşhurdy.

Sogdyň şäherleri şol döwürde hünärmentçiligiň merkezine öwrülipdi. **718-nji ýyl**da sowgat hökmünde Samarkantdan iberilen şlemden (demir papakdan) nusga alyp, Hytaý ýaragçylary goşunyny demir papaklar bilen üpjün edipdirler. Sogdyň daglaryndan altyn, latun, naşatyr we daş duzy gazylyp alynardy.

### Toharystan

Az-kem garaşsyz häkimlikleriň birnäçesi **Toharystan**da ýerleşýärdi. Olar 27 sany dag we dagetek welaýatlardan ybaratdy. Balh şäheri Toharystanyň paýtagty bolupdyr.

Toharystan ilki eftallar, soňra Türk hakanlygy tarapyndan boýun egdirilýär. Çeşmelerde ýazylyşyna görä, Toharystanyň





**Warahşa. Diwara çekilen surat.**

ilaty budda dinine ynanypdyr. Olarda 25 harpdan ybarat ýazuw bolupdyr.

Toharystanyň ilatynyň esasy bölegi oturymly daýhançylyk bilen meşgul bolupdyr. Toharystanda, aýratyn-da, ýarag bejermek ösüpdir. Häzirki Günorta Özbegistany we Täjigistany, Demirgazyk Owganystany öz içine alýan bu taryhy welaýat demirgazykda Gissar daglary, günortada Hindiguş, günbatarda Murgap we Gerirud jülgesi, gündogarda Pamir bilen araçäkleşýär. Toharystan ady **mil.öň II asyr**da Grek-Baktriýa döwletini ýykan çarwa taýpa – *ýueçžiler*iň adyndan alnypdyr. Toharystan Hindistan, Ýakyn we Uzak Gündogar ýurtlary bilen söwda-medeni gatnaşylary ýola goýup, özüniň teňňelerini içki söwda dolanyşygyna girizipdir. Toharystan Merkezi Aziýada *budda* we *monizm* dinleriniň ýaýramagynda we ösmeginde möhüm rol oýnapdyr.

### Fergana

**Fergana**nyň hökümdarlaryna **«ihşidler»** diýlipdir. Ferganany ýerleri iňňän hasylly bolupdyr, ilat daýhançylyk bilen güzeran görüpdir, gowaça we şaly ekipdir. **Kasan, Ahsikat** (Huşkat) we **Kuwa** (Kuba) ýaly iri merkezi şäherlerde hünärmentçiligiň dürli ugurlary ösüpdir. Bu ýerde öndürilen önümleriň hyrydary içerki we daşarky bazarda gaty köp bolupdyr. Goňşy ýurtlara boýag, reňkli çüýşe önümleri we däri-dermanlar çykarylypdyr.

Fergana jülgesinde oturymly ilat bilen bir hatarda çarwadarlar hem ýaşapdyr. **Kurama** we **Garamazar** daglarynyň eteklerinde gadymdan gylýalçylyk bilen meşgullanylypdyr. Bu diýarda ýetişdirilýän tülpar atlaryň meşhurlygy dünýä ýaýrapdyr.

## Çaç we Ilak

**Çyrçyk** we **Ahangaran** jülgelerinde iki sany häkimlik bolupdyr. Olar çeşmelerde **Çaç** we **Ilak** mülkleri diýen at bilen agzalýar. Çaçyň merkezi **Çaç** şäheri bolup, onuň hökümdaryna **«tudun»** diýlipdir. Ilakyň merkezi **Tunkat**, hökümdaryna **«daýhan»** diýipdirler. V asyrda olar Eftallar döwletine, VI asyrda bolsa Günbatar türk hakanlygyna boýun egipdirler.

VII asyryň ilkinji çärýeginde bolsa Günbatar türk hakanlygynyň hökümdarlyk karargähi Çaç welaýatyna göçürilýär. Hökümdar we şazadanyň aýaly üçin **Ýabgukat** we **Hatunkat** ýaly özboluşly karargähler gurulýar. *Çaç tuduny* we *Çaç tegini* ýazuwlary çyzylan teňňeler zikgelenipdir. Teňňeleriň ýüz tarapynda hökümdaryň suraty, arkasynda at ýa-da buýra guýrukly bars ýa-da gaplaňyň suraty, käwagtlar dinastiýanyň öz möhüri basylypdyr. Käbir teňňelerde bolsa, hatda hökümdaryň ýanynda aýalynyň hem suraty çekilipdir. Bular ýaly goşa surat, şübhesiz gadymy türk döwletçiliginde, hökümdaryň aýaly — **hatun** ýagny wezirlik derejesine eýe bolup, döwleti dolandyrmaga işjeň gatnaşandygyny delillendirýär. Köşkde ol hakandan soňky orny eýeläpdir.

Günbatar türk hakanlygy, şeýle hem, onuň iri oturymly welaýatlaryndan hasaplanan Çaç ülkesi özüniň teňňe pullar ulgamyna eýe bolupdyr.

Çaç we Ilak köp pudakly hojalyga eýe bolup, suwarymly ekerançylyk, maldarçylyk, hünärmentçilik, gönçülik, içeri we



**Çaç teňňesi. VII asyr.**



**Sütüniň astynda duran şekiller teswirlenen ossuariý (Ostadon). VI–VII asyrlar.**

daşary söwda ýokary derejede ösüpdir. Çaçyň we Ilagyň daglary altyna, kümüşe, reňkli magdanlara, demre we dürli reňkde öwsüp duran çakmak daşlara baýdy.

Kerwen ýolunyň şu ülkäniň üstünden geçmegi Çaçyň we Ilagyň içeri we daşary söwdasynyň ösmegine, şäherleriň ilatynyň artmagyna mümkinçilik berýär.

### Dolandyryş edarasy

Irki orta asyrlarda Orta Aziýanyň häkimliklerinde belli bir tertipdäki dolandyryş edarasy emele gelipdi. Dolandyryş edarasynyň esasy wezipesi raýatlardan paç, salgyt we ýasaklary öz wagtynda ýygnap almakdan, olary jemgyýetçilik işlerine ugratmakdan ybarat bolupdyr. Girdeji we çykdajylar anyk we aýdyň bellenilip, resmileşdirilipdir. Olar barmak basylyp, hatda möhur bilen tassyklanyp goýlupdyr.

### Şäher binagärligi

V–VII asyrlarda Orta Aziýada, bir tarapdan, ýer eýeçilik gatnaşyklarynyň ornaşdyrylmagy we onuň pugtalanmagy, ikinji tarapdan, göçme çarwadarlaryň dyngysyz gelip durmagy we oturymlaşmagy şäher we obalaryň keşbine we ilatyň ýaşaýyş terzine düýpli täsir edýär. Ekerançylyk meýdanlary giňelip, oazisleriň suw üpjünçiligi düýpli gowulanýar. Dag eteklerindäki ýerlere suw çykarylyp, täze ýerler özleşdirilýar. Şäherleriň ilatynyň sany artýar. Obalarda **«köşk», «köşk-gala», «kurgan»,** we **«kurgança»** atlary bilen meşhur bolan berkidilen ýaşaýyş jaýlary bina edilipdir.

Berkidilen köşk-galalar, kurganlar we köşkler esasan daşky duşmanyň hüjümine garşy goranyş desgasy, çokarlaryň ýygnanýan ýeri, edara ediş merkezi hem-de ýarag we azyk saklanýan ammarlaryň wezipesini ýerine ýetiripdir.

Orta asyrlarda şäherler üç bölekden ybarat bolupdyr. Olar «kohandiz(ark)», *«şähristan»* we *«rabat»* diýlip atlandyrylypdyr. Şäherleriň her üç bölegi aýratynlykda diwar bilen gurşalypdyr. Olaryň birnäçe derwezeleri bolupdyr. Şäheriň diwarlarynyň eteginden akyp geçen anhor handek wezipesini ýerine ýetiripdir. Orta asyrlarda ýaşan arap awtorlarynyň (*Ibn Hawkal we Iştarhiý*) belleýşi ýaly, diňe bir Binkatyň (Daşkendiň) ýigrimi iki sany derwezesi bolupdyr.

*** Kuhandiz (ark) – şäher häkiminiň köşgüniň ýerleşýän bölegi**
*** Rabat – şäheriň daşky bölegi**
*** Ihşit – welaýat häkimi**
*** Şähristan – şäheriň içki bölegi**

**1.** Sogd ihşidligi hakynda aýdyp beriň.
**2.** Toharystan haýsy çäkleri öz içine alypdyr?
**3.** Ferganada bar bolan iri şäherleri aýdyp beriň.
**4.** Çyrçyk we Ahangaran jülgelerine haýsy häkimlikler bardy?
**5.** Orta Aziýanyň häkimliklerinde dolandyryş edarsynyň esasy wezipesi nämelerden ybarat bolupdyr?
**6.** Orta asyrlarda şäherler näçe bölekden ybarat bolupdyr we olar nähili atlandyrylypdyr?

## 7-§. VI–VII ASYRLARDA MEDENI DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Ýazuw; Dini ynançlar; Sungat; Saz***

### Ýazuw

Şu döwürde Sogdyň, Horezmiň we Toharystanyň ilatynyň özleriniň aýry-aýrylykda ýazuwlary bolupdyr. *Sogd* we *horezm* ýazuwlary gadymy *aramy ýazuwy*nyň esasynda peýda bolupdyr. *Tohar ýazuwy* bahtar ýazuwynyň esasynda şekillenipdi. Hat, resminama we käbir habarlar ýaly namalar esasan teletine, agaja, toýuna ýazylypdyr. Kagyza ýazylanlary seýrek duş gelýär. Çünki kagyzyň bahasy diýseň gymmatdy. Käbir ýazgylar bolsa hatda patyşanyň köşkleriniň we ybadathanalaryň diwarlaryna hem ýazylardy. Olaryň arasynda ilçilik hatlary, hojalyk girdejileri we çykdajylary, ýuridik şertnamalar, astronomik resminama, taryhy ýatlamalar hem-de dini ynançlar ýazylan seýrek golýazma tapyndylary bar. Biziň günlerimize çenli saklanyp galan *sogd ýazuwlary*na Penjikentiň golaýyndaky **Mug galasy**nda, Gündogar Türküstandaky **Turfan şäheri**niň ýakynynda, Samarkandyň gadymy harabasy **Afrasiýab**da duş gelnip öwrenilipdir.

Olarda Sogdyň syýasy taryhy, hukuk we kanunlary, ykdysadyýeti we dini ynançlary hakynda möhüm maglumatlar getirilýär.



Sogd ýazuwy.

Sogdda erkek oglanlar bäş ýaşyna dolandan soň ýazmagy we hasaplamagy öwrenipdirler. Soňra olar 20 ýaşandan soň söwda işlerini öwrenmek üçin daşary ýurtlara gidipdirler.

Şeýle hem gök **türk run** (gök türk) haty-da ulanylypdyr. Türkleriň bu ýazuwy biri beýlekisine utgaşyp gidýän 38-40 harpdan ybarat bolupdyr. Ol daşa we agaja oýup ýazmak üçin amatly bolupdyr. Gadymy *gök türk ýazgylary* (**Kultegin** we **Bilge hakan**yň ýazgylary) Altaýdan we Gündogar Türküstandan başga-da, Ýedisuw, Fergana we Zerewşan jülgelerinden tapylyp, öwrenilipdir. Olar mazar daşlaryna, toýun we metal predmetlere, agaja hem-de teňňe pullara ýazylypdyr.



*** Irki orta asyrlarda ýurdumyzda sogd, horezm, tohar we türki run (göktürk) ýazuwlary bolupdyr.**

## Dini ynançlar

V–VII asyrlarda *zarduştylyk, budda, hristian, maniheýçilik* we *kam* (porhan, şamançylyk) ýaly birnäçe ýerli we başga ülkelerden girip gelen dinler bolupdyr. Ilatyň köpüsi *zarduştylyk* dinine uýupdyr.

Samarkant welaýatynyň **Urgut tümeni** diňe bir Sogdyda däl, eýsem tutuş Orta Aziýada *hristiançylygyň* merkezlerinden biri hasaplanýardy. Irki orta asyrlarda Orta Aziýa halklarynyň aňyýetinde *maniheýçilik* dini hem ep-esli çuň kök urupdy. Maniheýçilik dininiň taglymatyna görä, dünýäniň başlanyşy iki sany gapma-garşy ýaradyjydan - *güneşden* we *haýyr işler*den hem-de *garaňkylyk*dan we *ýowuzlyk*dan ybaratdy. **Ybadat, oraza tutmak** we **sadaka bermek** maniheýçilik dininiň daýanjy hasaplanypdyr.



**Kuwa. Buddizm ybadathanasyndan tapylan heýkeliň kelle bölegi.**

Türk hakanlygynyň çarwadar ilaty gadym döwürlerden *şamanlyk* dinine uýup gelipdir. Bu din jana we ruhlara,

ata-babalaryň ruhuna sygynmak ygtykadyny terbiýeläpdir. Gadym türkler öz dinine **«kam»** diýipdirler. Çünki olarda **«şaman»** diýen söz bolmandyr. Bu din älemi ýokdan bar eden *«Gök Taňra»* ynanan ýeke hudaýlyk dini hasaplanýar. Göçme çarwadar ilat Taňra bagyşlap däp-dessurlary geçiripdirler, gurbanlyk beripdirler. Meselem, Gök Taňrynyň şanyna gurbanlyk üçin maňlaýynda ak sekili bolan gara at soýupdyrlar.



*** Arkan — dindäki iň möhüm wezipe, söýget, dolandyryş.**
*** Kam-şaman — Gök Taňra uýýan ýeke hudaýlylyk dini.**

## Sungat

Şekillendiriş sungatynyň **suratkeşlik** we **heýkeltaraşlyk** ýaly birnäçe ugurlary ösüşe eýe boldy. Surhan oazisinde **Balalykdepe** we Zerewşan jülgesinde **Penjikent, Warahşa** we **Afrasiýab**, Fergana jülgesinde **Kuwa** harabaçylyklaryndan we beýleki ýadygärliklerden tapylyp öwrenilen *diwary suratlar, heýkeller* we *genç nagyşlary* şol döwrüň ýokary sungat eserlerinden hasaplanýar. Diwarlara çekilen teswirler şol döwrüň iňňän çylşyrymly durmuşyndan, dini ynançlaryndan we daşary ýurtlar bilen alnyp barylan gatnaşyklar hakynda gürrüň berýän çeşme hem bolup durýar.

Heýkeltaraşlygyň ösmegine aýratyn-da, budda dini güýçli täsir edipdir. Fergana jülgesinde Kuwadan hem-de Korgandepäniň golaýyndaky Ejine-depeden buddanyň äpet heýkelleri tapylyp öwrenildi. **Ejinedepe**den tapylan **budda**nyň heýkeliniň boýy 12 metre ýetýär. Şu döwürde agaja oýup çeper nagyş goýmak sungaty ösüpdir.

Irki orta asyrlarda gençkärlik sungatynyň seýrek ýadygärliginiň nusgalary Warahşa tapyndylary arkaly öwrenildi. Dürli geometriki şekiller, miweli agaçlaryň we ösümlikleriň oýulyp çekilen nagyşlary, aw awlanylýan pursat Buhara hökümdarlarynyň Warahşadaky karargähiniň haşamly diwarlaryny bezäpdir.



**Warahşa. Gençkär Humaý guşy. VI–VII asyrlar.**



## Saz sungaty



**Aýrytam. Arfa (çiltar) çalýan gyz.**

Orta Aziýada *saz, tans, aýdym, masgarabazlyk* we *darbazçylyk* ýaly sungatyň dürli ugurlary hem ösüpdi. Şu döwürde *Buhara masgarabazlary, Samarkant naýçylary, Daşkent oýunçy ýigitleri* we *tansçy gyzlary* bilen şöhrat gazanypdy.

Çaçyň tansçy ýigitleriniň ýerine ýetiren meşhur **«Çaç tansy»** ýa-da deprek çalyp um bilen eginlerini oýnadyp ýerine ýetirýän ajaýyp **«Deprek tansy»** Hytaý sanowniklerini haýran galdyrypdyr. Diňe Buharanyň özünde hünärment ussalar saz gurallarynyň ondan gowrak görnüşini ýasapdyrlar.



1. Ilat nähili ýazuwlardan peýdalanypdyr?
2. Sogdyda sowat öwrenmäge islegiň güýçli bolanlygyny nämelerden bilmek bolýar?
3. Ilat haýsy dinlere ynanypdyr?
4. Maniheýçilik dininiň taglymaty, onuň arkanlary nämede öz beýanyny tapypdyr?
5. VI-VII asyrlardaky şekillendiriş, saz sungaty, heýkeltaraşlyk sungaty hakynda aýdyp beriň.

**Özbaşdak iş.**

Dersligiň tekstinden peýdalanyp jedweli dolduryň.

| Ýazuwlary | Haýsy ýazuw esasynda şekillenipdir | Sungat görnüşleri | Haýsy çäkden tapylypdyr |
|---|---|---|---|
| Sogd | | | Penjikent |
| Horezm | | | Warahşa |
| Tohar | | | Afrasiýab |
| Göktürk | | | Kuwa |



## II B A P
## ORTA AZIÝANYŇ ARAPLAR TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGY. HALK GOZGALAŇLARY (VII–VIII asyrlar)

### 8-§. YSLAM DINI WE ARAP HALYFATLYGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Yslam dini; Horasan; Mawerannahr; Mawerannahryň basylyp alynmagy***

**Yslam dininiň emele gelmegi**

Arabystan ýarymadasyndaky araplar gadymdan dagynyk ýaşapdyrlar. VII asyryň başlarynda Arabystanda bir bitewi ynanç esasynda ýurdy birleşdirmek hereketi başlandy. Bu beýik ynanç ýeke hudaýlyga esaslanan yslam dinidi.

*** Yslam — «boýun egmek», «uýmak», «özüni Allanyň ygtyýaryna bermek» diýen manylary aňladýar.**

Allanyň resuly (ilçisi) Mekge şäherinde doglan **Muhammet** (s.a.w. - sallalohi aleýhi wasallam) **binni Abdullah** (570–632) bu herekete ýolbaşçylyk edýär. Yslamy kabul edip resulallahyň yzyna düşüp oňa eýerijilere *«muslim»* (musulmanlar) diýipdirler. Olar ynsanlaryň hemmesiniň Hudaýyň öňünde deňligini, hemmeleriň ryzkyny Ýaradyjynyň özüniň ýetirýändigini hem-de jemgyýetdäki adalatsyzlygyň ýok bolmagynyň hakdygyny wagyz edýärler. Yslamyň baýdagynyň astynda **Mekge** şäherinde başlanan yslam dinini wagyz etmeklik **Medinä** geçýär. **Muhammet** (s.a.w.) **630-njy ýyl**da araplary bir bitewi döwlete birleşdirýär.

**Muhammet** (s.a.w.) aradan çykandan soň, onuň iň ýakyn egindeşi **Abu Bekr** (632–634) **halyf** (orunbasar) diýlip yglan edilýär. Arap taýpalarynyň yslamy kabul edip, syýasy babatdan bir bitewi häkimiýete birleşmeginde, yslamyň dünýä dinlerinden birine öwrülmeginde yslamyň dogmalaryny, hukuk we ahlak kadalaryny öz içine alan **Gurhan**yň ähmiýeti iňňän uly boldy.

**Müsür, Siriýa, Palestina, Yrak, Eýran** ýaly köp ýurtlary boýun egdirenden soň, ummasyz oljalara eýe bolan Arap halyfatlygy harby ýörişlerini biziň ülkämize gönükdirdi.

**651-nji ýyl**da araplar söweşsiz **Merw** şäherini eýelediler. Soňra häzirki Owganystanyň demirgazygy, Eýranyň demirgazyk-gündogar bölegi hem-de Günorta Türkmenistandan tä Amyderýa çenli bolan ýerler basylyp alynýar. Araplar bu ýerlere **Horasan** diýip at berýärler. Onuň merkezi **Merw** şäheridi. Bu welaýaty dolandyrmak üçin ýörite naýyp bellenilip, ol Merwde bolýardy. Araplar bu ýerde ornaşandan soň, Amyderýadan demirgazykda ýerleşen baý welaýatlary hem basyp almaga taýýarlyk görüp başlaýarlar. Araplar ol ýerleri **Mawerannahr**, ýagny ***«derýanyň aňry tarapy»*** diýip atlandyrýarlar.

**Mawerannahra tarap ýörişler**

Araplar deslap Mawerannahra ony basyp almak üçin däl-de, eýsem harby babatdan taýýarlyk görmek, ýerli hökümdarlary synamak maksady bilen ýöriş edýärler. Mawerannahra ilkinji ýörişler **654-nji ýyl**da **Maýmurg**dan we **667-nji ýyl**da **Çaganiýan**dan başlanýar.

Çeşmelerde bellenişi ýaly, bu döwürde Horezm araplar tarapyndan iki gezek talanypdy.



**Paýkent. Rabatyň çyzgysy (plany). VII asyr.**

*Narşahy*nyň ýazmagyna görä, 673-nji ýylyň güýzünde halyf **Muowiýa I** (661–680) permany bilen **Ubaýdullah ibn Ziýad** Amyderýadan geçip, Buharanyň ýerlerine çozup girýär. **Paýkendi** we **Romitany** eýeläp, Buhara hökümdarynyň goşunyny ýeňýär we öz peýdasyna ýaraşyk baglaşyp, bir lek (ýüz müň) dirhem möçberinde paç ýygnaýar. Araplar paçdan daşary dört müň ýesir, ýarag, geýim-gejim, altyn we kümüş zatlardan

ybarat köp oljalar bilen **Merw**e gaýdýarlar. Ýol ugruna araplar **Termiz** şäherini eýeleýärler.

*** Arap halyfatlygy – ähli häkimiýet Muhammediň (s.a.w.) orunbasarlary (halyfalar) elinde jemlenen döwlet**

**Mawerannahryň basylyp alynmagy**

**VIII asyryň başlary**nda araplar Mawerannahry üzül-kesil basyp almaga girişdiler. **704-nji ýyl**da **Kuteýba ibn Muslim** Horasana naýyp bellenilýär. Kuteýba harby ýörişini **705-nji ýyl**da Balh welaýatynyň etraplaryny basyp almakdan başlaýar. Tiz wagtdan Çaganiýanyň häkimi söweşsiz boýun egýär. **707-nji ýyl**da Kuteýba uly goşun bilen **Paýkendi** gabaýar. *50 günlük* gabawdan soň Paýkent eýelenýär we elinde ýarag götermäge ukyby bolan erkekleriň ählisi gyrylyp taşlanýar, şäher weýran edilýär. Soňra Kuteýbanyň goşuny Buhara tarapa ugraýar. *Narşahynyň ýazmagyna görä*, Buharhudatlaryň häkimiýetiniň çägi 12 sany iri korgan we käbir şäherlerden ybaratdy. Bu döwürde oazisde hökümdar hakanyň täçli şekili, aşagynda *«Buharhudat»* diýen ýazuw bilen zikgelenen kümüş dirhem dolanyşykda bolupdyr. Döwleti **Tugşada** (692–724) dolandyrypdyr. Buharalylar her ýyl halyflyga paç tölemäge we jaýlarynyň bir bölegini araplara boşadyp bermäge mejbur edilýär.

Kuteýba zarduştylaryň Buhara şäheriniň merkezinde ýerleşen ybadathanasyny juma metjidine öwürýär. Sogdy dilinde we elipbisinde ýazylan hatlar ýok edilýär. Ýerli ilatyň yslam dinini kabul etmegi üçin çalyşýar. Şu maksat bilen metjide gelip ybadat edýänler üçin iki dirhemden pul sowgat beriljekdigini yglan edýär.

**710-njy ýyl**da Kuteýba **Nagşaby** we **Keşi** basyp alyp, Samarkanda hüjüm etmek üçin taýýarlyk görýär. Emma Horezmde başlanan içki gapma-garşylyklaryň netijesinde ýüze çykan amatly pursat Kuteýba Sogdy ýerlerini basyp almagyny biraz yza çekdirip, Horezme gönükdirýär. Çünki Horezm şasy **Çagon** inisi **Hurzad**yň baştutanlygynda başlanan halk gozgalaňyndan gorkup, **711-nji ýyl**da kömek sorap Kuteýba ýüz tutýar. Hurzad



**Buharhudatlar dirhemi. VIII asyr.**

çym-pytrak edilip, duşmanyň eli bilen öldürilse-de, Horezmşa mundan hiç hili utuş gazanmady. Tersine, ol öz garaşsyzlygyny elden giderip, araplara paç tölemäge mejbur bolýar. Onuň goşuny bolsa Kuteýbanyň harby ýörişlerine gatnaşmaga mejbur edildi.

Kuteýbanyň basybalyşyndan soň **Horezm** diýary demirgazyk we günorta böleklere bölünýär. Onuň demirgazyk bölegi **Gurgenj** (Köne Ürgenç) miri, günortasy bolsa **Horezmşalar** dinastiýasy tarapyndan dolandyrylypdyr. Olaryň ikisi-de halyfalyga gös-göni boýun egip, hersi aýry-aýry hyraç töläpdir.

**712-nji ýyl**da Kuteýbanyň goşunlary **Samarkanda** ýöriş edýär. Şu döwürde ihşid **Tarhun** tagtdan agdarylyp, onuň ýerine **Kurak** (710–737) Sogda patyşa edilip, tagta çykarylypdy. Kurak araplaryň garşysyna ýadawsyz göreş alyp bardy. Emma güýçler deň bolmanlygy üçin Samarkant boýun egýär. Kurak bilen Kuteýbanyň arasynda ýaraşyk baglaşylyp, araplara bir gezekde 2 müň, her ýylyna bolsa 200 müň dirhem hasabyndan paç tölemek, 30 müň adam bermek, şäherde ýeke esger hem saklamazlyk, içki şäheri araplara boşadyp bermek, metjit gurmak ýaly şertleri berjaý etmäge mejbur edilýär. Şularyň öwezine Kuteýba Kuragy *Samarkanda, Keşe* we *Nagşaba* häkim belledi. Şeýlelikde ol halyfalyga bakna bolup galýar.

*** Narşahy (899–959) – taryhçy alym. Buharanyň Narşah obasynda doglan. «Buharanyň taryhy» atly eserini ýazyp galdyrypdyr.**
*** Emir (arapça – «buýrujy», «başlyk», «häkim») – serkerdebaşy, häkim, bek. Arap halyfalygynyň ilkinji halyfalary we ummawiler döwründe aýratyn goşun baştutanlary emir diýlip, olar adatda zabt edilen welaýatlara naýyp bellenilipdirler.**
*** Fath (arapça) – «eýelemek», «zabt etmek», «basyp almak» manysyny berýär.**

### Çaçyň we Fergananyň eýelenmegi

**713-nji ýyl**da Kuteýbanyň goşunynyň bir bölegi **Çaç welaýaty**na, özüniň baştutanlygyndaky esasy güýçleri bolsa **Fergana jülgesi**ne tarap ýola düşýär. Çaç oazisi basylyp alnyp, onuň paýtagty **Madinat aş-Şaş**, örän köp galalar we kurganlar hem-de obalar ýakylyp, weýran edilýär. **715-**

**nji ýyl**yň başynda bolsa Fergana jülgesini doly eýeläp **Kaşgar**a çenli barýar. Ähli welaýatlara araplardan emirler bellenilýär. Emma Kuteýba halyf **Süleýman**a garşy pitne turzandygy üçin Ferganada arap esgerleri tarapyndan öldürilýär.

1. Yslam dininiň nähili emele gelendigi hakynda aýdyp beriň.
2. Araplar Mawerannahry basyp almakdan nähili maksady göz öňünde tutupdy?
3. Paýkendiň gabalyşy we onuň boýun egdiriliş barada aýdyp beriň.
4. Buharanyň basylyp alnyşy we ilatyň yslamy kabul edişi hakynda näme bilýarsiňiz?
5. Horezm halyfalyga nähili tabyn edildi?

## 9-§. MAWERANNAHRYŇ BASYLYP ALNYŞYNYŇ YKDYSADY WE RUHY NETIJELERI

**Daýanç sözler:** ***Basybalyşlaryň netijeleri; Salgytlar; Yslama çagyryş***

**Ykdysady netijeler**

Halyfat ülkäni basyp alanlarynda abadan daýhançylyk oazisleriniň ählisini diýen ýaly basgyladylar, örän köp şäherleri we obalary otlap weýran etdiler. Suw desgalary ýumruldy. Ekin meýdanlary suwsuzlykdan gurap galdy. Basylyp alnan şäherleriň we obalaryň ilatyndan köp mukdarda altyn, kümüş, gymmatbaha zatlar we köp ýarag zor bilen alyndy. Ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolan **Buhara, Paýkent** we **Sogd** hökümdarlaryndan köp mukdarda paç we öwez puly ýygnalyp alyndy. Halyfalyk ýerli ilatdan ýaş ýigitleriň müňlerçesini öz goşunlaryna aldylar.

Basybalyjylar harby güýje daýanyp, olar ilatdan dürli salgytlar ýygnap alyp, ilaty her dürli işlerde mejbury işlemäge çekipdirler. **Merw, Paýkent, Buhara** we **Samarkant** ýaly şäherlerde şähristan ýa-da ondaky jaýlaryň deň ýarysy araplara we olar bilen bile gelen adamlara boşadylyp berlipdir. *«Hyraç», «hüşür», «zekät», «jizýa»* ýaly salgytlar girizilýär.

**Yslamy wagyz etmek**

Araplar Mawerannahrda ornaşdyrylan syýasy häkimiýeti berkitmek we onuň berkararlygyny üpjün etmek üçin yslam dinini ýaýratmaga aýratyn ähmiýet beripdirler. Şol sebäpli

*** Jizýa – Yslamy kabul etmedik ilatdan alynýan jan salgydy**
*** Zekät – ähli emlägiň 1/40 bölegi möçberinde alynýan salgyt**
*** Hyraç – hasylyň 1/3 bölegi möçberinde alynýan ýer salgydy**
*** Üşr – edara işleri üçin girdejiniň 1/10 möçberi hasabynda alynýan salgyt**

Mawerannahryň ilatynyň köp böleginiň esasy dini hasaplanýan otparazlyga we beýleki dinlere garşy düýpli göreş alyp barýarlar. Ybadathanalar weýran edilip, olara edilip, olara derek juma metjitleri gurulýar.

**Ilaty yslama çekmegiň ýollary**

Yslam dinini kabul edip, musulman bolan ýerli ilatyň wekilleri ilkinji ýyllarda hyraç we jizýa salgytlaryndan azat edilipdir. Yslamy kabul etmediklerden bolsa jan başyna *«jizýa»* salgydy öndürilip alnypdyr. Salgytlary öz wagtynda tölemedik adamlar tutulyp, olaryň boýnuna *«karzdar»* diýlip ýazylan tagtajyklar asylyp goýlupdyr. Bular ýaly çäreleriň elbetde Mawerannahryň ilatynyň arasynda yslam dininiň ýayramagyna ýardam eedýär. Emma şeýle bolsa-da, yslamy kabul eden ilatyň köpüsi il gözüne musulman bolup uzak wagtlap gizlin ýagdaýda öz dinine we ygtykadyna wepaly bolup galýardy.

Halyfat tarapyndan Mawerannahryň basylyp alynmagynyň netijesinde ýerli halkyň urp-adaty, dini ygtykady, gadymdan bäri ösüp ýokary derejä ýeten medeniýeti aýak astyna taşlandy. Ýerli sogd ýazuwynda ýazylan dini we dünýewi kitaplary, ylmy eserleri we gymmatly resminamalary hem-de butlary oda ýakyp ýok etdiler. Kuwadaky budda ybadathanasyndaky dürli heýkelleriň döwülip taşlanmagy, Afrasiýabdaky köşgüň diwarlaryna çekilen suratlaryň, aýratyn-da adam suratlarynyň gözleri oýulyp, boýunlarynyň gylyç bilen çyzylmagy munuň aýdyň mysalydyr.

1. Ýerli ilaty yslama çekmekde halyfat nähili ýollardan peýdalandy?
2. Halyfat Mawerannahrda nähili salgylary girizdi?
3. Basyb alyşlar ýerli medeniýete nähili täsir etdi?
4. Halyfat basybalyşlary nähili netijelere getirdi?

## 10-§. HALYFATA GARŞY HALK HEREKETLERI

**Daýanç düşünjeler:** ***Halkyň närazylygy; Kuragyň we Diwaştiçiň gozgalaňlary; Maliýe özgertmeleri; Ummawylar***

**Gozgalaňyň sebäpleri**

Halyfatyň talaňçylykly syýasaty ýerli halky ähli hak-hukuklardan mahrum etdi. Medeniýetiň depelenmegi, zulum hem-de arap diliniň we ýazuwynyň, halyfatyň kada-kanunlarynyň zorluk bilen ornaşdyrylmagy netijesinde ýerli halkyň arasynda närazylyk barha güýçlenip, gozgalaňlaryň başlanmagyna sebäp boldy.

Halyf **Umar ibn Abduleziz** (717–719) çylşyrymly ýagdaýy göz öňünde tutup boýun egdirilen ýerli halklar bilen ylalaşmak syýasatyny ýola goýmaga mejbur boldy. Ol *mundan beýläk täze ýerleri basyp almagy bes etmek* we *maliýe özgertmesini* geçirmek hakynda perman çykarýar.

Permana laýyklykda musulman araplar bilen bir hatarda yslamy täze kabul eden ýerli halklardan *hyraç* we *jizýa* salgytlaryny almak ýatyryldy. Ýöne Mawerannahryň asylzadalarynyň köpüsi özüni hakyky musulman diýip hasaplap, salgyt tölemeýärler. Soňra halyfatlygyň edarasy bir gezek hemmeden jizýa salgydyny almak hakynda buýruk berýär. Netijede Mawerannahrda köpçülikleýin yslamdan çykmak we ozalky dinlere gaýdylyp başlanýar. Şunuň netijesinde ýerli mülkdarlar bilen arap wekilleriniň arasyndaky garşylyklar ýitileşip, tutuş ýurtda basybalyjylara garşy halk gozgalaňlary başlanýar.

**Gozgalaňlaryň başlanmagy**

Şular ýaly gozgalaňlaryň biri **720-nji ýyl**da Sogdda başlanýar. Gozgalaňa *Sogdyň ihşidi* **Kurak** we *Penjikendiň häkimi* **Diwaştiç** baştutanlyk edýärler.

Sogdylylara kömek bermek üçin **Ýedisuw**dan türk leşgerleri gelýär. Sogddaky ähli häkimlikleriň ilaty aýaga galýar. Gozgalaňçylaryň birleşen güýçleri araplara berk zarba urýarlar. Diňe käbir şäherleriň we galalaryň içinde gabawda galan arap basybalyjylary öwez puluny töläp we ynamdar wekillerini gozgalaňçylara girew berip jan saklaýarlar.

*** Özgertme — bar bolan tertibi üýtgetmek**
*** Perman — kanun güjüne eýe bolan buýruk**

**721-nji ýyl**da **Said Haraşy** Horasana naýyp bellenýär. Oňa sogdylaryň gozgalaňyny basyp ýatyrmak we ilaty yslama gaýtaryp getirmek wezipesi tabşyrylypdy. **Hojent**de bolan söweşde gozgalaňçylar ýeňilýär. Said Haraşy Mawerannahryň şäher we obalarynda jeza çärelerini güýçlendirýär. Emma gozgalaňy doly basyp ýatyrmagyň hötdesinden gelmeýär.

**Gozgalaňçylara eglişik edilmegi**

Mawerannahryň ilatyny rahatlan-dyrmak we araplaryň häkimiýetini pugtalandyrmak maksady bilen Horasanyň naýyby **Aşros** yslam dinini kabul edenlerden *hyraç* we *jizýa* salgytlaryny almazlygy karar edýär. Bu ilaty rahatlandyrmak üçin görülen wagtlaýyn çäredi. Aristokrat daýhanlaryň köpüsi öz çokarlary we kadiwarlary bilen gaýtadan yslamy kabul edip, araplaryň tarapyna geçýärler.

Horasanyň täze naýyby **Nasyr ibn Saýýar** (738–748) ýurtda öz ýagdaýyny pugtalandyrmak maksady bilen *maliýe özgertmesi*ni geçirdi. Yslamy täze kabul edenler jizýadan boşadyldy. Ähli musulmanlar hukuk taýdan deňleşdirildi. Ýer eýesiniň ygtykadyna garamazdan, hyraç tölemek hökmany diýlip bellenilýär.

Ýokary mertebeli arap leşgerbaşylary bilen mülkdar daýhanlaryň arasyndan gan-garyndaşlyk gatnaşyklarynyň ornaşdyrylýar. Şol bir wagtyň özünde özi görelde görkezip, Buharhudatyň gyzyna öýlenýär. Şeýle syýasatyň netijesinde araplar bilen ýerli aristokratlaryň arasynda belli bir derejede ýaranlyk emele gelýär. Emma bu azatlyk ugrundaky alnyp barylýan halk herekerini togtadyp bilmeýär. Mawerannahr halyflykdaky iň ynjalyk bermeýän we gozgalaňçy ülkelerden biri bolmagynda galýar.

**VIII asyryň 40-njy ýyllary**nda halyflykda tagt ugrundaky göreş güýçlenýär. Muhammet pygamberiň doganoglany Apbasyň çowlugy **Muhammet ibn Aly** halyflyk ugrunda göreşe başlaýar. *Ummawylar* Muhammediň (s.a.w.) nesillerini gyrmakda aýplanýar. Şu ýagdaýda halyflykda ummawylaryň hökmürowanlygynyň soňuna çykmak üçin aýgytly hereket başlanýar.

1. Halyfat basybalyşlaryna garşy gozgalaňyň sebäplerini aýdyň.
2. Sogd gozgalaňy we onuň netijeleri barada aýdyp beriň.
3. Gozgalaňlar netijesinde nähili özgerişler bolup geçdi?
4. Arap halyfatynda syýay ýagdaýyň ýitileşmegine getiren faktorlary sanap beriň.

## 11-§. APBASYLAR DÖWRÜNDE HORASAN WE MAWERANNAHR. ABU MUSLIMIŇ GOZGALAŇY

**Daýanç düşünjeler:** ***Zulmuň güýçlenmegi; Abu Muslimiň wagyzlary; Abu Muslimiň gozgalaňy; Apbasylar***

**Halk närazylygynyň güýçlenmegi**

Ummawylara garşy umumy närazylyk, aýratyn-da, halyf **Marwan II** (744–750) döwründe has güýçlendi. Oňa hyraç salgydynyň mukdarynyň artdyrylmagy hem-de ilatyň haşarlarda işlemäge yzygiderli mejbur edilmegi sebäp bolýar. Ummawylara garşy göreşe çagyrmak üçin apbasylar dürli welaýatlara köp sanly wagyz-nesihatçylary ugradypdyrlar. Şeýle wagyz-nesihatçylardan biri **Abu Muslim**di.

**746-njy ýyl**da ol Horasana gelýär. Abu Muslim Horasanyň ilatyna ýüzlenip, pygamberiň (s.a.w.) nesillerini goldamaklyga çagyrýar.

**Gozgaloňçylaryň toplanmagy**

Ilki arap aristokratlary, soňra ýerli daýhanlar Abu Muslimi goldaýarlar. Ummawylaryň garşysyna alnyp barylýan wagyz ýaňy tiz wagtdan Horasana, Mawerannahra we Toharystan welaýatlaryna hem giňden ýaýraýar. Göýä ýurduň ilatynyň ählisi uludan-kiçi araplaryň garşysyna aýaga galan ýaly bolýar. Goşun ilki Abu Muslimiň karargähi **Mahuwan** galasynda ýygnalýar. Abu Muslimiň goşunyna gelip goşulan adamlar sanawa alnyp, olara ilki üç dirhemden, soňra bolsa bäş dirhemden aýlyk gazanç berilýär. Täsin ýeri sanawdan geçen adamlaryň uly böleginiň dürli ýerlerden gelen gullar bolmagydy. Bu döwürde hem gullar ilatyň arasynda iň pes gatlak hasaplanyp, olar bilen bir hatarda bolmak beýleki gatlaklaryň wekilleri üçin namysdygy göz öňünde tutulyp, Abu Muslim gullar üçin **Sawwal** obasynda ýörite jaý guraýar we olara **Dawut** diýen wagyzçyny ýolbaşçy belleýär.

**Gozgalaňçylaryň maksady**

Gozgalaňçylaryň hatarynda arap aristokratlary, Mawerannahryň we Horasanyň ýerli mülkdar daýhanlary, halyfatlygyň gündogaryndaky ezilen ilat, şäherleriň hünärmentleri we oba kadiwarlary hem-de gullar bardy. Olaryň öz öňlerinde goýan maksatlary-da dürlüdi. Arap aristokratlarynyň maksady häkimiýeti apbasylara alyp bermekden we ýurtda öz ýagdaýlaryny

gowulandyrmakdan ybaratdy. Ýerli mülkdarlar bolsa ýurtda syýasy babatda araplar bilen deňleşmegi we alajy bolsa, ýurdy halyflykdan bölüp alyp, ony özbaşdak edara etmegi maksat edýärdiler.

Zähmetkeş halk ummawylaryň zulmundan, agyr salgytlardan we üznüksiz haşarlardan, gullar bolsa gulçulyk zynjyryndan dynmagyň arzuwyndadylar. Bu gowy arzuwlary amala aşyrmak üçin olar billerini berk guşap sütemkärlere garşy göreşe çykypdylar. Gozgalaňçylaryň ählisi diýen ýaly gara geýim geýýärler. Ilki bilen, gara geýim matam nyşany, galyberse-de, äpet güýjüň baýdagy hem-de gazaply söweşlerde gozgalaňçylary umawylardan tapawutlandyrýardy.

### Gozgalaňyň başlanmagy

**747-nji ýylda** Abu Muslim ilaty ummawilere garşy göreşe çagyrýar. **748-nji ýylyň başy**nda bolsa Abu Muslim Horasanyň paýtagty Merw şäherini eýeleýär. Halyf Marwan öz ygtyýaryndaky ähli harby güýçleri gozgalaňçylaryň garşysyna gönükdirse-de, emma umawylaryň häkimiýetini saklap galyp bilmeýär.

**749-njy ýy**lda Abu Muslimiň baştutanlygynda gozgalaňçylar halyfatlygyň merkezi şäherlerine tarap ýörişe ugraýarlar. Şeýlelikde paýtagt ele alnyp, halyf **Marwon II** tagtdan agdarylýar. Onuň ýerine apbasylar maşgalasyndan bolan **Abul Apbas Saffoh** (750-754) halyflyk tagtyna göterilýär. Ummawylar dinastiýasynyň ýerlerdäki wekilleri we olaryň ýakynlary gyrlyp taşlanýar. Şeýlelikde, Arap halyfatlygynda döwlet häkimiýeti *apbasylar*yň eline geçýär.

### Apbasylar döwründe Mawerannahr

Apbasylaryň halyflyk tagtyna çykmagy zähmetkeş halka hiç hili ýeňillik getirmedi. Abu Muslimiň üsti bilen apbasylar tarapyndan halk köpçüligine berilen wadalaryň biri-de amala aşmady. Abu Muslim Bagdatda döwlet we harby güýçleriň ýokary wezipesine bellenýär. Emma apbasylar onuň halk arasyndaky abraýynyň barha artyp barýanlygyndan hoşal däldiler. Netijede Abu Muslim paýtagtdan daşlaşdyrylyp, Horasana we Mawerannahra naýyp edilip goýberildi.

Zähmetkeş halkyň arasynda apbasylara garşy gozgalaň turuzmak pikiri peýda bolýar. Şular ýaly gozgalaňlardan biri

**750-nji ýyl**da Buharada boldy. Abu Muslim ýerli güýçleriň kömegi bilen ýaňy başlanan gozgalaňy ýatyrdy.

Mawerannahrdaky içerki gapma-garşylyklardan peýdalanyp, Hytaý imperatorynyň goşunlary Türküstana çözup girýär. Abu Muslim tarapyndan **Ziýad ibn Salyh**yň baştutanlygynda iberilen arap we sogdlardan, şeýle hem, türklerden ybarat harby güýç **751-nji ýyl**da Talas jülgesinde Hytaý goşunlaryna zarba urup, olary ýurduň çäklerinden kowup çykarýar.

Abu Muslim wepaly hyzmat etse-de, apbasy hökümdarlar oňa ynanmaýardylar. **755-nji ýyl**da ýaragsyz we bir özi köşge çagyrylyp getirilen Abu Muslim halyfyň buýrugy bilen öldürilýär. Abu Muslimiň öldürilmegi halyfatlygyň gündogarynda, aýratynda, Horasanda we Mawerannahrda apbasylara garşy halk hereketiniň güýçlenmegine bahana bolýar.



*** Abu Muslimiň baştutanlygyndaky gozgalaň 747–749-njy ýyllarda Horasanda we Mawerannahrda bolup geçdi. Gozgalaň netijesinde halyfatlykda ummawiler häkimiýetden agdarylyp, apbasylar dinastiýasy häkimiýet başyna geçýär.**



1. Näme üçin halyfatlykda ummawilere garşy halk närazylygy emele geldi?
2. Abu Muslimiň gozgalaňyna gatnaşan dürli gatlak wekilleriniň maksatlaryny deňeşdiriň.
3. Abu Muslimiň gozgalaňy nähili netijelere getirdi?
4. Apbasylar häkimiýet başyna geçensoň, Mawerannahrda ýagdaý nähili üýtgedi?

## 12-§. «AK GEÝIMLILERIŇ» GOZGALAŇY

**Daýanç düşünjeler:** ***«Ak geýimlileriň» gozgalaňy; Mukanna; Rofe ibn Laýs***

**«Ak geýimliler»**

**769–783-nji ýyllar**da Mawerannahrda örän uly halk gozgalaňy bolupdyr. Gozgalaňçylar ak geýim geýendikleri üçin bu gozgalaň **«Ak geýimlileriň»** gozgalaňy ady bilen taryha giripdir. Bu hereketiň ýolbaşçysy **Mukanna** diýlip atlandyrylýan merwli **Haşim**



**ibn Häkim** diýen hünärment bolupdyr. Ol Merw şäheriniň golaýyndaky *Köza obasy*nda doglupdyr. Ol kellesine we ýüzüne gök perde tutup gezipdir. Şonuň üçin hem ol “Mukanna” ýa-da “Nykaply” diýen lakamy alypdyr. Mukanna ýaş wagtynda *kudungärlik* (matalara ahar beriji) käri bilen meşgullanypdyr. Ol sowatly, akylly we ugur tapyjy adam bolupdyr. Horasanda *serheňlik*den (kiçi leşgerbaşylykdan) wezirlik derejesine çenli ýokary çekilip-dir. Ol *Mazdagyň* taglymlaryna esaslanan sosial deňlige we azat durmuşa çagyrýan taglymaty wagyz edipdir Mukanna töweregine öz tarapdarlaryny toplapdyr. Çet ýurtlylaryň hökümdarlygynyň we süteminiň garşysyna gozgalaň götermäge çagyryp, Mawerannahryň welaýatlaryna wagyz-nesihatçylary ugradýar. Onuň wagyz-nesihatlary **Nahşab** we **Keş** şäherlerinde gowy netijeler berýär. *«Ak geýimlileriň»* hatary barha artyp barýar. Olara gös-göni ýolbaşçylyk etmek maksady bilen Mukanna Sogda tarap ýola düşýär. Ony Merwden Sogda goýbermezlik üçin araplaryň edarasy yzarlamagy güýçlendirýär. Amyderýanyň kenarynda atlylardan ybarat uly harby güýçler gije-gündiz sakçylyk edýärler.

*** Kudungar — mata ahar berýän**
*** Sarhaň — kiçi leşgerbaşy**
*** Mazdak ibn Hamdodon (470–529-ý.) — Eýranyň baş kohini. Ol dünýäniň ähli baýlyklary adamlara deň paýlanmagynyň tarapdary bolupdyr we ony zorluk ýoly bilen amala aşyrmagy goldap çykyş edipdir**

### Gozgalaňyň başlanmagy

Mukanna Mawerannahra ýola düşýär we öz ýakynlary bilen sag-aman Amyderýanyň sag kenaryna geçip Nahşab we Keş şäherlerine baryp ýetýär. Keşiň golaýyndagy dagyň depesinde bina edilen **Sam galasy**ny özüne karargäh edýär. Köp obalaryň kadiwarlary, şäher hünärmentleri we käbir mülkdar daýhanlar onuň yzyna düşýärler. Tiz wagtdan tutuş Kaşgaderýa jülgesi Mukannanyň tarapdarlarynyň gol astyna geçýär. Şeýlelikde, *«ak geýimlileriň»* hereketi giňelip, uly halk gozgalaňyna öwrülýär. Ol aýratynda, Mawerannahryň merkezi Sogdda möwç alyp **Ilak** (Ahangaran) jülgesine we **Şaşa** hem öz täsirini ýetirýär. Gozgalaňa dürli gatlaklar gatnaşýar.

**Gozgalaňyň gidişi**

«Ak geýimlileriň» gozgalaňyny basyp ýatyrmak üçin halyf Mansur **775-nji ýyl**da **Jebraýyl ibn Ýahýa**nyň baştutanlygynda Mawerannahra uly harby güýji ugradýar. Emma Jebraýyl gozgalaňçylardan ýeňilýar. Ol uly ýitgiler çekip, zordan Samarkantdaky arap goşunlaryna gelip goşulýar. Gozgalaňçylar Termiziň golaýynda goşmaça kömege gelýän arap goşunlaryna duýdansyz hüjüm edip, olary çym-pytrak edýär. Nahşab we Çaganiýan oazisleri gozgalaňçylaryň eline geçýär. Gozgalaň **776-njy ýyl**dan başlap Buhara oazisinde güýçlenýär. **Narşah galasy** gozgalaňçylaryň korganyna öwrülip, onda «Ak geýimlileriň» köp bölegi jemlenipdi. Dört aý dowam eden göreşden soň gozgalaňçylar ýeňlişe sezewar bolýarlar.

Narşahdaky gozgalaň basyp ýatyrylandan soň, araplar esasy güýji Samarkanda we Keşe gönükdirýärler.

**769–783-nji ÝYLLARDAKY «AK GEÝIMLILERIŇ» GOZGALAŇY**



“Ak geýimliler” we türki taýpalar Samarkantda *iki ýyl*yň dowamynda araplaryň garşysyna söweşýärler. Ahyrynda, gozgalaňçylar ýeňilip, Samarkant boýun egýär.

### «Ak geýimlileriň» ýeňilmegi

Narşahda we Samarkantda «Ak geýimliler» ýeňilenden soň, ýerli mülkdar gatlagyň wekilleri araplara kömek berip başlaýarlar. Göreşiň soňky basgançagy **Keş jülgesi**nde bolup geçýär. **783-nji ýyl**da Mukannanyň Sam galasyndaky karargähi gabalýar. Uzak dowam eden gabawdan soň göreşden ýadap, tapdan düşen mukannaçylar boýun egýärler. Basybalyjylara boýun egmek islemedik Mukanna özüni ýanyp duran tamdyra taşlap heläk bolýar.

### Gozgalaňyň ýeňilmeginiň sebäpleri

«Ak geýimliler» jebislik bilen hereket edip bilmediler. Bu faktor gozgalaňyň ýeňilmeginiň esasy sebäbi boldy. Ikinjiden, halk hereketiniň köpçülikleýin häsiýete geçmeginden gorkan ýerli mülkdarlar yzly-yzyna araplaryň tarapyna geçip başladylar. Üçünjiden, gozgalaňyň uzak dowam etmegi zähmetkeş köpçüligi güýçden gaçyrdy, ýadatdy.

Gozgalaň ýeňilen bolsa-da, arap basybalyjylaryna garşy ýerli halk hereketi üzül-kesil togtap galmady. **806-njy ýyl**da **Rofe ibn Leýs**iň ýolbaşçylygynda halyfatlygyň garşysyna ýene gozgalaň başlandy. Gozgalaň Samarkantdan başlanyp **Şaş, Fergana, Buhara, Nahşab** we **Horezm** welaýatlaryna ýaýrady. Tiz arada bu welaýatlar halyfatyň elinden gidýär. Horasanyň naýyby **Mamun** daýhanlardan bolan *Samanhudat*yň nesilleri **Nuh, Ahmet** we **Ýahýa**lardan haýyş edip, olardan kömek soraýar. Olar **Rofe ibn Leýsi** ele alyp, ony halyfata boýun egmäge mejbur edýärler. Şeýdip nobatdaky halk hereketi-de basyp ýatyrylýar.

Ýerli halklaryň basybalyjylara garşy göreşi biderek gitmedi. Halyfatlygyň hökmdarlygy ýuwaş-ýuwaşdan barha gowşaýar. Bu ýagdaý Mawerannahryň ilatynyň azatlyga çykmagyny çaltlandyrdy.

1. «Ak geýimlileriň» gozgalaňynyň sebäplerini aýdyp beriň.
2. Gozgalaňyň gidişi barada gürrüň ediň.
3. Gozgalaňçylar näme üçin ýeňildi?
4. Mukannanyň ýolbaşçylygyna baha beriň.



## III BAP
## MAWERANNAHRDA ÖZBAŞDAK DÖWLETLERIŇ DÖREMEGI

### 13-§. HALYFATLYGYŇ ÇOWŞAMAGY, ÖZBAŞDAK DÖWLETLERIŇ EMELE GELIP UGRAMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Garlyklar; Oguzlar; Garahanlylar; Tahyrylar; Döwlet dolandyryşy***

#### Halyfatlygyň gowşamagy

**VIII asyryň ahyrynda — IX asyryň başlarynda** Arap halyfatlygy agyr syýasy kynçylyklara duçar boldy. Boýun egdirilen halklary gol astynda saklamak araplar üçin barha kynlaşdy. Mawerannahryň we Horasanyň ilatynyň ýygy-ýygydan gozgalaň götermegi, üznüksiz dowam edýän özara uruşlar, we içerki agzalalyklar Arap halyfatlygynyň häkimiýetini gowşatdy. Bu bolsa özbaşdak döwletleriň peýda bolmagyna alyp geldi.

Mawerannahryň demirgazyk we demirgazyk-gündogar çäklerinde heniz halyflyga boýun egdirilmedik ülkelerde täze döwletler peýda boldy. Olaryň biri Garlyklar döwletidir.

#### Garlyklaryň döwleti

Gadym döwürde *Altaýyň günorta-sy*nda, soňra *Irtyş derýasynyň orta aky-my*nda ýaşan *garlyklar* gadymy türki taýpalaryndan hasaplanýardy. **VI-VII asyrlar**da olar Türk hakanlygynyň düzümine giripdirler. **VIII asyryň ortalary**nda *Ýedisuw ülkesinde* **Garlyklaryň döwleti** emele geldi. Bu döwletiň paýtagty *Çu derýasyndan demirgazyg*rakda ýerleşen **Suýab** şäheridi. Garlyklaryň döwletiniň hökümdaryna *«ýabgu»* ýa-da *«jabgu»* diýipdirler.



**X asyryň ortalary**nda garlyklaryň uly bölegi musulmançylygy kabul edipdir. Şu döwürde garlyklaryň şäherleriniň birnäçesinde juma metjitleri gurlupdyr.

Garlyklar döwleti demirgazyk we gündogardan *Ili derýasy*nyň jülgesine çenli, ***çigil taýpasy*** ýaýlalaryna çenli; günbatardan ***oguz ýurdy*** we *Fergana jülgesi*; günortada bolsa ***ýagmolar*** oazisi we *Gündogar Türküstan* bilen araçäkleşýär. Bu ýurtda paýtagtdan başga **Jol, Nawkat, Karmankat, Ýor** ýaly şäherler we birnäçe obalar gurlupdyr. Ilat *goýundarçylyk,* dag dereleriniň ýanynda bolsa *daýhançylyk* bilen meşgullanypdyr. Gündogar Türküstan we Mawerannahr bilen söwda alyp barypdyr. Daşary ýurtlara esasan ýüň we ýüňden taýýarlanan önümler: *haly, palas, keçe* ýalylar çykarylypdyr.

**X asyr**da garlyklar Mawerannahryň demirgazyk çäklerini eýeländen soň, olar Şaş oazisi we Fergana hem-de Zerewşan jülgelerine gelip ýerleşipdirler. Soňluk bilen oturymly ýerli ilata goşulyp gidipdirler.

*** Garlyklar – türki taýpalardan biri. Ilkibaşda Altaýýň günbatarynda, soňra Irtyş derýasynyň orta akymynda ýaşapdyrlar.**
*** VIII asyryň ortalarynda Garlyklar döwleti Ýedisuw ülkesinde döräpdir. Paýtagty Suýab şäheri bolupdyr.**

## Oguzlar

Türk hakanlygy döwründe oguzlar onuň düzümindedi. Türk hakanlygy dargandan soň oguzlaryň uly bölegi *Syrderýa basseýninde* we *Aral deňziniň boýunda* berk ornaşyp, **IX asyryň ahyrynda** we **X asyryň başy**nda **Oguzlar döwleti**ni esaslandyrýarlar.

Syrderýanyň aşaky akymynyň boýundaky **Ýaňykent** şäheri Oguzlaryň döwletiniň paýtagty bolupdyr. **X asyr**dan başlap oguzlar yslam dinini kabul edýärler.

**X asyryň birinji çärýegi**nde demirgazyk-gündogardan gelen *gypjaklary*ň zarba urmagy netijesinde bölünip gidýär. Olar öz ýurduny taşlap, bir bölegi günbatara, *Demirgazyk Kawkazy*ň sähralaryna baryp ornaşýar. Olaryň ikinji bölegi bolsa ilki *Mawerannahr*a gelip girýär we ondan günorta süýşüp, täze dinastiýanyň – *seljuklary*ň ýolbaşçylygynda *Alynky Aziýa* ýurtlaryny basyp almaga girişýär.

*** Oguzlar – Orta Aziýada ýaşan türki taýpa. IX asyryň ahyrynda we X asyryň başynda Oguzlar döwleti Syrderýa basseýninde hem-de Aral deňziniň boýunda döredi. Paýtagty Ýaňykent şäheri bolupdyr.**

Bu iki türki döwlet diňe Mawerannahra däl-de, eýsem tutuş Orta Gündogaryň hem-de Alynky Aziýanyň ilatynyň syýasy durmuşyna güýçli täsir edýär. Bu döwletleriň ilaty şu çäkde ýaşaýan halklaryň etnik taryhyna täsir etdi. Meselem, *garlyklar* özbek we täjikleriň, *oguzlar* türkmenleriň, azerbaýjanlaryň, garagalpaklaryň etnogenezinde möhüm rol oýnady.

## Tahyrylar döwleti

**VIII asyryň ahyry — IX asyryň başlary**nda halyfatlygy lerzana getiren agyr syýasy ýagdaý apbasylary Mawerannahrda we Horasanda alyp barýan syýasatyny üýtgetmäge mejbur etdi. Ýerli aristokratlar Mawerannahry we Horasany diňe bir öz ygtyýaryna geçirmän, eýsem halyfatlygyň merkezinde hem häkimiýeti dolandyrmaga barha köp täsirini ýetirip başladylar. Muňa aýratyn-da, halyf **Harun ar-Reşit** (786-809) aradan çykandan soň onuň ogullary **Mamun** bilen **Amin**iň arasynda **809-813-nji ýyllar**da tagt ugrundaky bolan göreş ýol açyp berdi.

Halyfatlygyň merkezi bölegindäki araplar Amini halyflyk tagtyna göterýärler. Mundan närazy bolan Mamun inisi Amine garşy göreşe başlaýar. Hyrat welaýatynyň aristokratlaryndan **Tahyr ibn Huseýn**iň baştutanlygynda Horasanyň we Mawerannahryň mülkdarlary oňa kömek berýärler. **813-nji ýyl**da olar Bagdada ýöriş edýärler. Paýtagt ele salnyp, Mamun halyflyk tagtyna geçýär. Onuň öwezine Tahyr **821-nji ýyl**da *Horasanyň we Mawerannahryň naýyby* bellenýär. Şeýle hem Mamun Mawerannahryň aristokratlarynyň kömegini-de unutmady. *Samanhudat*yň agtyklaryny käbir şäherleriň we welaýatlaryň naýyby edip belledi. **Nuh**a *Samarkant*, **Ahmede** *Fergana*, **Ýahýa** *Şaş* we *Üstruşan*, **Ylýasa** bolsa *Hyrat* ýetýar. Onuň öwezine doganlar samanylar Mawerannahryň her ýylky hyraç salgydynyň ep-esli bölegini tahyrylaryň üsti bilen halyfyň hazynasyna goýberip durýarlar.

**Tahyr** döwlet işlerini özbaşdak edara etmek maksady bilen **822-nji ýyl**da halyfyň adyny hutbadan aýyrdýar.

Amalda bu Bagdat bilen aragatnaşygy üzmek we özüni garaşsyz diýip yglan etmekdi. Emma köp wagt geçmänkä ol tarpa-taýyn ölýär. Tahyryň ogullary **Talha** we **Abul Apbas Abullah** atasynyň ýerine yzly-yzyna naýyplyk edýärler. Şeýlelikde, Horasany we Mawerannahry dolandyrmak tahyrylaryň dinastiýasyna miras bolup galýar. Abul Apbas Abdallahyň naýyplyk eden döwründe (830–844) paýtagt **Merw**den **Nişapur şäheri**ne göçürilýär.

Mawerannahryň şäherlerinde naýyplyk edýän Samanhudatyň agtyklarynyň ýerli naýyplygy tahyrylar tarapyndan ykrar edilýär. Samanylar bolsa öz gezeginde tahyrylara tabyn hökmünde Mawerannahry edara edýärler. Bu Horasanda we Mawerannahrda bir asyrdan gowrak wagtlap höküm süren halyfatlygyň hökmürowanlygynyň tamamlanandygyny aňladýar.

### Tahyrylar häkimiýetiniň ýykylmagy

Tahyrylaryň döwründe hem zähmetkeş köpçüliginiň ýagdaýy ozalkysy ýaly agyr bolmagynda galýar. Mülkdar daýhanlaryň süteminden, döwletiň agyr salgytlaryndan bizar bolan halk gozgalaň turuzýar. Olara *«gazylar»* hem goşulýar. Gozgalaňa saffarylar – doganlar **Ýakup** we **Emr ibn Leýs** dagylar baştutanlyk edýärler. **873-nji ýyl**da Horasanyň paýtagty **Nişapur**y eýeleýärler. Netijede *tahyrylar*yň hökmürowanlygynyň soňuna çykylyp, häkimiýet *saffarylar*yň eline geçýär.

*** Tahyrylar – Horasandaky Tahyrylar döwletinde hökümdarlyk eden dinastiýa (821–873). Resmi taýdan apbasylara tabyn hasaplanypdyr. Dinastiýany 821-nji ýylda Tahyr ibn Huseýn esaslandyrypdyr**
*** Saffarylar – Saffarylar döwletinde hökümdarlyk eden dinastiýa. Saffarylaryň ady ony esaslandyran Ýakup ibn Leýs as-Saffaryň adyndan alnan. Saffarylaryň iri hökümdarlary: Ýakup ibn Leýs (873–879); Amr ibn Leýs (879–900)**
*** Hutba — juma namazynda hökümdaryň adyny aýdyp, onuň hakyna doga okamak, alkyşlamak**
*** Gazy — Hak din üçin göreşýän söweşiji**

1. Garlyklaryň döwleti haýsy çäklerde döredi?
2. Oguzlar barada aýdyp beriň.
3. Tahyrylaryň döwleti nähili emele geldi?

4. Horasanda häkimiýetiň saffarylar tarapyndan nähili eýelendi?
5. Garlyklar goňşy döwletler bilen nähili önümleriň söwdasy arkaly aragatnaşyk saklapdyrlar?

**Özbaşdak iş.**

Dersligiň tekstinden peýdalanyp jedweli dolduryň.

| Döwletiň ady | Dörän döwri | Çägi | Paýtagty |
|---|---|---|---|
| Garlyklar döwleti | | | |
| Oguzlar döwleti | | | |
| Tahyrylar döwleti | | | |

## 14-§. SAMANYLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***Samanylaryň hökümdarlygy; Döwlet dolandyryş ulgamy; Goranma işleri; Diwanlar***

**Samanylaryň hökümdarlygy**

**IX asyr**da Mawerannahryň syýasy durmuşynda hem özgerişler bolup geçýär. Ýurda ilki **Huh**, soňra **Ahmet** baştutanlyk edýär. Olaryň her biri öz hököm süren döwründe öz adyndan misden teňňe zikgeledýär. Ahmet aradan çykandan soň (**865-nji ýyl**) onuň ogly **Nasyr** Samarkandy ýurduň merkezine öwürýär. Ol Mawerannahryň ähli welaýatlaryny birleşdirmek we olary Horasandan bölüp almak boýunça çäreler görýär.

**IX asyryň soňky çärýegi**nde Mawerannahryň ähli welaýatlary diýen ýaly *samanylar*yň ygtyýaryna geçýär. Nasyr tutuş Mawerannahryň hökümdaryna öwrülýär. Ol kümüş teňňe zikgeledýär.

Köp geçmän doganlar **Ysmaýyl**yň we **Nasyr**yň arasynda tagt ugrunda göreş başlanýar. Göreşde Ysmaýyl üstün çykýar. Ysmaýyl Samany **888-nji ýyl**da bütin Mawerannahry ele alýar.

**Ysmaýyl Samany** orta asyrlaryň başarjaň, edermen we iňňän ugurtapyjy döwlet işgäridi. Ol Mawerannahry birleşdirip, pugta döwlet gurmaga çalyşdy. Demirgazyk-gündogardaky ýerlere ýöriş etdi. **893-nji ýyl**da Teraz şäherini eýeläp, sähralylara çym-pytrak ediji zarba urýar.

Mawerannahryň ilatynyň özbaşdaklygyny gazanmagy Arap halyfatlygyna ýakmajagy gümansyzdy. Arap halyfatlygyny, bir tarapdan Mawerannahrdan yzygiderli öndürilip alynýan uly baýlyklardan mahrum bolunmagy iňňän ynjytsa, ikinji tarapdan, gorkuzýardy. Şol sebäpli halyflyk saffarylar bilen samanylary özaralarynda çaknyşdyrmak we olaryň ikisini hem gowşadyp, bu baý ülkede öz täsirini gaýtadan dikeltmek üçin hereket etdi. Halyf **Mutazid** (892–902) *saffarylar*yň hökümdary **Amr ibn Leýs**e Horasan bilen birlikde Mawerannahryň üstünden hem höküm ýöretmek hukugynyň berilenligi hakynda perman çykarýar we ony **Ysmaýyl**yň garşysyna küşgürýär. Netijede 900-nji ýylda olaryň arasynda uruş başlanýar. Uruş Ysmaýylyň yeňişi bilen tamamlanýar. Tutuş Horasan samanylaryň gol astyna geçýär. Bialaç halyf  Ysmaýyla hökümdarlyk hatyny ibermeli bolýar.



*** Samanylar döwleti (865–999) – Mawerannahrdaky we Horasandaky orta asyr döwleti. Buhara oazisiniň iri mülkdar hökümdarlarynyň dinastiýasynyň ady. Samanylar döwletiniň döreýşi arap halyfatlygynyň ýykylmagy hem-de Mawerannahry we Horasany basyp alan Samanylaryň döwlet başyna geçmegi bilen bagly. Gülläp ösen döwründe Mawerannahry, Horasany, Demirgazyk we Gündogar Eýrany öz içine alypdyr**

**Ysmaýyl Samany**

**Ysmaýyl Samany** tutuş Maweran-nahry we Horasany öz gol astynda birleş-dirdi. **Buhara** şäheri bu iki ýurduň paýtagtyna öwrüldi.

Samanylar ýurdy dolandyrmakda ilki  bilen  ykjam dolandyryş edarasyny döretdiler. Ol **emiriň dergähi**nden we **diwanlar**dan (wezirliklerden) ybaratdy.

**Dergäh**de *emiriň karargähi* we *haremhanasy* hem-de *köşk işgärleriniň nökerleriň* we *hyzmatkärler*iň ýaşaýyş jaýlary bolardy. Narşahynyň ýazmagyna görä, Samanylaryň dolandyryşy esasan *wezir, müstafiy, amid ul-mülk, sahibi şurat* ýaly **on sany diwan**yň üsti bilen edara edilipdir, olaryň arasynda **weziriň diwany** baş dolandyryş edarasy hasaplanypdyr. **Nasyr II**-niň döwründe (914-943) Buharanyň *Registan* meýdanynda emiriň köşk-galasynyň

garşysynda diwanlar üçin ýörite jaý gurlup, edara şu jaýda ýerleşipdir. Edara gullukçylary arap, pars dillerini, Gurhany we şerigatyň düzgünlerini gowy bilýän, dürli ylymlardan belli bir derejede baş çykarýan sowatly asylzadalardan saýlanyp alnypdyr.



**Buhara. Ysmaýyl Samany mawzoleýi. X asyr.**

Mawerannahryň ösmegine yslam dininiň rowaçlanmagynyň goşandy uly bolupdyr. Şol sebäpli olaryň abraýy artyp, paýtagt **Buhara** Gündogarda yslam dininiň iň täsirli merkezlerinden birine öwrülýär. Şäherlerde köp sanly ybadathanalar, şol sanda *juma metjitleri, hanagäh* we *namazgäh*ler bina edilýär. Şu döwürde Buhara şäherinde musulman Gündogaryndaky ilkinji ylym jaýy - **medrese** gurulýar. Buharanyň bu gadymy medresesi **X asyr**da şäheriň *köwüş tikijiler* mähellesinde gurlupdyr. Oňa **Farjak medresesi** diýip at berlipdir.



*** Yslam älemindäki birinji medrese X asyrda Buharada gurlan Farjak medresesidir.**

Ýurduň ruhy durmuşynyň esasy hasaplanan yslam aňyýetine şu döwürde **«ustod»** diýlip atlandyrylýan din we ylym işgärleri ýolbaşçylyk edýärler. Soňlugy bilen bu at **«şeýh ul yslam»** ady bilen has-da belende göterilýär. Ustoddan soň ýerde **hatyblar** durýardy.

Samanylar metjit, medrese we hanagähler gurmak üçin ýörite ýerler we olaryň harajatlary üçin uly-uly mülkleri bölüp beripdirler. Yslam dininiň gülläp ösmegi, şübhesiz, Orta Aziýanyň ilatynyň garaşsyz halk bolup şekillenmeginde möhüm ähmiýete eýe boldy.

**Goranma işleri**

**Ysmaýyl Samany** *köşküň ýörite hemişelik serbazlaryndan ybarat* gowy ýaraglanan *harby goşun* düzýär. Gowy we uzak wagt gulluk eden serbazlar *«hojib»* wezipesine göterilipdir. Hojibleriň

başlygyny *«hojib ul-hujob»* ýa-da *«hojibi buzruk»* diýip atlandyrypdyrlar. Bu dereje Samanylaryň köşgündäki ýokary dereje hasaplanýardy.

*** Amid ul-mülk – döwlet resminamalary we ilçilik aragatnaşyklary weziri**
*** Wezir – diwanhananyň başlygy, baş wezir**
*** Mustawfiý – maliýe weziri**
*** Sohibi şurat – harby işler weziri**
*** Ulama – dini alymlar**
*** Hojib – harby dereje**
*** Hanakah – garyphana, mysapyrhana**

1. Samanylar neneňsi ýol bilen Arap halyfalygyndan özbaşdak bolup çykdylar?
2. Ysmaýyl Samany hakynda bilenleriňizi aýdyp beriň.
3. Näme üçin Mawerannahryň özbaşdaklyk ugrundaky göreşi Arap halyfatlygyna ýaramandyr?
4. Näme üçin saffarylar bilen samanylaryň arasynda uruş bolupdyr?
5. Samanylarda dolandyryş gurluşy nähili bolupdyr?
6. Samanylar yslam dinine nähili üns beripdirler?
7. Samanylarda goranmak işleri nähili ýola goýlupdyr?

## 15-§. SAMANYLAR DÖWRÜNDE SOSIAL-YKDYSADY DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Ykdysady durmuş; Içerki we daşary söwda; Pul dolanyşygy***

**Oba hojalygy**

**IX–X asyrlarda Mawerannahr**yň we **Horezm**iň ilatynyň esasy bölegi *suwarymly ekerançylyk* bilen meşgullanýardy. Suwaryş şahamçalarynyň kömegi bilen suwarylyp abadanlaşdyrylan bol hasylly oazislerde *gallaçylyk, şalyçylyk, pagtaçylyk, gök ekerançylyk, bakjaçylyk* we *bagdarçylyk* ýokary derejede ösüpdi. Oazislerde *pagtaçylyk* uly orun tutýardy.

**Bagdarçylyk we çarwaçylyk**

Bagdarçylyk medeniýeti uly ösüşe eýe bolupdy. Mawerannahrda we Horezmde gök we bakja ekinleri bol bolup, gawunlary diýseň süýjüdi.

Daýhançylykdan alynýan *hyraç* salgydyndan hazyna gelýän girdeji döwletiň harajatlarynyň uly bölegini ýapýardy. Şonuň üçin samanylar ýurtda daýhançylyk hojalygyny ösdürmäge uly üns berýärdiler.

**IX-X asyrlarda Mawerannahr**da we **Horezm**de maldarçylyk ýokary derejede bolupdyr. Ýurduň sähra we dag eteklerindäki ýer meýdanlarynda süri-süri *goýun-geçiler*, topar-topar *gylýallar* we *düýeler* bakylypdyr. Obalarda, aýratyn-da, *iri şahly mallar* köp bolupdyr. Maldarçylyk ýurduň ilatyny diňe bir maldarçylyk önümleri bilen üpjün etmän, eýsem hojalygyň ähli pudaklary üçin at-ulaglary hem ýetişdirip beripdir. Aýratyn-da, döwletiň harbylaryny, hususan-da, atly goşun bölümlerini at-ulag bilen üpjün etmek möhüm ähmiýete eýe bolupdyr.

**Hünärmentçilik**

**Mawerannahr**yň we **Horezm**iň şäherlerinde *dokmaçylyk, küýzegärçilik, çilangärlik, misgärlik, zergärlik, çüýşe ýasamak* we *agaç ussaçylygy* ýaly hünärler güýçli ösüpdir. Netijede şäherleriň umumy keşbi düýpli özgeripdir. Onda uly-uly gümmezli belent köşkli we arkly ymaratlar, ussahanalar, metjitler, medreseler, mawzoleýler, hanagähler we kerwensaraýlar howalanyp durardy. Indi şäherler ondan gowrak derwezeli uly hünärmentçilik merkezine öwrülýär.

Şäheriň belent ýerinde ýerleşen arkda adatdakysy ýaly patyşanyň karargähi – *dergäh, hazyna,* metal teňňeler ýasalýan *zikgehana* we *zyndan* bolardy. Şäheriň merkezinde *registan meýdany, diwanlar, edaranyň jaýy*, şeýle hem emirzadalaryň, köşk emeldarlarynyň, ruhanylaryň, mülkdar daýhanzadalaryň we gurply söwdagärleriň haşamly *köşkleri* gural-ýarag, eýer-esbap ýasaýan *ussahanalar, hünärmentleriň dükanlary* we *söwda hatarlary* ýerleşýärdi.

**Samarkant**da ýokary hilli *kagyz* öndürilýärdi. **Şaş** özüniň *gönçülik önümleri* we *teletin harytlary* bilen, **Ilak** bolsa *kümüş* we *gurşun känleri* hem-de *kümüş teňňe çykarýan zikgehana*sy bilen

meşhurdy. **Horezm**de *gaýyk bejermeklik* oňat ýola goýlupdy. Horezmde we Termizde ýasalan gaýyklar Amyderýa boýunça tä Aral deňzine çenli yzygider haryt daşap söwdagärleriň ýüküni ýeňil, uzagyny ýakyn edýärdi.

Bu döwürde şäherler bilen bir hatarda obalar hem ýurduň ykdysady durmuşynda uly orun tutýardy. Buharanyň **Zandana obasy**nda dokalan ala-mula reňkli boz *«zandaniçe»*, Samarkandyň **Wador obasy**nda taýýarlanan mata *«wadoriý»* atlary bilen Gündogarda meşhurdy.

### Känçilik

Mawerannahryň daglyk ýerlerinde gadymdan dowam edip gelýän dag-magdan işleri IX–X asyrlarda ýokary derejede ösüpdir. **Zerewşan** we **Fergana jülgesi**niň daglaryndan *demir, gurşun, kümüş, simap, mis, galaýy, pöwrize, naşatyr* gazylyp alnypdyr. Hatda Ferganadan baryp şol wagtlar *nebit* we *daş kömür* tapylyp, olardan peýdalanypdyrlar. Känleriň golaýynda demirçileriň we magdançylaryň magdanlary eredip metal alýan obalary bolupdyr. **Ilak** welaýaty *kümüş* we *gurşun* gazyp almagyň iri merkezleriniň biridi.

### Içerki we daşary söwda

IX–X asyrlarda ýurduň içerki we daşary söwdasy ösdi. Gadymy kerwen ýollarynda guýular gazylyp, her bir beketde *rabatlar* gurulýar. Kerwenleriň geçýän şäherlerinde we obalarda *kerwensaraýlar* gurulýar.

Demirgazyk kerwen ýoly arkaly Günbatar Sibire we Mongoliýa Mawerannahryň şäherlerinden we obalaryndan biz mata, geýim-gejim, eýer esbaplary, ýaý, gylyç, gap-çanak, zergärçilik önümleri, däri-derman, kakadylan miweler, künji we zygyr ýaglary we şular ýaly beýleki önümler äkidilipdir. Sibirden dürli hilli gymmatbaha sütükli deriler, çarwa mallary we maldarçylyk önümleri getirilipdir. Hünärmen alymlaryň bellemegine görä, VII–IX asyrlarda Hytaý bilen bolan alyş-çalyş söwdada *çaý, ýüpek mata, duz* we *at* esasy orun eýeläpdir. Her bir at Hytaýyň bazarynda (topy 12,8 metrlik) 50 top ýüpek mata alyş-çalyş (barter) edilipdir. Çaýyň bahasynda her bir atyň bahasy 56 kg ýokary sortly çaýa deň bolupdyr. Birnäçe *«jin»* (600 gr) çaýa bir baş goýun çalşyrylypdyr.

**VII–VIII asyrlar**da *çaý* esasy import önümlerinden birine öwrülipdir. Hytaýça *«ça»* ýa-da *«miň»* diýip atlandyrylýan gowy ysly *çaý ösümligi* we onuň seleksiýasy şol döwürde Gündogar Türküstan arkaly Türküstana, soňra bolsa başga ýurtlarda giňden ýaýrap, halkyň durmuşynda gündelik ulanylýan teşneligi gandyrýan deňi ýok içgä öwrülipdir.



**Samanylardan Abdulmälik bin Nuhuň teňňesi. Samarkant. 961–962-nji ýyllar.**

Itile, Hazara we Bolgariýa Mawerannahrdan we Horezmden tüwi, kakadylan miweler, süýjüler, duzlanan balyk, pagta, ýüpek (şaýy) matalar, mowutlar, parçalar we halylar eltilip satylypdyr. Bolgardan we Hazardan gymmatbaha sütükler, şemler, kellä geýilýän geýimler getirilipdir.

## Pul

Içerki bazarlarda *«fals»* diýilýän mis teňňe, halkara söwdasynda bolsa kümüş teňňe – *dirhemler* ulanylypdyr. Mis teňňeleri merkezi hökümet hem, şeýle-de dinastiýanyň agzalaryndan bolan käbir ýerli welaýat häkimleri hem çykarypdyrlar. Kümüş teňňeler diňe hökümet başlygy tarapyndan **Merw, Samarkant, Buhara** we **Şaş**da döwlet zikgehanalarynda taýýarlanylýardy. Samanylar *«ysmaýyly», «muhammedi»* atlary bilen ýöredilen birnäçe kümüş dirhemler çykarypdylar. Olaryň arasynda *«ysmaýyly»* teňňesi ýokary hilli arassa kümüşden zikgelenip, ol esasan halkara söwda gatnaşyklarynda ulanylypdyr.



1. Samanylar döwründe oba hojalygynyň haýsy pudaklary ösüpdir?
2. Hünärmentçiligiň haýsy görnüşleri ösüpdir?
3. Samanylaryň pul birlikleri hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
4. Känlerde nähili magdanlar gazylyp alnypdyr?
5. Içerki we daşary söwda hakynda näme bilýärsiňiz?
6. Türküstanda haçandan başlap çaý içilip başlanypdyr?

## 16-§. IX–X ASYRLARDA EÝERÇILIK GATNAŞYKLARY. SAMANYLAR DINASTIÝASYNYŇ PESE GAÇMAGY. GAZNAWYLAR DÖWLETI

**Daýanç düşünjeler:** ***Soltan mülki; Mülk ýerleri; Mülki has; Samanylar häkimiýetiniň pese gaçmagy***

**Ýer eýeçiliginiň görnüşleri**

Samanylaryň hökmürowanlygy döwründe ýer eýeçiliginiň **«mülki soltany»**, **«mülk ýerleri»**, **«wakf ýerleri»**, **«mülki has»** we **«jemagata degişli ýerler»** diýlip atlandyrylýan 5 görnüşi bolupdyr.

Ýokary mertebeli ruhanylaryň we seýitleriň elindäki ýerlere **«mülki has»** diýipdirler. Bular ýaly ýeňilliklere eýe bolan mülkdarlar döwlete köplenç hasylyň diňe 1/10 bölegi hasabynda «hüşür» salgydyny töläpdirler. Hökümdar dinastiýanyň hem-de ýokary gatlagyň wekillerine döwletiň öňündäki hyzmatlary üçin berlen ýerlere **ikta** diýipdirler.

**Ikta mülki**

**X asyr**da uly wezipeli işgärlere döwletiň öňündäki hyzmatlary üçin ýerden we suwdan ybarat uly-uly mülkler peşgeş berlip başlandy. Bular ýaly mülk **«ikta»**, olaryň eýelerine bolsa **«mukta»** ýa-da **«iktadar»** diýipdirler. Käbir welaýatlaryň we şäherleriň ikta hökmünde peşgeş berilýän wagtlary hem bolupdyr. Ikta ilkibaşda esasan ýokary gatlaga degişli aristokratlara: dinastiýanyň agzalaryna — emirzadalara we uly wezipeli adamlara peşgeş berlipdir. Ikta mülkleri ilki ömürlik däl-de, eýsem belli bir möhlete berlip, nesle geçmändir. Iktadarlar özlerine peşgeş berlen ýerlerde ýaşaýan ilatdan alynýan salgytlaryň belli bir bölegini ýygnap almak hukugyna eýe bolupdyrlar.

Bulardan daşary, oba obşinasynyň ygtyýarynda-da belli bir möçberde ekin meýdanlary saklanyp, olar **«jemagat ýerleri»** hasaplanypdyr. Olar esasan dume we dag etek ýerlerden ybaratdy.

**Barzikär-goşçylar**

IX–X asyrlarda iri ýer eýeleri **kadiwarlary** işledenden öz ýerlerini oba obşinasynyň az ýerli agzalaryna kärendesine bermegi peýdaly hasaplapdyrlar. Kärendeçilere şol döwürde **«barzikär»** ýa-da **«goşçylar»** diýlipdir. Barzikär-goşçylaryň şärik bolup eken ýerlerinden alýan paýy dürlüdi. Eger barzikär öz tohumy we

goşy bilen daýhançylyk etse, onuň paýy hasylyň 1/3, 1/4 ýa-da 1/5 mukdarynda bellenipdir. Ýer sürmäge iş maly-da, tohumy-da bolmadyk, olaryň ählisini ýer eýesiniň hasabyna alyp işlän goşçy hasylyň 1/10 ýa-da 1/12 bölegini alypdyr. Döwlet salgytlary (hyraç we hüşür) ýer eýesinden hem, goşçylardan hem aýratynlykda alnypdyr.

**Samanylar häkimiýetiniň pese gaçmagy**

Samanylaryň harby ýörişleri, hökümdar dinastiýanyň içki agzalalyklary, ýerli häkimleriň baş-başdaklygy gitdikçe güýçlenýärdi. Netijede ýurtda ykdysady pese gaçyşlyk başlandy. Hatda harbylara, şol sanda emiriň hemişelik gulluk edýän türk serbazlaryna aýlyk tölemek üçin serişde tapylmaýar. Bular ýaly agyr ýagdaýdan çykmak üçin **942-nji ýyl**da ilatdan iki gezek salgyt ýygnalyp alnýar. Hetdenaşa bidüzgünçilik, eden-etdilik ýurtdaky ýagdaýy has-da ýitileşdirip, ilatyň dürli gatlaklarynyň häkimiýete garşy aýaga galmagyna sebäp bolýar.

Syýasy ýagdaý **Nuh**uň (943–954) we onuň agtygy **Nuh II**-niň (976–997) hökümdarlyk eden döwründe has-da ýiti hasiýete

**MAWERANNAHR (IX–XII asyrlarda)**



eýe bolýar. 947-nji ýylda Nuh ibn Nasyryň dogany **Ybraýym** gozgalaň turuzýar. Köşk serbazlarynyň we Çaganiýanyň iri mülkdary **Abu Aly Çaganynyň** kömegi bilen ol Buhara tagtyny eýeleýär.

Köp wagt geçmän Abu Aly Çaganynyň özi-de hökümdara garşy gozgalaň turuzýar. Nuh gozgalaňy güýç bilen basyp ýatyryp bilmeýär. **952-nji ýyl**da Abu Aly Çaganyny ilki Çaganiýana, soňra Horasana häkim bellemäge mejbur bolýar. 961-nji ýylda Buharada harby esgerleriň pitnesi bolýar. Pitneçiler emiriň köşgüni talaýarlar we ony otlaýarlar. Şeýle wakalaryň ýygy-ýygydan gaýtalanyp durmagy, şübhesiz, merkezi häkimiýetiň gowşanlygynyň netijesidi.

### Gaznawylar döwleti

Ýurtda emele gelen agyr döwürde Samanylar döwletiniň türk hojibleriniň köşk gwardiýasynyň syýasy ähmiýeti örän güýçli bolupdyr. Çünki harby we goranmak işleri doly olara degişlidi. Türk serkerdeleriň hyzmatlary üçin samany emirleri köp edermen leşkerbaşylaryny **Hojib-ul-hojib** ýa-da **Hojib-ul-buzruk** ýaly ýokary harby wezipelere belläp, olara hatda käbir welaýatlary dolandyrmaga hukuk beripdirler. **962–963-nji ýyllar**da Gazna welaýatyny **Alptegin** naýyp we leşker emiri hökmünde dolandyrypdyr. Gazna we Kabul welaýatlaryny ol özbaşdak dolandyrmaga çalyşyp, **Gaznawylar döwleti**ni esaslandyrypdyr. Bu ýaş türk döwletiniň paýtagty **Gazna şäherin**de ýerleşipdir. Gaznawylaryň syýasy abraýy **Sabuktegin** döwründe (977–997) ýokarlanyp, samanylar tarapyndan ykrar edilipdir. **Mahmyt Gaznawy** döwründe (997–1030) bolsa onuň çägi giňelip, Gündogaryň iň kuwwatly döwletlerinden birine öwrülipdir. Döwletiň araçägi günbatarda Raý we Yspyhan şäherleri, Kaspi deňzi, demirgazyk-günbatarda Horezm we Aral deňzine çenli uzalypdyr. Gündogarda bolsa Demirgazyk Hindistanyň uly bölegini öz içine alýan we Günorta Bulujystana çenli ýetipdir. Samanylar dinastiýasy ýykylandan soň, **Mahmyt Gaznawy** olaryň Horasandaky çäklerini, soňra Horezm döwletini (1017) hem özüniň soltanlygyna goşup alypdyr. Emma Masut Gaznawy döwründe (1030–1040) ýurduň welaýatlary yzly-yzyna elden giderlip, ol dagrapdyr. Netijede **1186-njy ýyl**da umuman ýok bolupdyr.

**Gaznawylar döwletiniň dolandyryş ulgamy**

Gaznawylaryň döwlet düzümi we dolandyryş ulgamy öňden ösüp gelýän türk döwletçiligi esasynda gurlan bolsa-da, emma ol özboluşly edara aýratynlygyna eýe boldy. Wezirlik düzüminde harby, ilçilik we resmi çäreler, maliýe we habar-poçta diwanlary iş ýöredipdirler. Welaýat hökümdary **waly**, şäheriň häkimi **rais** (başlyk) diýip atlandyrylypdyr. Welaýatda dolandyryş işleri **amid**, şäherlerde bolsa **kutwol** tarapyndan amala aşyrylypdyr. Döwlet güýçli goşuna eýe bolupdyr. Baş serkerdebaşy – ***sipohsolor***, leşgerbaşy – ***solor***, harby kysymlaryň başlygy bolsa ***sarhang*** diýip atlandyrylypdyr. Goşunda harby gämiler (derýa we deňiz floty) hem bolupdyr.

**Ylym-bilim we medeniýet**

Gaznawylar döwletinde ylym-bilim we medeniýet, hususan-da, edebiýat ösüpdir. Mahmyt Gaznawy türki ene dili bilen bir hatarda pars, arap we pahlawy dillerini hem gowy bilipdir, goşgy düzüpdir. Paýtagtyň köşgünde 400 -den artyk alym, şahyr we sungat işgärleri döredijilik bilen meşgullanypdyr. **Abu Reýhan Biruny, Nasyr Husrow, Gardiziý** we **Baýhaky** ýaly beýik akyldarlar Gaznada ýaşapdyrlar. **Biruny** *«Kanuni Masudiý»*, **Baýhaky** *«Taryhy masudiý»* eserlerini soltan Masuda bagyşlapdyrlar. **Abul Kasym Firdöwsi** meşhur *«Şanama»* dessanyny Mahmyt Gaznawa bagyşlapdyr. Gaznawylar döwletinde gurluşyk we arhitektura hem uly üns berlipdir. Gazna, Balh, Nişapur, Lohur we başga şäherlerde köp medreseler, metjit, hanakoh we köşkler gurlupdyr, kitaphanalar işläpdir. Baglardyr çarbaglar döredilipdir, hususan-da paýtagt Gazna şäheri gülläp ösüpdir.



**1.** Ýer eýeçiliginiň nähili görnüşlerini bilýärsiňiz?
**2.** Barzikärler we goşçylar kimler bolupdyr?
**3.** Daýhanlaryň durmuş ýagdaýy hakynda aýdyp beriň.
**4.** Samanylaryň häkimiýetiniň pese gaçmagynyň sebäplerini aýdyp beriň.
**5.** Gaznawylar döwleti hakynda nämeleri bildiňiz?
**6.** Gazna şäherinde alymlardan kimler döredijilik bilen meşgullanypdyr?

# 17-§. GARAHANLYLAR DÖWLETI WE MAWERANNAHR

**Daýanç düşünjeler:** ***Garahanlylar döwleti; Mawerannahryň eýelenmegi; Garahanlylar döwletiniň bölünip gitmegi; Döwlet dolandyryşy; Garahytaýlylaryň hüjümi***

Eziz okuwçy! Siz **VIII asyryň ortalary**nda Ýetisuw ülkesinde döredilen Garlyklar döwletini ýada salyň. **IX asyryň ortalary**nda Garlyklar Yssykkölüň günorta kenarynda we Kaşgarda ýaşan *ýagmo* taýpasy hem-de özlerinden demirgazyk-gündogarda ýaşaýan *çigil*, gündogarrakda ýerleşen *oguz* we başga taýpalar bilen ýeke-täk raýanlyga goşuldylar. Bu uly çäkde ilki bilen **«Hokoniýa ülkesi»** diýlip atlandyrylýan döwlet döredildi. Bu döwletiň hökümdarlary «jabgu» diýen adyň ýerine özlerine «garahan» ýagny «beýikhan» diýipdirler. **XI–XII asyrlar**da **Hokoniýa** ösüp güýçlenenden soň, ol **Garlyk-Garahanlylar** döwleti adyny alypdyr. Bu iri döwlet birnäçe taýpalaryň birleşmegi esasynda döredilendigi sebäpli hökümdarlary ***«arslanhan», «bugrahan»*** we ***«tawgaçhan»*** atlary bilen ýöredilipdir. Bu üç sany adalga ýokary derejeli hökümdar manysyny aňladypdyr. Beýiklik ýa-da ululyk bolsa gadymda türk halklarynda «gara» sözi bilen sypatlandyrylypdyr. Şonuň üçin tagtda oturan Arslanhan ýa-da Bugrahan we Tawgaçhanlar adynda deň «garahan» hasaplanypdyr. Olar dolandyran döwlet bolsa soňlukda taryhda **«Garahanlylar döwleti»** ady bilen şöhrat gazanypdyr.

**Garahanlylaryň Mawerannahra hüjümi**

**992-nji ýyl**da **Harun Bugrahan**yň ýolbaşçylygyndaky garahanlylar Mawerannahra tarap hüjüme başlaýarlar. Bu döwürde samanylar dinastiýasy içki gapma-garşylyklaryň çuň girdabyna düşüpdi.

Garahanlylar Buharany garşylyksyz boýun egdirdiler. **Nuh ibn Mansur** garahanlylara garşy göreşmek üçin Gaznadaky naýyby **Sabuktegin**i kömege çagyrýar. Ol ýigrimi müň adamly goşun bilen Mawerannahra gelýär. Nuh bilen birleşip, birnäçe söweşlerden soň garahanlylaryň goşuny çym-pytrak edilýär. Munuň öwezine Nuh Sabuktegini Horasanyň naýyby wezipesine belleýär. Netijede Gaznada we Horasanda Sabuktegin we ogly Mahmydyň syýasy hökümdarlygy pugtalanýar.

**996-njy ýyl**da garahanlylar Mawerannahra ýene hüjüme başlaýarlar. Şeýle agyr şertde hyýanatçylyk edilýär. Ýagny, Sabukteginiň goşuny Buharany eýeleýär. Soňra ol garahanlylar bilen gepleşikler geçirýär. Netijede olaryň arasynda şertnama baglaşylyp, oňa laýyklykda Syrderýa basseýni garahanlylaryň eline geçýär. Sabuktegin bolsa Amyderýadan günortadaky ýerlere, şol sanda Horasana hökümdar bolýar. Samanylara diňe Mawerannahryň merkezi bölegi berilýär. Emma köp wagt geçmänkä, **999-njy ýyl**da Buharanyň **Nasyr Elokhan**yň ýolbaşçylygynda garahanlylar tarapyndan zabt edilmegi bilen samanylaryň hökümdarlygy tamamlanýar.

### Garahanlylar döwletiniň bölünmegi

Garahanlylar indi Horasany hem öz döwletleriniň düzümine goşup almak üçin hereket edip başlaýarlar. Aradan köp wagt geçmänkä garahanlylaryň we gaznawylaryň arasynda gazaply uruşlar başlanýar. **1006-njy we 1008-nji ýyllar**da garahanlylar Horasanyň üstüne iki gezek goşun sürýärler. Emma **Mahmyt Gaznawy** garahanlylara gaýtawul berip, Horasany öz döwletiniň ygtyýarynda galdyrmagy başarýar.

Bu döwürde seljuklar gaznawylara howp salyp başlaýarlar. Seljuklar bilen aýgytly söweşler başlanýar. Bu ýagdaýdan peýda-lanan garahanlylaryň ýerli hökümdary *«bugrahan»* **Ybraýym Boritegin 1038-nji ýyl**da Amyderýanyň kenaryndaky welaýatlary – **Huttalony, Wahşy** we **Çaganiýany** gaznawylardan basyp alýar. Şondan köp wagt geçmänkä, ol Mawerannahry we Ferganany özüne boýun egdirip, özbaşdak syýasat ýöredip başlaýar. Netijede garahanlylar iki özbaşdak döwlete bölünýärler. Biri paýtagty **Balasagun**da bolan **Gündogar garahanlylar**, ikinjisi merkezi **Samarkant**da bolan **Mawerannahrdaky Garahanlylar döwleti**di.

### Döwlet dolandyryşy

Garahanlylar döwleti il-ýurda we welaýatlara bölüp edara edýärdiler. Olary **elokhan** we **tekinler** (ýa-da teginler) edara edýärdi. Häkimler diňe garahanlylar maşgalasynyň elokhan adyna mynasyp bolan agzalaryndan saýlanardy. Elokhanlar öz adyndan metal teňňeler zikgeledip, welaýatlaryň özbaşdaklygy üçin çalyşýardylar. Mawerannahryň elokhanlary garahanly elokhanlaryň arasynda uly abraýa eýe bolupdyrlar. Ol adatça Samarkantda tagtda oturyp-

dyr. Welaýat dolandyryş edaralarynda samanylar döwründäki ýaly wezirler, sahibbaridler müstowfiler, gulluk edipdirler. Şäherler bolsa şäher häkimi, reýs we muhtasibler tarapyndan dolandyrylypdyr. Garahanlylar öz hökümdarlygyny berkitmekde, musulman ruhanylary bilen ýakyn we dostlukly gatnaşyklary ýola goýupdyrlar. Şu döwürde ymamlar, seýitler, şeýhler we sadrlara üns güýçlendirilip, olaryň abraýy öňküsinden ýokarda bolupdyr.

Garahany hökümdarlar bu döwürde heniz oturymly ýaşaýşa geçmedik bolsalar hem, daýhançylyk oazisleriniň we şäherleriň medeni ähmiýetine gowy düşünipdirler. Olar **Balasogun, Kaşgar, Taraz, Uzgen, Samarkant** we **Buhara** ýaly şäherleri döwletiň ýa-da welaýatyň merkezi şäherlerine öwrüp, şäherler bilen aragatnaşyk saklamaga çalyşypdyrlar.

### Garahytaýlylaryň hüjümi

Syýasy babatdan barha gowşap barýan Garahanlylar döwleti özüniň ozalky ýagdaýyny ýitirip, seljuklaryň zor salmagyna sezewar bolýar we oňa garaşly bolup galýar. **XII asyryň 30-njy ýyllarynyň ahyry**nda Garahanlylar döwleti gündogardan gelen täze basybalyjylaryň — göçme taýpalar bolan **garahytaýlylaryň** (mongollara degişli taýpa) hüjümine duçar boldy.

**Görhan** Balasogun şäherini Garahytaýlylar döwletiniň paýtagtyna öwrüpdir.

Ýedisuwda ornaşan garahytaýlylar tiz wagtdan Syrderýanyň orta akymyna tarap ýörişe başlaýarlar. Olaryň söweşjeň goşunlary ilki Saş we Fergana, soňra Zerewşan we Kaşgaderýa welaytyna çözup girýär. **1137-nji ýyl**da olar **Hojent** şäheriniň golaýynda garahanlylaryň elokhany **Mahmyda** çym-pytrak ediji zarba urýar. Özara ýaraşyk şertnamasy düzülip, garahanlylardan uly öwez puly alnandan soň, öz ýurtlaryna gaýdyp gidýärler. Emma ýaraşyk uzaga çekmeýär. Aradan dort ýyl geçenden soň garahytaýlylar Mawerannahra ýene ýöriş edýärler. **1141-nji ýyl**da bolan söweşde garahytaýlylar ýeňiş gazanýarlar. Netijede Garahanlylar döwleti synýar.



1. Garahanlylar döwleti nähili emele geldi?
2. Garahanlylaryň Mawerannahra hüjümi hakynda aýdyp beriň.
3. Garahanlylar döwleti nähili ýagdaýda ikä bölündi?
4. Garahanlylarda döwlet dolandyrylyşy nähili guralypdy?
5. Garahytaýlaryň hüjümi haýsy welaýatlardan başlanypdyr?

## 18-§. XI–XII ASYRLARDA SOSIAL-YKDYSADY DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***«Daýhan» adalgasynyň täze mazmuny***

**Oba hojalygyndaky ýagdaý**

XI asyrda Mawerannahra çozup gi-ren göçme çarwadarlar ekerançylyk meýdanlaryny depeläp, aýakasty edýärler. Ýaýlalara we öri meýdanlaryna öwrülen ekinzarlar garahanlylar maşgalasynyň daýanjy hasaplanan taýpalaryň esasy mülküne öwrülýär.

Ýerli mülkdar daýhanlar bilen göçme çarwadarlaryň arasyndaky gapma-garşylyk güýçlenip, daýhanlara garşy göreş has ýitileşýär. Garahanlylaryň zor salmagynyň netijesinde mülkdar daýhanlar jan saklamak maksady bilen öz ýerlerini taşlap gitmäge mejbur bolýarlar.

Garahanlylaryň hökümdarlygy döwründe ýerli mülkdar daýhanlar ýer-suw mülklerinden hem-de ýurtda eýeleýän syýasy ýagdaýyndan aýrylyp, jemgyýetçilik durmuşynda özüniň öňki ornuny we ähmiýetini bütinleý ýitirýärler.

**Ikta ýerleriniň giňelmegi**

XI asyrdan başlap ýerden peýdalanmakda *ikta düzgüni* giňden ýaýraýar. Garahanlylar tarapyndan hökümdar dinastiýanyň wekillerinden başga-da, ýokary derejeli harbylara, döwlet emeldarlaryna we ýerli aristokratlara hem uly-uly ýer meýdanlary ikta hökmünde peşgeş berlipdir. Ikta tertibi garahanlylar üçin boýun egdirilen ýurtlaryň ilatyndan degişli salgytlary öndürip, ony dolandyrmagyň iň amatly görnüşi hasaplanypdyr.

Şeýlelikde, **XI-XII asyrlar**da Mawerannahrda we Horasanda ikta ýerleri giňelip, eýeçiligiň esasy görnüşlerinden birine öwrülýär.

Bu döwürde musulman ruhanylaryna bolan ünsüň güýçlenmegi we ýurtda olaryň syýasy täsiriniň barha artmagy bilen wakf ýerleri hem ep-esli köpelýär.



*** XI–XII asyrlarda «daýhan» diýen düşünje özüniň «obanyň häkimini» aňladýan düýp manysyny ýitirdi.**



Bu döwürde barzikärler irki orta asyrlardaky kadiwarlara garanda azat hasaplansalar-da, emma olaryň üstüne döwlet tarapyndan dürli salgytlar we mejbury işläp bermeklik borçnamalary ýüklenipdi. Suwaryş şahamçalaryny, bentleri, ýollary we galalary gurmaga we olary abatlamaga olaryň gatnaşmagy hökmandy.

**Şäherler, söwda we hünärmentçilik mähelleleri**

XI–XII asyrlarda şäherler aýratyn giňeldi, ilatynyň sany köpelip, has-da gur ilatly boldular. **Samarkant, Buhara, Termiz, Uzgen, Daşkent** ýaly şäherler içerki we daşary söwda üçin dürli hünärmentçilik önümlerini öndürýän hem-de metal teňňeler bilen alnyp barylýan bazar söwdasynyň merkezine öwrülýär. Şäherleriň merkezinde şa köşkleri, metjit, medrese we hammam ýaly köp sanly mahabatly ymaratlar peýda bolýar. XI–XII asyryň syrçaly we güberçek nagyşly toýundan ýasalan gaplary we tabaklary, reňkli çüýşe önümleri, nagyşly mis gaplar özüniň köp dürlüligi we ýokary derejede nepisligi bilen tapawutlanýar.



**Buhara. Minorai Kelan.**
**XII asyr.**

Hünärmentçiligiň ösmegi we içerki hem-de daşary söwdanyň giňelmegi bilen bazar söwdasynda pula bolan isleg artýar. Netijede garahanlylar we olaryň welaýat häkimleri elokhanlar tarapyndan kümüşden we misden teňňeler zikgelenýär. Şol wagtlarda **Balasogun, Taraz, Uzgen, Daşkent, Samarkant, Buhara** we beýleki şäherlerde pul taýýarlaýan zikgehanalar bolupdyr.

1. «Daýhan» diýen at näme üçin özüniň ozalky manysyny ýitirdi?
2. Ýer eýeçiligi hakynda näme bilýärsiňiz?
3. Ikta düzgüni barada aýdyp beriň.
4. XI-XII asyrlarda haryt, pul gatnaşyklary nähilidi?

## 19-§. HOREZM DÖWLETI WE ONUŇ ILERLEMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Garaşsyzlyk ugrunda göreş; Horezmşalar döwleti; Içki gapma-garşylyklar***

### Mamunylar döwründe Horezm

**Horezmşalar döwleti** IX–X asyrlarda **tahyrylaryň, saffarylaryň** we **samanylaryň** gol astynda bolupdyr. **X asyryň ahyrlary**nda Horezm ykdysady taýdan ýene çalt ösüp başlapdyr. VIII asyryň başlarynda bar bolan üç şäheri otuz ikä ýetipdir. X–XI asyrlarda Horezm sebitdäki iri söwda merkezlerinden birine öwrülipdir. Horezmiň söwdagärleri çarwadarlar (häzirki Türkmenistan we Gazagystan) hem-de **Itil** (Wolga) boýundaky **Hazar** we **Bolgar patyşalyklary**, şeýle hem Gündogar Ýewropanyň **slawýan ilaty** bilen söwda edipdirler. Söwda gatnaşyklarynyň giňelmeginde, aýratynam, **Gürgenç** (Ürgenç) şäheri möhüm rol oýnapdyr. Onuň häkimi **«Gürgenç miri»** ady bilen hormatlanypdyr.

**995-nji ýyl**da Gürgenç miri **Mamun ibn Muhammet** Kät şäherini eýeläp, Horezmiň iki bölegini birleşdirýär we Horezmşa derejesine mynasyp bolýar. Şeýdip afrigiler dinastiýasy ýykylyp, mamunylaryň hökümdarlygy başlanýar. **Köne Ürgenç** Horezmşalar döwletiniň paýtagtyna öwrülýär. Gysga wagtyň içinde mamunylar Horezmşalar döwletini durmuş, syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürdiler. Ýurt *welaýat, şäher* we **oba**lara (galalara) bölünip dolandyrylýar.

Horezmşa döwletiň ýokary we çäklendirilmedik häkimi hasaplanýardy. Gürgençde şanyň karargähi, merkezi dolandyryş – diwanhana döredilýär. Onuň düzüminde ekerançylyk, söwda-täjirçilik, maliýe, salgyt, şäher we obalarda asudalygy saklamak, harby işler ýaly guramalar iş alyp barýardylar. Döwletiň iň ýokary wezipelerinden biri wezirlik – *hojaýi buzruk* derejesine eýe bolupdyr. Ol diwanhana işlerine jogapkär bolupdyr. Harby saparlar çagynda hökümdaryň adyndan döwleti dolandyrypdyr.

Mamunylar döwründe Horezmde ylym-bilim we medeniýet ösüşe eýe bolup, Mamun akademiýasy – **«Dorul hikme we magaryf»** («Bilimlilyk we magaryf öýi») döredilýär. Şu ylmy edarada beýik köptaraply alymlar döredijilik edip, öz açyşlary we eserleri bilen Horezmşalar döwletinin abraýyny ýokary derejelere göteripdirler. Emma, bu medeni galkynyş uzak dowam etmändir.

### Garaşsyzlyk ugrunda göreş

**1017-nji ýyl**da Mahmyt Gaznawy tarapyndan basylyp alnyp, öz garaşsyzlygyndan mahrum bolan Horezm köp wagt geçmän (1040) seljuklar döwletine garaşly bolup galýar. Seljuklaryň hökümdary **Mälikşa** öz emeldarlaryndan **Anuştegin**i Horezme naýyp belleýär. Anuştegin aradan çykandan soň Horezmde onuň mirasdüşeri **Kutbiddin Muhammet** (1097–1127) naýyplyk edýär. Ýöne ol «horezmşa» adyny dikeltse-da, şolar ýaly belent ada buýsansa-da, Seljuklar döwletiniň wepaly naýyby bolup galdy. Horezmiň garaşsyzlygy Kutbiddin Muhammediň ogly **Atsyz**yň (1127–1156) ady bilen baglydyr.

Ilkibaşda Atsyz türkmenleri we gypjaklary özüne tabyn edýär. Horezm bilen ykdysady babatdan bagly bolan Syrderýa eteklerini we Maňgyşlak ýarymadasyny eýeleýär. Atsyz Kaspi deňziniň kenarlaryndan ta Syrderýanyň orta akymyna çenli bolan ýerlerde Horezmşalar döwletiniň düýbüni tutýar.

### Horezmşalar döwletiniň döreýşi

Atsyzyň syýasatyny onuň mirasdarlary **Ilarslan** (1156–1172) **Soltanşa Mahmyt** (1172) we **Tekeş** (1172–1200) dowam etdirýärler. XII asyryň ikinji ýarymynda Mawerannahrda we Horasanda syýasy ýagdaý ýene-de ýitileşýär. **1153-nji ýyl**da **Soltan Sanjar**a garşy göçme oguzlar gozgalaň turuzýarlar. Onuň netijesinde Seljuklar döwleti güýçli zarba uçrap, gowşaýar.

Ilki bilen ondan **Kiçi Aziýa** we **Kerman** bölünip çykýar. Soňra Pars, Azerbaýjan we Horasan welaýatlary garaşsyz bolýar. Şular ýaly syýasy ýagdaýda, şübhesiz, Horezmiň höküm sürýän çäkleri giňelip, onuň garaşsyzlygy has-da pugtalanýar. Horezm döwleti, aýratyn-da, Atsyzyň agtygy Tekeşiň döwründe has giňelýär. **1187-1193-nji ýyllar**da ol **Nişapur, Raý** we **Merw** şäherlerini zabt edýär. **1194-nji ýyl**da bolsa seljuklaryň soltany **Togrula** çym-petrak ediji zarba urup, Eýrany Horezme boýun egdirýär.

### Döwletiň çäginiň giňelmegi

Tekeşden soň onuň ogly **Alawuddin Muhammet** (1200–1220) hem Horezm döwletiniň çäklerini giňeltmek syýasatyny dowam etdirýär. **1206-njy ýyl**dan başlap Mawerannahry garahytaýlylardan azat etmäge girişildi. **1210-njy ýyl**da Talas jülgesinde

# HOREZMŞALAR DÖWLETI



garahytaýlylar ýeňlişe sezewar bolýarlar. Ýedisuwa çenli ýerler Horezmşalar döwletiniň ygtyýaryna geçýär.

**XIII asyryň başy**nda Horezm örän giň meýdany eýelän beýik döwlete öwrülipdi. Onuň demirgazyk-günbatar we günbatar serhetleri Aral we Kaspi deňziniň kenarlaryndan günorta-günbatarda Yraga çenli barýardy, günorta-gündogar çäkleri Gazna welaýatyndan, demirgazyk-gündogar araçägi bolsa Ýedisuw we Deşti Gypjakdan geçýärdi.

Gündogardaky bu uly döwletiň paýtagty **Ürgenç** şäheridi. Hökümdar Muhammet Horezmşa **«Isgenderi saniý»** diýlip atlandyrylýardy. Onuň köşgünde 27 hökümdar we olaryň wekilleri hemişe tabyn bolupdyrlar.

### Içki gapma-garşylyklar

Ýurt garahanlylaryň zulmundan gutulan bolsa-da, zähmetkeş halkyň ýagdaýy ýeňilleşmedi. Tersine, horezmşalaryň harby ýörişleri, talaňçylykdan ybarat salgyt syýasatyndaky eden-etdilik, emiriň we emeldarlaryň jebir-sütemi ýurduň raýatlarynyň maddy hal-ýagdaýyny iňňän agyrlaşdyrdy, halk hojalygy has pese düşdi. Elbetde bu ýagdaý şäher we oba zähmetkeşleriniň horezmşalara garşy narazylygyny artdyrdy. Netijede, **1210-njy ýyl**da Otraryň ilaty, **1212-nji ýyl**da bolsa, samarkantlylar gozgalaň turuzdylar. Muhammet Horezmşa gozgalaňlary rehimsizlik bilen basyp ýatyrýar.

Welaýatlaryň hökümdarlarynyň pitneleri, halkyň köp gatlaklarynyň narazylygy, goşunda we köşkde pitneleriň möwç almagy döwletiň durnuksyzlygynyň barha gowşaýanlygyny aýdyň görkezýärdi. Şonuň üçin hem bu döwlet köp ýaşamady.



1. Horezmiň garaşsyzlyk ugrundaky göreşleri we onuň hökümdary Atsyz hakynda aýdyp beriň.
2. Horezmşalar döwletiniň emele gelmegi hakynda näme bildiňiz?
3. Näme üçin Horezmşaha Isgenderi saniý diýip beýik at berlipdir?
4. Horezmşalaryň döwleti näme üçin gowşapdyr?

## 20-§. ORTA AZIÝALY AKYLDARLAR. YLYM-BILIMIŇ ÖSMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***«Baýt ul-hikme»; Beýik alymlar; Arap diliniň ähmiýeti; Hadys; Kelam ylmy; Fikh***

**«Baýt ul-hikme»**

IX–XII asyrlarda Mawerannahrda we Horasanda bolup geçen syýasy, sosial we ykdysady özgerişler ýurduň medeni durmuşyna hem güýçli täsir etdi.

Mawerannahr araplar tarapyndan basylyp alnandan soň, basylyp alnan beýleki ýurtlaryň hatarynda bu ülkede hem diňe bir yslam dini däl, eýsem arap dili we ýazuwy hem girizildi. Çünki arap dili halyfatlykda hem döwlet dili, hem ylym dilidi. Şol sebäpli arap diliniň orny we ähmiýeti artyp, ony öwrenmäge bolan isleg hem güýçlüdi.

Arap dilini we ýazuwyny gowy özleşdirip alan bilimli adamlar peýda bolupdyr. Şol wagt Bagdat şäheri Gündogaryň uly ylym we medeniýet merkezidi. IX asyrda bu şäherde **«Baýt ul-hikme»** açylypdy. «Baýt ul-hikmede» uly kitaphana, Bagdatda we Damaskda astronomik gözegçilikler alyp barar ýaly obserwatoriýalar bardy. Bu ylym dergähinde bilim alýanlar ylmy barlaglar bilen bir hatarda gadymy ýunan we hindi alymlarynyň ylmy mirasyny öwrenmek we terjime etmek bilen hem meşgullanýardylar. **Al-Horezmi, Ahmet al-Fergany, Ahmet al-Merwezi, al-Apbas Jawbary** we **Ýahýa bin Abi Mansur** ýaly Mawerannahrly we horasanly alymlar döredijilik bilen meşgullanyp, orta asyr ylmyna uly goşant goşupdyrlar.

**Muhammet ibn Musa al-Horezmi**

**Muhammet ibn Musa al Horezmi** (783–850-nji ýyllarda ýaşapdyr) gadymy Horezm diýarynda doglup, kämillige ýetýär. Ilkinji sowady we dürli ugurlardaky bilimi öz doglan ýurdy Horezmiň we Mawerannahryň şäherlerindäki ussatlardan öwrenipdir. Soňra ol halyf Mamunyň döwründe (813–833) “Baýt ul-hikmede” müdir bolup işleýär. Öz döwrüniň meşhur matematigi, astronomy we geografy hökmünde ylma uly goşant goşýar. Horezmi 20-den gowrak eser ýazypdyr. Şolardan diňe 10-sy biziň döwrümize çenli gelip ýetipdir. Matematika degişli eserleri **«Al-jabr wal-mukabala»**, **«Hindi hasaby hakynda»**,



**Al-Horezmi**

geografiýa degişli eserleri **«Kitob surat ul-arz»** (Ýeriň suraty), astronomiýa degişli eseri *«Zij»* we *«Üsturlob bilen işlemek hakynda kitap»*, taryha degişli eserleri *«Kitob at-tarih», «Ýahudylaryň takwimi we baýramlaryny anyklamak hakynda risola»* diýlip atlandyrylypdyr.

Hatda *«algebra»* adalgasy şu kitabyň *«al-jabr»* diýlip aýdylýan gysgaça adynyň aňladylmasydyr. Horezmi ady bolsa matematika ylmynda *«algoritm»* adalgasy şeklinde öz beýanyny tapdy. Onuň *«Al-jabr»* eseri asyrlaryň dowamynda nesilleriň elinde ýer ölçemek, ýap gazmak, jaý gurmak, miras paýlaşmak we beýleki dürli hasap we olçeg işlerinde gollanma bolup hyzmat etdi. Horezminiň bu eseri baryp XII asyrda Ispaniýada latyn diline terjime edilýär we täzeden işlenýär. Horezminiň arifmetik traktatynyň hind sifrlerine esaslanan onluk hasaplaýyş ulgamynyň Ýewropada, galyberse-de bütin dünýäde ýaýramagynda uly ähmiýete eýe boldy. Horezmi al-jabry özbaşdak ylym derejesine göterdi. Şeýlelikde, watandaşymyz Horezmi algebra ylmyna esas goýup, taryhda öçmejek yz galdyrdy.

## Ahmet al-Fergany

«Baýt ul-hikmede» işlän ýene bir beýik astronom, matematik we geograf *Abul Apbas Ahmet ibn Muhammet ibn Kasir al-Ferganydyr* (797-865-nji ýyllarda ýaşan). Ol Fergana jülgesindäki Kuwa şäherinde doglany üçin Gündogarda *Al-Fergany*, Ýewropada bolsa *Alfraganus* lakamy bilen meşhurlyk gazanypdyr. Ol astronomiýa, matematika we geografiýa ylymlary bilen meşgullanýar. Birnäçe ylmy we amaly işler ýazyp galdyrypdyr. Damaskdaky obserwatoriýada asman jisimleriniň hereketini we ýerleşişini anyklamak, täze zij (astronomik jedwel) döretmek işlerine ýolbaşçylyk edýär. **832–833-nji ýyllar**da Siriýanyň demirgazygyndaky Sinjar çölünde we ar-Rakka aralygynda ýeriň meridianynyň bir gradusynyň uzynlygyny ölçemäge gatnaşýar.

**861-nji ýyl**da Al-Ferganynyň ýolbaşçylygynda Nil derýasynyň kenarynda gurlan gadymy gidrometr – derýanyň akymynyň derejesini ölçeýji «Mikýos an-Nil» desgasy gaýtadan dikeldilýär.

Biziň günlerimize çenli Ahmet Ferganynyň sekiz eseri

saklanyp galypdyr. Olaryň arasynda *«Asman hereketleri we umumy ylmy astrologiýa»* kitaby hem bar. Bu kitap XII asyrda latyn diline terjime edilip, diňe bir musulman Gündogarynda däl, eýsem Ýewropa ýurtlaryndaky astronomiýa ylmynyň ösmegine ýol açdy. Ýewropada meşhur bolan beýik alymyň ady XVI asyrda Aýdaky kraterlerden birine dakyldy.



**Ahmet al-Ferganynyň heýkeli. Fergana şäheri.**

Garaşsyzlyk ýyllarynda Ahmet al-Ferganynyň gymmatly ylmy mirasy halkymyza gaýtarylyp berildi. **1998-nji ýylyň oktýabr**ynda alym Ahmet al-Ferganynyň dogulmagynyň 1200 ýyllygy bellendi. Fergana şäherinde onuň adyna bag döredildi we ol ýerde beýik alymyň heýkeli oturdyldy.

## Ymam al-Buhary

Dünýewi ylymlaryň alymlary bilen bir hatarda şu döwürde yslam taglymatynyň kämilleşmegi ugrunda mawerannahrly hadysçy ulamalaryň hem hyzmaty uly boldy. Bu barada aýratyn-da **Muhammet ibn Ysmaýyl al-Buhary** (810-870-nji ýyllarda ýaşan), onuň döwürdeşi we şägirdi Abu Isa Muhammet at-Termiziniň (824-894 ýyllarda ýaşan) goşantlary örän uludyr.



**Samarkantdaky Ymam al-Buharynyň ýadygärligi.**

**Ymam al-Buhary** yslam taglymatyna degişli ýigrimiden gowrak eserleri ýazdy. Onuň ýekeje *«Al-jome as sahih»* eserine 7275 hadys girizilipdir.

**1998-nji ýylyň oktýabr**ynda beýik akyldar Ymam al-Buharynyň dogulmagynyň 1225 ýyllygy bellenildi. Samarkandyň golaýyndaky

**Hartang** obasynda *«Ymam al-Buhary ýadygärlik toplumy»* guruldy. 4 tomluk *«Al-Jome as-sahih»* kitaby ilkinji gezek özbek dilinde neşir edilip, okyjylara ýaýradyldy.

*** Hadys (arapça: rowaýat, nakyl) — Yslam dininde Gurhandan soňky mukaddes çeşme, Muhammet pygamberiň (s.a.w.) işi we görkezmeleri barada toplanan maglumatlar ýygyndysy.**

**Abu Mansur al-Moturidi**

Kelam ylmynyň ösmegine uly goşant goşan beýik alym **Abu Mansur al-Moturidi** (870–944) Samarkandyň golaýyndaky Moturid obasynda doglan. Al-Moturidi yslam edebiniň düzgünlerinden, ruhy-ahlak kämilliginiň syrlaryndan tälim bermäge niýetlenen birnäçe ylmy eserler ýazypdyr. Olardan *«Kitob at-Tawhid»* («Allanyň birligi») we *«Tawilot ahl as-sunna»* («Sünnilik dessurlarynyň düşündirilişi») atly eserleri saklanyp galypdyr. Olarda dini tag-lymatyň, yslam urp-adatlarynyň ynsanyň kämilleşmegindäki, dünýägaraýşy-nyň şekillenmegindäki manysy düşündirilýär. Al-Moturidi 944-nji ýylda Samarkantda aradan çykypdyr.



**Abu Mansur al-Moturidiniň ýadygärligi. Samarkant.**

Garaşsyzlygyň alynmagy bilen dini gymmatlyklarymyzyň dikel-dilýän Watanymyzda **2000-nji ýylyň noýabr**ynda Ymam al-Moturidiniň dogulmagynyň 1130 ýyllygy bellenildi. Samarkantda al-Moturidiniň hatyrasyna bagyşlanan ýadygärlik toplumy bina edildi, eser-leri özbek dilinde neşir edildi.

**Yslam äleminde «Musulmanlaryň ygtykadyny dürseýän» diýen ýokary hormata mynasyp bolmagy bu gymmatly şahsyň ýokary akyl-paýhasyny we durnuklylygyny delillendirýär.**

**Islam Karimow. «Belent ruh – ýeňilmez güýç»**

1. «Baýt ul-hikme» barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Ahmet al-Ferganynyň we Horezminiň matematika ylmynda tutýan orny nämelerden ybarat?
3. Ymam al-Buharynyň we Abu Mansur al-Moturidileriň ylmy mirasynyň ähmiýeti barada nämeleri bilýärsiňiz?

## 21-§. MAWERANNAHRYŇ WE HOREZMIŇ MEDENI DURMUŞYNDA TÄZE DÖWÜR (IX–XIII ASYRYŇ BAŞLARY)

### Medeni we ruhy galkynyş

IX asyryň ikinji ýarymynda halyfat agalygy ýatyrylansoň, Samanylaryň häkimiýet başyna geçmegi bilen medeni durmuşyň ösmegi üçin giň ýol açylýar. Mawerannahryň medeni durmuşynda galkynyş döwri başlanýar.

**Buhara, Samarkant, Ürgenç, Merw, Balh, Nişapur** ýaly merkezi şäherlerde kitaphanalar, kitap dükanlary gurlan. Mawerannahr we Horezm dünýä ylmynyň we medeniýetiniň ösmegine uly goşant goşan beýik alymlary öz gujagynda terbiýeläp ýetişdirdi.

**1004-nji ýyl**da şekillenen **«Dorul hikmet we maorif»** («Hikmet we magaryf öýi») – «Mamun akademiýasynyň» esasyny **Abu Nasyr ibn Yrak** (X a. – 1034), **Abulhaýyr ibn Hammar** (991–1048), **Abu Şaýh Masihi** (970–1011), **Abu Reýhan Biruny** (973–1048), **Abu Aly ibn Sina** (980–1037) we beýlekiler tutupdyrlar.

**1017-nji ýyl**da Mahmyt Gaznawy Horezme çozup giripdir. «Dorul hikmet we maorif» işlemegini bes edipdir, alymlaryň köpüsi Gazna şäherine mejbur edilip äkidilipdir.

«Horezmiň Mamun akademiýasyny täzeden guramak hakynda» **1997-nji ýylyň 11-nji noýabr**ynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Permany çykdy. **2006-njy ýylyň güýzünde** Respublikamyzda «Horezmiň Mamun akademiýasynyň» döredilmeginiň 1000 ýyllygy bellenildi.

### Abu Nasr Faraby

**Abu Nasr Faraby 873-nji ýyl**da Aris suwunyň Syrderýa guýýan ýerinde ýerleşýän Farab şäherinde doglan. Ol ilki ene şäherinde, soňra Samarkant, Buhara we Bagdatda bilim alýar. Ömrüniň ahyrlarynda Halap we Damask şäherlerinde ýaşan. Faraby *hasap, pelek, tebibçilik, saz, mantyk, filosofiýa, dil, terbiýeşynaslyk* we *edebiýat* ugurlarynda döredijilik edipdir.



Abu Nasr Faraby

Ol 160-dan gowrak eser ýazyp, orta asyrlaryň ylmyna we medeniýetine uly goşant goşdy. Olaryň arasynda *«Arastunyň «Metafizika» eserine düşündiriş», «Sazçylyk kitaby», «Bagtlylyga ýetmek hakynda», «Janly jandarlaryň agzalary hakynda», «Bilimli adamlaryň şäheri»* we başga ençeme eserleri möhüm ähmiýete eýe bolupdyr. Faraby Gündogarda Arastudan soňky beýik akyldardyr. Ol *«Muallim us saniý»* ady bilen şöhrat gazanypdyr.

## Abu Aly ibn Sina

**Abu Aly ibn Sina** 980-nji ýylda Buharanyň golaýyndaky **Afşana** obasynda ýerli emeldaryň maşgalasynda dünýä inýär. Mekdebi tamamlandan soň ussady Abu Abdullahdan logika, filosofiýa, matematika we fikh ylymlaryny öwrenýär. 16 ýaşyndan başlap dürli ylymlar boýunça Gündogar we Günbatar alymlarynyň ylmy eserlerini özbaşdak öwrenýär. Aýratyn-da, ol medisina ylmynyň gadymy alymlary **Gippokrat**yň we **Galen**iň hem-de orta asyr Gündogarynyň beýik hekimi **Abu Bekir ar-Razy**nyň (865–925) eserlerini öwrenýär.



Abu Aly ibn Sina

**Ibn Sina** on ýedi ýaşynda abraýly hekim we alym bolup ýetişýär. Ol emir Nuh ibn Mansury bejerip, samanylaryň köşk kitaphanasyndan peýdalanmaga rugsat alýar. Ibn Sina ykbalyň emri bilen Gürgençdäki (Ürgençdäki) Horezmşa Mamun akademiýasynyň alymlarynyň hatarynda döredijilik bilen meşgullanýar. **1037-nji ýyl**da aradan çykýar. **Hemedan**da jaýlanylýar.

**Ibn Sina** 450-den artyk, şol sanda, lukmançylyga degişli 43 eser ýazypdyr. Onuň 5 jildli *«Al-kanun fittib»* («Tib



*** Abu Ali ibn Sina Gündogarda «Şeýh ur-rais», Günbatarda bolsa «Awisenna» atlary bilen şöhrat gazanypdyr.**

kanunlary») atly ensiklopedik eserinde dürli keselleriň gelip çykyşynyň sebäpleri we çeşmeleri, keselleri anyklamagyň, olary bejermegiň usullary, derman ösümlikler we däri-dermanlaryň aýratynlyklary, berhez, ynsanyň sag-lygy üçin beden terbiýäniň ähmiýeti ýaly medisinanyň köp sanly iňňän möhüm meselelerine aýratyn üns berlipdir. Onuň *«Al-kanun fit-tib»* eseri baryp XII asyrda *latyn* diline terjime edilip, tä **XVII asyra çenli** Ýewropa medisinasynda esasy gollanma hökmünde peýdalanylypdyr.

## Abu Reýhan Biruny

**Abu Reýhan Biruny** (973–1048) Horezmiň Kät şäherinde doglup, Ürgençde bilim alypdyr. Horezmşa **Abul Apbas Mamun II**-niň köşgünde ýygnanan alymlar bilen birlikde Mamun akademiýasynda ylym bilen meşgullanypdyr. Horezm 1017-nji ýylda Mahmyt Gaznawy tarapyndan basylyp alnandan soň Biruny beýleki alymlar bilen birlikde Gazna şäherine alnyp gidilýär we ömrüniň ahyryna çenli şol ýerde işläpdir we ýaşapdyr. Biruny **1048-nji ýyl**da **Gazna**da aradan çykypdyr.

Birunynyň astronomiýa, geografiýa, matematika we taryh ylymlary boýunça 160-dan gowrak eseri biziň günlerimize çenli gelip ýetipdir. Onuň «Gadymy halklardan galan ýadygärlikler», «Hindistan», «Mineralogiýa», «Geodeziýa» ýaly eserleri şolara degişlidir. Ol özüniň astronomiýa degişli eserlerinde Kopernikden bäş asyr diýen ýaly ozal Ýeriň Günüň daşynda aýlanýanlygy hakyndaky pikiri orta asyrlarda ilkinji bolup öňe sürdi. Biruny Ýeriň togalak görnüşdedigini subut edip berdi. Ol 1029 sany ýyldyzlaryň koordinatlary we ululyklary görkezilen tablisany we dünýäniň geografiki kartasyny düzüpdir. Birunynyň uly ylmy we filosofik mirasynyň dünýä ylmynyň we medeniýetiniň hazynasyna goşulan uly goşantlygy şübhesizdir.


**Abu Reýhan Biruny**

Garagalpagystanda şäher, Özbegistan Respublikasynyň Ylymlar akademiýasynyň Gündogarşynaslyk instituty, Daşkent Döwlet Tehniki uniwersitet Birunynyň adyny göterýär. Özbegistan Respublikasynyň Biruny adyndaky Döwlet baýragy döredildi.

### Mahmyt az-Zamahşary

**Abulkasym Mahmyt az-Zamahşary 1075-nji ýyl**da Horezmiň Zamahşar obasynda dünýä inipdir. Ylma bolan uly höwesi onuň Buharada, Merwde, Nişapurda, Yspyhanda, Şamda, Bagdatda, Hyratda we Mekgede ýaşap, arap dilini we edebiýatyny, dini ylymlary, hatdatlyk sungatyny, arap nakyllaryny we urp-adatlaryny çuňňur öwrenmegine sebäp bolýar. Ol sebitiň geografiýasyna degişli maglumatlary toplaýar.

Mahmut Zamahşary dürli ugurdaky ylymlara degişli 50-den gowrak eser ýazyp galdyrypdyr. Aýratyn-da, onuň arap diliniň fonetikasyna we morfologiýasyna bagyşlanan *«Al-Mufassal»*, Gurhany Kerimiň düşündirilişine degişli *«Al-Kaşşaf»* eseri musulman dünýäsinde has meşhurdyr. Zamahşarynyn ady *«Araplaryň we gaýry araplaryň mugallymy», «Horezmiň buýsanjy»* ýaly hormatly atlar bilen tutulypdyr. Kairdäki dünýä belli Al-Azhar dini uniwersitetiniň talyplary Gurhany Kerimi şu günler hem «Al-Kaşşafyň» esasynda öwrenýärler.

### Burhaniddin al-Marginany

Meşhur hukukşynas alym **Burhaniddin al-Marginany** 1123-nji ýylda Fergana jülgesiniň Riştan şäherçesinde doglupdyr. Al-Margianynyň iň gymmatly eseri arap dilinde ýazylan dort tomluk *«Hidaýa»* eseridir. Bu yslam hukukşynaslygy boýunça kämil eser bolup, birnäçe asyrlaryň dowamynda musulman ýurtlaryndaky hukukşynaslar üçin hem nazary, hem amaly gollanma bolup geldi. Kitap birnäçe dillere terjime edilipdir. Häzirki wagtda hem möhüm çeşme hökmünde peýdalanylýar.

2000-nji ýylda al-Marginanynyň 910 ýyllygy bellenildi.

### Türki ýazma edebiýaty

Şu döwürde Mawerannahrda we Gündogar Türküstanda türki halklaryň gadymdan dowam edip gelýän agzeki edebiýaty bilen birlikde ýazma edebiýat ýüze çykýar. Birnäçe iri eserler ýazylýar. Olardan iň gymmatlysy **Ýusuf hos Hojibi**ň (XI asyr) *«Kutadgu bilig»* (Bagta alyp barýan ýol), **Mahmyt Kaşgarly**nyň *«Dewoni lugatit-türk»*, **Ahmet Ýugnaki**niň *«Hibat ul-Hakoýid»*, **Ahmet Ýasawy**nyň *«Hikmet»* ýaly eserleri şolara degişlidir.

Bu döwür türki edebi diliniň, hususan-da, köne özbek we uýgur dilleriniň ýüze çykmagynda hem möhüm basgançak boldy.

1. Näme üçin IX-XII asyrlarda ýurdumyzda ylym-bilim ýokary derejede ösüpdir?
2. «Ikinji mugallym» – Farabynyň döredijiligi barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Dünýä ylmynda Ibn Sinanyň eýeleýän ornuna baha beriň.
4. Birunynyň we Zamahşarynyň döredijiliklerini aýdyp beriň.

## 22-§. BINAGÄRLIK, SUNGAT, SAZ WE DINI YNANÇLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***Binagärlik; Sungat; Din; Tasawwuf; Tarykat; Aňyýet***

**Binagärlik we sungat**

Orta asyr jemgyýetiniň sosial-syýasy gurluşy we yslam dininiň aňyýeti medeni durmuşyň bu ugruna hem güýçli täsir etdi. **Samarkant, Buhara, Ürgenç, Termez, Uzgen** we **Merw** şäherlerinde bu döwürde köp sanly köşkler, metjitler, medreseler, minaralar, mawzoleýler, ýapyk bazarlar we kerwensaraýlar gurlupdyr. Buhara şäherindäki *Ysmaýyl Samany* mawzoleýi, *Namazgäh* metjidi, *Minarai Kalon* hem-de *Wabkent* we *Jarkurgandaky minaralar* we köp sanly beýleki binalar şol döwrüň binagärlik nusgalarydyr. Bu ýadygärlikler özboluşly binagärligiň ösenliginden habar berýär.

Bu döwürde ýonulan daşdan, bişen kerpiçden we suwa çydamly gurluşyk garyndylaryndan dürli suw desgalary: suw howdanlary – bentler, nowalar, köprüler, sardobalar we kärizler gurulýar. Bular ýaly desgalaryň ölçegleri matematiki taýdan iňňän takyk bolupdyr. Meselem, **X asyr**da Nurata daglaryndaky Pesdag deresi beklenip gurlan **Hanbendi** atly suw howdanyna 1,5 mln. kub. metr suw toplanypdyr. Bent granit daşyndan we suwa çydamly gurluşyk garyndylaryndan gurlupdyr. Bu suw howdany gurlanda



**X asyr suw howdanynyň bendi — Hanbendi.**

suwuň wertikal we gorizontal basyş güýji we bu töwereklerde ýygy-ýygydan bolup durýan ýerasty sarsgynlarynyň güýji hem hasaba alnypdyr. Bu, şübhesiz, **XVII asyr**yň meşhur fransuz fizigi **Blez Paskal** tarapyndan suwuň basyş güýji hakyndaky kanunyň açylmagyndan tas 7 asyr ozal mawerannahrly inženerlere mälim bolanlygyndan habar berýär.

**X asyr**dan başlap binagärçilikde nigirik ymaratlary gurmaklyk gin ýaýrapdyr. *Ýeke nigirikli* we *goşa nigirikli* binalaryň aşaky böleginde başlap sütünleridir gaşlaryna we çarhowiklerine çenli agaçlary seplemek usulynda gurlup, nigirikleriň aralary çig kerpiçden ýa-da tokga laýdyr kesekler bilen örülipdir. Şeýle görnüşdäki ymaratlary gurmak däbi häzire çenli saklanyp galypdyr. **Afrasiýab, Warahşa, Buhara** we **Paýkent** şäherleriniň harabalarynda gazylyp açylan ýaşaýyş jaýlarynyň galyndylaryndan belli bolşy ýaly, X-XI asyrlarda hem **pagsa**dan we **çig kerpiç**den gurlan ymaratlar şäher arhitekturasynda esasy orun tutupdyr.

### Nakgaşlyk, haşamçylyk we hatdatlyk

IX–XII asyryň başlarynda arhitektura bilen birlikde nakgaşlyk we haşamçylyk sungaty hem ösýär. Ymaratyň portaly girelgesi, gapysy we diwarynyň käbir bölekleri dürli mazmundaky ýazgylar bilen bezelipdir.

Bu döwürde hatdatlyk halk sungatynyň möhüm we giň ýaýran ugurlaryndan biridi. Heniz kitap çap etmeklik oýlanyp tapylmanka, golýazma kitaplardan nusgalaryň golda göçürilip ýazylýanlygy sebäpli hatdatlyk sungaty ep-esli ösüpdi. Dürli stilde owadan edilip ýazylan hatdatlyk nusgalary arhitektura nagyşlarynda hem durmuşy mazmun we estetik lezzet beriji bezeg hökmünde ulanylypdyr.

### Saz sungaty

IX–XIII asyrlaryň başlarynda saz sungaty hem uly ösüşe eýe bolupdy. Baýramlar, toýlar, halk seýilleri we beýleki däp-dessurlar, elbetde aýdym-sazsyz geçmeýärdi. Bu döwürde sazandalar ud (arfa), tambur, gopuz, rubab, surnaý, naý, kernaý, goşa naý we konun ýaly iňňän köp dürli tarly, üflenip çalynýan we kakylýan saz gurallaryndan giň peýdalanypdyrlar.

Halk heňleriniň esasynda täjik we özbek halklarynyň meşhur mukamy bolan *«Saşmukam»* üçin esas bolan *«Rost», «Husrawaniý», «Boda», «Uşşak», «Zerafkanda», «Buzruk»,*

*«Sipahan», «Nawo», «Tarona»* ýaly täze-täze mukamlar döredilipdir. Saz sungatynyň şygryýet hem-de sazşynaslyk ylmy bilen aýrylmaz bagly ýagdaýda ösýänligi elbetde bellidir.

### Din

IX–XII asyrlaryň ruhy durmuşynda yslam dini möhüm orun eýeleýär. Bu döwürde musulman Gündogarynda giňden ýaýrap, dünýä dini derejesine göterilen yslam dini we şerigat musulman dünýäsiniň aňyýetine öwrülýär. Mawerannahryň ilaty yslam dinini kabul edip, şerigatyň düzgünlerini ýerine ýetirmäge, arap dilini we ýazuwyny ornaşdyrmaga girişdi. Merkezi şäherlerde birnäçe metjitler we medreseler guruldy.

**XII asyr**da bolsa Buharanyň Derwezei Mansur mähellesinde hatda kanunşynaslar üçin ýörite *«Fakihler medresesi»* gurlupdyr. Bular ýaly ýokary okuw jaýynda esasan yslam dini taglymatynyň esasy çeşmelerini: Gurhany Kerimi, Hadyslary we arap dilini kämil öwrenmäge uly üns berlipdir. Serigatyň düzgünlerini her taraplaýyn çuň öwrenmekde *«Tafsir»* – Gurhany Kerimiň düşündirişleri örän baý we gymmatly çeşme hasaplanypdyr. Fikh ylmy (yslam hukukşynaslygy) ahlak we şerigat kadalary hakynda doly maglymat berýär.

Yslam dini taglymatynyň ösmeginde we ýaýramagynda Buhara şäheri merkeze öwrülýär. Buhara medreselerinden örän köp sanly güýçli hukukşynas alymlar, kazylar, ymamlar ýetişipdir. Şol sebäpli **Buhara IX asyr**dan başlap *«Kubbat ul-islam»* – *«Yslam dininiň gümmezi»* ady bilen şöhrat gazanýar.

### Tasawwuf

Tasawwuf orta asyrlaryň musulman Gündogarynda giň ýaýraýar. Bu taglymat deslap VIII asyryň ortalarynda Yrakda ýüze çykypdyr.

Tasawwuf taglymatynyň esasynda ynsanyň işi we kämilligi ýatýar. Türküstanyň we Mawerannahryň dürli ülkelerinde tasawwufyň dürli ugurlary peýda bolýar. Türküstanda **XII asyr**da *Ýasawiýa*, **XII asyryň ahyrynda** Horezmde *Kubrawiýa*, **XIV asyr**da Buharada *Nagyşbendiýa* we başgalar ýüze çykýar.

Mawerannahrda sufizmiň giň ýaýran ugry *Ýasawiýa* tarykaty bolup, ony *Ahmet Ýasawy* esaslandyrýar. Tarykatyň esaslary Ýasawynyň meşhur *«Hikmet»* eserinde beýan edilýär. Ahmet Ýasawynyň pikiriçe, *şerigatsyz tarykat, tarykatsyz magryfat, magryfatsyz hakykat* bolmaýar. Olaryň biri beýlekisiniň üstüni

ýetirýär we kämilleşdirýär. Ýasawynyň tarykatynyň esasynda kämillige ýalňyzlyk we terkidünýälik arkaly ýetip bolar diýen taglym öňe sürülýär. Oňa diňe bu dünýäniň rahatyndan we asuda ýaşaýşyndan ýüz öwrüp, ýalňyzlykda hudaýa baş egýän we ybadat ýolunda, maşakgatly zähmet çekip, kynçylyklara döz gelip bilýän adam ýetip biler. Umuman, Ýasawynyň tarykatynda muşakgatly zähmet we azaply şerigat ýolunda bolmak hem-de terkidünýälik wagyz edilse-de, adam ogly mukaddesligiň derejesine göterilýär. Adamyň islendik baýlykdan üstündigi nygtalýar.

*** Tasawwuf (sopuçylyk) — musulmanlary halallyga, päklige, deňlige, adamyň gadyr-gymmatyny ýere urmazlge çagyrýan, her kimi özüniň halal zähmeti bilen ýaşamaga, başgalaryň güýjünden peýdalanmazlyga çagyrýan taglymat**
*** Tarykat — tasawwuf düzgünlerine amal edip ýaşamagy, ýagny, kämil ynsan derejesine göterilmegi görkezýän ýol**

Tasawwuf ylmynyň beýik alymlaryndan ýene biri **Nejmetdin Kubra**dyr (1145–1221). Ol Horezmde *«Kubrawiýa»* tarykatyny esaslandyrypdyr.

Ýasawiýa tarykatyndan tapawutlylykda Kubrawiýa tarykaty terkidünýäligi ret edýär. Kämillik ýolunda alnyp barylýan maşakgatly zähmetde bu dünýäniň näz-nygmatlaryndan lezzet almagyň mümkinligi hakyndaky taglym ileri tutulýar. Kubrawiýa tarykatynda halka we Watana bolan söýgi örän güýçli bolup, islendik agyr pursatda hem köpçülik bilen bile bolmaga, Watany goramaga we onuň garaşsyzlygy üçin göreşmäge çagyrylýar.

Tasawwuf XIV asyrda nagyşbendiýa tarykatynda ýene-de ösdürilýär. Tasawwuf bu ugruny **Bahaweddin Nagyşbendi** esaslandyrýar. Ol **1318-nji ýyl**da Buharanyň golaýyndaky **Kasri Hinduwan** obasynda matalara nagyş basýan hünärmentiň maşgalasynda dünýä inýär. Ýaşlygynda okamak we tälim almak bilen bir hatarda mata gül goýmagy gowy öwrenip, ata kesbi bolan nakgaşlygy ele alýar.

**Hoja Bahawetdin** *«Haýatnama»* we *«Dalil al-aşikin»* atly eserleri ýazyp, öz tarykatyny döredýär. Nagyşbendiýa tarykaty

Mawerannahrda, Horasanda we Horezmde giňden ýaýraýar, onuň tarykaty ynsanlary halal we päk bolmaga, öz zähmeti bilen güzeran görmäge, mätäçlere haýyr-yhsan kömegini etmäge ak ýürekli we kanagatly bolmaga çagyrýar. Onuň *«Dil ba ýori dast ba kor»* (“köňül Allada bolsun, el iş bilen bent bolsun”) diýen hikmeti Nagyşbendiýa ratykatynyň durmuşy manysyny aňladýar. Ol terkidünýäligi terk edip, zähmetsöýerligi, adyllygy we sowatlylygy wagyz edýär. Nagyşbendiýa taglymatynyň ösmegine soňky asyrlarda **Alyşir Nowaýy, Abdyrahman Jamy, Hoja Ahrar** ýaly beýik alymlar uly goşant goşupdyrlar.

Garaşsyzlygyň alynmagy bilen **Ahmet Ýasawy, Nejmeddim Kubra, Bahaweddin Nagyşbendi** ýaly ata-babalarymyzyň eziz atlary dikeldildi, olaryň okan, ýaşan ýerleri abatlanyldy. Eserleri çap edilip, olaryň gymmatly ruhy miraslaryndan häzirki nesiller lezzet alýarlar. Yslam ideologiýasy we sopuçylyk taglymaty esasynda ata-babalarymyz kämilleşip, özlerinden öçmez taryhy yz galdyrypdyrlar.

**1.** Arhitekturada gazanylan üstünlikler hakynda aýdyp beriň.
**2.** Saz sungatyndaky medeni miras hakynda näme bildiňiz?
**3.** Ruhy durmuşda yslam dininiň ähmiýeti nämede diýip pikir edýärsiňiz?
**4.** Tasawwuf nähili taglymat, ol nähili ýagdaýda ýüze çykypdyr?
**5.** Ýasawiýa tarykatynyň esasynda nähili garaýyşlar ileri tutulýar?
**6.** Kubrawiýa taglymatyndaky watansöýüjilik taglymlaryny aýdyp beriň.
**7.** Nagyşbendiýa tarykaty adamlary nämä çagyrýar?

## 23-§. ETNIK PROSESLER WE ÖZBEK HALKYNYŇ ŞEKILLENMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Etnik proses; Özbek halky***

**Etnik proses**

Dünýädaki beýleki halklar ýaly, özbek halkynyň şekillenmegi hem uzak ýyllaryň dowamynda emele gelen etnik prosesleriň önümidir.

Özbekler aýratyn etnik birlik (halkyýet) bolup, Mawerannahrda, Horezmde, Ýedisuwda, kem-käsleýin Gündogar Türküstanyň günbatar sebitlerinde şekillenipdir. Özbek hal-

*** Etnik proses – gelip çykyşy bir-birine ýakyn bolan dürli taýpalaryň we halkyýetleriň asyrlaryň dowamynda goşulyşmagy.**

kynyň esasyny häzirki Özbegistanyň çäklerinde gadymdan bäri oturymly ýaşap, suwarymly ekerançylyk, hünärmentçilik bilen meşgullanyp gelen ýerli *sogdylar, bahtarylar, horezmiler, ferganalylar,* ýarym çarwadar *kanglylar,* göçme *sak-massaget* ýaly etnik toparlar düzüpdir. Şeýle hem, Günorta Sibirden, Altaýdan, Ýedisuwdan, Gündogar Türküstandan hem-de Wolga we Ural derýalarynyň boýlaryndan dürli döwürlerde Mawerannahra gelen etnik komponentler hem özbek halkynyň etnogenezine gatnaşypdyrlar. Ýokarda atlary agzalan etnoslar, esasan, türki we gündogar Eýran dillerinde gepleşipdirler.

Amyderýanyň we Syrderýanyň aralygynda ýokarda atlary agzalan taýpalaryň we halklaryň etnik babatdan garyşmak prosesiniň netijesinde oturymly ýaşaýşa uýgunlaşan türki territorial giňişlik, özbek halkyna mahsus antropologik keşp şekillenýär.

Biziň e.öň.III asyrda Syrderýanyň orta akymynda emele gelen Kang döwletiniň döwründe türki dilli etnoslar agdyklyk edip, özüne mahsus medeniýet şekillenýär. Arheologik eserlerde bu medeniýete **«Gawunçy medeniýeti»** diýilýär. Antropolog alymlaryň bellemeklerine görä, hut şu döwürlerde Orta Aziýanyň jülgelerinde we oazislerinde ýaşaýan ilatyň daşky keşplerinde häzirki özbek we oazis täjiklerine mahsus bolan antropologik tipi (keşbi) doly şekillenýär.

Özbekleriň etnogenezine gatnaşan nobatdaky etnik toparlar *kuşanlar* hem-de IV–V asyrlarda Orta Aziýanyň merkezi welaýatlaryna girip gelen *hyýanylar, kidariler* we *eftallardyr.*



*** Özbek halkynyň esasyny sogdylar, baktriler, horezmiler, ferganalylar, şaşlylar we sak-massagetler düzüpdir.**

*** Mil. öň. III asyrda «Gawunçy medeniýeti» we Orta Aziýanyň antropologik keşbi doly şekillenýär.**

*** Türküstan – türki ilatyň ornaşan ülkesi**

Şeýle hem özbekleriň etnogenezine Türk hakynlygy döwründe Orta Aziýanyň merkezi bölegine we Horezme gelip oturymlaşan türki taýpalar işjeň täsir edipdir. Gelip giren türki etnik komponentleriň we ýerli ilatyň arasyndaky etnik-medeni gatnaşyklaryň ösmegi netijesinde türki gatlagyň medeni üstünlikleriniň medeni-hojalyk däpleri bilen çalt uýgunlaşmagy bolup geçdi. VII asyrdan başlap ülkämiz «Türküstan» diýlip atlandyrylyp başlandy.

**Özbek halkynyň emele gelmegi**

VIII asyrda arap we beýleki halklaryň Orta Aziýa girip gelmegi sebitdäki etnik proseslere uly täsir etmedik bolsa-da, bu döwürde Mawerannahrdaky oturymly we ýarym oturymly türki dilli ilat, sogdylar we Horezmiň düýp oturymly ýerli ilaty öz çäklerinde galyp, araplaryň gol astynda yslam ynanç birligi uýgunlaşypdyr.

IX asyrda Mawerannahrda bitewi türki etnik gatlak, türki gepleşik dili ýüze çykyp başlady we öz gezeginde sogdylarda we beýleki ýerli etnoslarda hem türkileşmek prosesi güýçlenipdir. Bu döwürde Mawerannahrda we Horezmde türki etnik gatlak güýçli etnik esasa eýe bolup, bu gatlamyň esasynyň aglaba köpçüligini oturymlylaşan türki etnoslar tutupdyr.

Garahanlylar döwründe Mawerannahrda we Horezmde syýasy häkimiýetiň türki dinastiýalara geçmegi bilen bolup geçen etniki prosesler özbek halkynyň şekillenmeginde jemleýji basgançak boldy. Hut şu agzalan döwürde özbek halkyna mahsus etnik faktorlar şekillenipdir. Şu döwürde özbekleriň umumyhalk dili emele gelipdir.

Şeýlelikde, asyrlaryň geçmegi bilen ýurdumyzda bolup geçen gaty çylşyrymly syýasy ýagdaýda yzygiderli dowam eden etniki prosesleriň netijesinde IX-XII asyrlarda özbek halky şekillendi. Onuň esasyny, düýp köküni ülkämizde ömürboýy ýaşap gelen oturymly ekerançy we ökde çarwadar düýpli ýerli ilat düzdi. Şeýle iki dürli durmuş ýörelgelerindäki ilat gadymdan iki dilde: *sogd* we *türki* dillerde gepleşipdirler. Bu özboluşly iki diller esasynda *«sogd ýazuwy»* we *«türk bitikleri»* ýazuwy emele gelipdir. Şübhesiz, asyrlaryň dowamynda barha giňelen özara ykdysady we medeni aragatnaşyklaryň uýgunlaşmagy netijesinde

özbek we ençeme doganlyk halkyýetleriň ata-babalaryny jebisleşip birleşmäge getiripdir. Entek ýazuw döremänkä başlanan şeýle uly etnogenetik prosesiň yzlary ýurdumyzyň ýer atlarynyň manysynda öz beýanyny tapypdyr.

*** IX–XII asyrlarda özbek halky şekillendi. Onuň esasyny ülkämizde ýaşap gelen ekerançy we çarwadar düýpli ýerli ilat düzdi.**

*** Mawerannahrda ýerleşen ilat gadymdan iki dilde: sogd we türk dillerinde gepleşipdirler.**

1. Ulkämizde bolup geçen etniki prosesler hakynda aýdyp beriň.
2. Özbek halky nähili şekillendi?
3. Özbek halkynyň ata-babalary kimler bolupdyr?
4. Özbek we Özbegistan atlary nähili manylary aňladýandygy barada pikirleniň.



# IV BAP
# WATANYMYZYŇ HALKLARYNYŇ ÇINGIZHANYŇ BASYBALYŞLARYNA WE ZULMUNA GARŞY AZATLYK GÖREŞI

## 24-§. HOREZMŞALAR PATYŞALYGY BILEN MONGOLLAR DÖWLETINIŇ ARASYNDAKY GATNAŞYKLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***Mongol taýpalary; Bitewi döwlete birleşmek; Horezmşalar döwletiniň pese gaçmagy***

### Mongollar döwleti

XI asyrda mongol taýpalarynyň durmuşynda heniz urug-aýmakçylyk gatnaşyklary diýseň güýçlüdi. Olar esasan göçme halk bolup, çarwaçylyk, awçylyk we özaralarynda önüm alyp-çalyşmak bilen meşgullanýardylar. Bu döwürde mongollaryň uruglarynyň we taýpalarynyň arasynda özara uruşlar giňden ýaýbaňlanypdy. Mongollaryň urug başlyklarynyň arasyndaky özara göreşlerde **Temuçin** (1155–1227) üstün çykýar. **1206-njy ýyl**da mongollaryň urug we taýpa başlyklarynyň Onon derýasynyň boýunda çagyrylan gurultaýynda Temuçin **beýik han** (koon) diýlip yglan edilýär oňa **«Çingiz»** lakamy berilýär we Mongol döwleti esaslandyrylýar.



**Çingizhan**

Çingizhan köp sanly gowy ýaraglanan, düzgün-nyzamly we ykjam goşun we 10 müň türk edermenlerinden **kezik** (keşik) – sakçylar bölümini düzüp basybalyjylykly uruşlara başlaýar.

### Goňşy döwletleriň basylyp alynmagy

**1206-njy ýyl**da deslap naýmanlar boýun egdirilýär. **1207–1208-nji ýyllar**da Enesaý basseýni, soňra Ýedisuw welaýatynyň demirgazyk bölegi basylyp alynýar we uýgurlar boýun egdirilýär.

**1211–1215-nji ýyllar**da Çingizhan birnäçe gezek Hytaýa hüjüm edip, Demirgazyk Hytaýyň merkezi – **Szindi** (Pekin) şäherini gabap Szin dinastiýasyny tagtdan düşürýär. Demirgazyk Hytaýyň ýerleri Mongol döwletine goşulyp alynýar. Çingizhan Hytaýdan köp oljalar, gyrnaklar bilen harby ýarag ýasaýan we olary ulanyp bilýän ökde hünärmentleri hem Mongoliýa alyp gelýär. Şeýdip ol öz goşunyny döwrüň iň gowy ýaraglary bilen üpjün edýär.

Çingizhan **1218–1219-njy ýyllar**da Gündogar Türküstan we Ýedisuw welaýatlaryny garşylyksyz diýen ýaly ele alyp, bu ýerdäki Kuçluk döwletini ýok etdi. Şonuň bilen Gobi sährasynyň gündogar araçäklerinden tä Taňrydag (Týanşan) daglarynyň günbatar eteklerine çenli bolan welaýatlar Mongol döwletiniň hökümdarlygy astynda birleşdirilipdi. Şeýdip Mongol döwletiniň günbatar çäkleri Soltan Muhammet Horezmşanyň patyşalygynyň araçäklerine gös-göni ýanaşýardy.

### Özara ilçilik gatnaşyklary

Çingizhan we Horezmşa bir-biriniň güýç-kuwwatyny bilmek we bu hakda maglumat toplamak üçin çalyşypdyrlar. Özaralarynda hatda ilçilik gatnaşyklaryny hem ýola goýupdyrlar.

Ilki bilen **1216-njy ýyl**da Horezmşa Çingizhanyň huzuryna **Bahawiddin Razy**nyň baştutanlygynda öz ilçilerini goýberýär. Çingizhan olary hormat bilen kabul edýär. Hatda ol ilçilerden soltan Muhammedi Günbataryň sahypgyrany (Günbatar ýurtlaryň ýerleriniň soltany), özüni bolsa Gündogaryň patyşasy diýip hasaplamagy Horezmşa ýetirmeklerini soraýar. Çingizhan hem gymmatbaha sowgatlar we harytlar ýüklenen kerwen bilen öz ilçilerini Horezme iberýär. Ilçilere horezmli söwdagär **Mahmyt Ýalawaç** ýolbaşçy bellenilýär. Çingizhanyň ilçilerini Soltan Muhammet **1218-nji ýylyň bahary**nda Buhara şäherinde kabul edýär. Ilçiler Çingizhanyň soltan Muhammedi güýç-kuwwatly patyşa hasaplaýandygyny we ony özüniň iň gowy ogullarynyň hatarynda görýänligini hem-de onuň bilen dostlukly şertnama

baglaşmaga razylygyny aýdýarlar. Iň gowy görýän ogullarynyň hatarynda görmek “hormatynyň” elbetde Gündogar hilegärliginiň dilinde aýdanda, «Çingizhanyň Horezmşany özüne garaşly edip almak niýetiniň barlygyny» aňladýardy. Özüni Isgenderi Saniý (ikinji Isgender) hasaplap ýören patyşa üçin bular ýaly gelejegiň ýaramajagy elbetde düşnüklidi. Agşam Horezmşa Mahmydy gizlinlikde öz ýanyna çagyrdýar. Horezmli bolany üçin ilçä Çingizhana däl-de, Horezmşa hyzmat etmekligi, Çingizhan hakyndaky ähli hakykaty aýtmaklygy, soňlugy bilen hanyň karargähinde Horezmşanyň jansyzy bolup galmaklygy talap edýär. Çingizhan öz ilçileriniň iş netijelerinden hoşal bolýar. Çünki Mahmyt Ýalawaç Horezm döwleti we onuň patyşasy hakynda Çingizhana, mongollar hakynda Horezmşaha aýdan maglumatlaryndan hem köprak habar alyp gaýdypdy.

**Gatnaşyklaryň ýitileşmegi**

Çingizhan Soltan Muhammede öz minnetdarlygyny bildirmek we iki beýik goňşy döwletleriň arasynda şertnama düzmek üçin **1218-nji ýyl**yň özünde Horezme uly söwda kerwenini we onuň ýany bilen ilçilerini iberýär. Kerwen köp mukdarda altyn, kümüş zatlar, Hytaý ýüpek matalary, samyr we gunduz derileri we başga-da köp dürli gymmatbaha harytlar ýüklenen 500 düýeden hem-de 450 sany musulman söwdagärlerinden ybarat düzülipdi. Bu uly söwda kerweni ýurduň paýtagty Ürgenç şäherine tarap barýardy. Emma kerwen ýolda, araçäkdaki Otrar şäherinde saklanýar. Şäheriň naýyby **Gaýyrhan** (Inalçik) tarapyndan kerwen talanyp, söwdagärleriň ählisi öldürilýär. Diňe bir sany düýekeşe ölümden sypmak başardýar. Ol zordan Çingizhanyň karargähine baryp ýetip, kerweniň pajygaly ykbaly hakynda habar berýär.

Çingizhan Horezmiň emeldarlaryndan hasaplanýan Otraryň häkiminiň hyýanatçylykly hereketleri zerarly gahar-gazaba münýär. Emma gaharyny basyp, **Ibn Kafraj Bugra**ny iki sany ynamdar köşk hyzmatçysy bilen bilelikde Horezmşanyň huzuryna iberýär. Çingizhan soltan Muhammetden günäkärleri jezalandyrmagy we Inalçugy tutup onuň ygtyýaryna ugratmagy talap edýär. Horezmşa Çingizhanyň talabyna jogap edip ilçini öldürmegi we onuň bilen bile gelen iki sany köşk hyzmatçysynyň sakal-murtuny syryp, masgara edip yzyna ibermegi buýrupdyr.



**Horezmlileriň mongollara garşy söweşi.**

Bu wakalar iki sany iň uly döwletiň arasynda söwda we ilçilik gatnaşyklarynyň bütinleý üzülenligini aňladýardy. Horezmşanyň bu eden işi iki beýik döwletleriň arasynda urşuň başlamagyna bahana boldy.

### Horezmşalar döwletininň pese gaçyp başlamagy

XIII asyryň başlarynda Horezmşalar patyşalygynyň goşunynyň umumy sany Çingiz hanyň harby güýjüne garanda epesli artykdy. Horezmşanyň häkimiýeti syýasy, hususan-da, dolandyryş çäk taýdan berk däldi. Çünki, emeldarlar döwletiň agyr ýagdaýa düşüp galan wagtynda öz wezipelerini taşlap gidýärdiler, patyşa boýun egmeýärdiler, öz bildikleriçe hereket edýärdiler. Hatda käbir welaýatlaryň häkimleri Horezmşaha göz üçin boýun egýändiklerini aýtsalar-da, hakykatda özbaşdakdylar. Onuň üstesine Soltanyň ýokary dergähiniň öz içinde güýçli agzalalyk hüküm sürýärdi. Aýratynda, **Türkan hatyn**, ýagny «türkleriň enesi» ady bilen şöhrat gazanan soltan Muhammediň enesi goşunyň ýokary serkerdeleri hasaplanan gypjak asylzadalary bilen urug-taýpa gatnaşyklary arkaly baglanyşyklydy. Ol taýpadaşlarynyň bähbidi üçin köşkdäki gurnalýan ähli pitnelere ýolbaşçylyk edýärdi. Hatda olarda patyşanyň garşysyna duşmançylyk ruhuny döredýärdi.

Içki agzalalyklar, baş-başdaklyk we raýatlaryň narazylygy güýçlenip, ýurduň syýasy ýagdaýy pese gaçyp başlapdy. Şeýle gaty howply ýagdaýy aradan aýyrmak maksadynda **Soltan Muhammet** öz hökümdarlygynyň soňunda *«Döwlet maslahatyny»* döredýär. Maslahata 6 sany bilimli wekiller çekilipdir. Onda iň derwaýys meseleler ara alnyp maslahatlaşylyp, karar kabul edilse-de, ýöne ol amalda oňyn netije bermändir. Ynha şeýle ýagdaýda ol söweşjeň mongol taýpalarynyň Çingizhan baştutanlygyndaky basybalyşa duçar bolupdyrlar.



1. Mongollaryň döwleti nähili emele gelipdi?
2. Çingizhan haýsy gonşy döwletleri basyp aldy?
3. Çingizhanyň we Horezmşanyň ilçilik aragatnaşyklarynyň düýp maksady nämededi?
4. Çingizhanyň bilen Horezmşanyň gatnaşyklary näme üçin ýitileşdi?
5. Näme üçin Horezmşalaryň döwleti syýasy taýdan pese gaçdy?

## 25-§. ÇINGIZHANYŇ BASYBALYŞLARY

**Daýanç düşünjeler:** ***Goranyş meýilnamasy; Otror gabawy; Buhara pajygasy; Temur Mäligiň edermenligi***

### Horezmşanyň goranyş meýilnamasy

Çingizhan Mawerannahr ýörişine uly ähmiýet berip, pugta taýýarlyk görüpdi. Entek harby ýörişe başlamazdan ozal ol öz duşmanynyň güýç-kuwwaty we urşa taý-ýarlygy hakynda söwdagärler arkaly alan maglumatlaryny jikme-jik öwrenipdi. Çingizhan Horezmşalar döwletiniň içki gapma-garşylyklaryndan doly habarlydy.

Horezmşa bilen serkerdeleriň arasynda bar bolan agzalalyklar ilkibaşdan beýle artykmaçlykdan peýdalanmaga mümkinçilik bermedi. Urşuň başlanmagynyň öňüsyrasynda bolan harby geňeşde olaryň arasyndaky agzalalyk has aýdyň ýüze çykdy. Geňeşde duşmana garşy çykmagyň meýilnamasynyň biragyzdan ölçelip-dökülmegine derek pikirler bölündi. Soltan uly goşuny bir ýere jemlemäge gorkýardy. Soltanyň pikirine görä, bir ýere toplanan uly goşunyň ony tagtdan agdarmagy mümkindi. Şonuň üçin hem harby geňeşde soltan öz goşunlaryny dürli şäherlerde bölek-bölek ýerleşdirmegi, uruşda goranyş taktikasyny ulanmagy karar etdi. Şeýdip ýurt uly howp astyna düşdi.

### Otrar gabawy

**1219-njy ýylyň güýzünde** Çingizhan Horezmşaha garşy ýörişe başlady. Onuň goşunynyň umumy sany 200 müňe golaýdy. Çingizhanyň goşuny Syrderýanyň kenarynda ýerleşen **Otrar** şäheriniň üstüne ýöriş etdi. Çingizhan bu şäheriň golaýynda Mawerannahry gysga wagtyň içinde boýun egdirmek üçin ähli harby güýçlerini dört bölege böldi. Onuň bir bölegini ogullary **Çagataýy**ň we **Ugedeýi**ň baştutanlygynda **Otrary** gabap durmak üçin galdyrdy. **Juçy**nyň baştutanlygyndaky ikinji topar Syrderýanyň etegine tarap iberildi. Oňa **Sygnak, Uzgen, Jand** we **Ýaňykent** şäherlerini basyp almak tabşyryldy. Bäş müň adamlyk üçünji topar **Aloknoýony**ň hem-de **Suketu Çerbi**niň serkerdeliginde Syrderýanyň orta kenary boýunça ýokary akymynda ýerleşen **Binakat** we **Hojent** şäherlerine tarap iberildi. Çingizhanyň özi esasy güýçleri bilen **Buhara** tarap goşunyň başyny çekip gitdi.

## ORTA AZIÝADA MONGOLLARYŇ HÖKÜMDARLYGY (XIII–XIV asyrlar)



Otrar berk galasy bar bolan araçak şäheridi. Galanyň naýyby **Gaýyrhan**yň (Inalçik) baştutanlygynda şäherde 20 müň atly bardy. Gabawyň öňüsyrasynda oňa kömek etmek üçin **Garaja Hojib** baştutanlygynda ýene 10 müňlük goşun gelip goşulypdy. Jüweýniniň maglumatyna garanda, bu güýçlerden daşary Soltan Muhammet **«Leşgeri berun»** diýip atlandyrylýan 50 müň esger iberipdir. Netijede Otrar şäherinde duşmana garşy güýçli bir goranyş kuwwaty döredilipdi. Şeýle bolsa-da, şol döwrüň ýylnamaçylarynyň ýazgylaryna garanda, mongollar şäheri gabawa almak bilen goragçylary aljyradypdyrlar. Gabawyň ilkinji günlerinden başlap şäher häkimiýetiniň wekilleri bolan **Badruddin Amid, Safiý Akra Hojib** başlyk soltan tarapyndan öldürilen Otrar kazysynyň nesilleri mongollaryň tarapyna geçýärler.

Çeşmelere görä, Otrar gabawy **5 aý** dowam edipdir. Mongollar şähere akyp girýän ýaplary gömüp taşlaýarlar, ok atarlardan şähere daş, nebit bilen doldurylan küýzejikleri (pelteleri ýakylyp) zyňýarlar, galanyň daşyndaky hendekler çöp-çalam we toprak bilen doldurylýar, galanyň diwarynyň aşagy köwlüp lahm (tunnel) gazypdyrlar, daragtlar kesilip diwara çykmak üçin üzeňňiler ýasalypdyr.

Otrar gabawy döwründe diňe bir gabawdakylar däl, eýsem mongollar hem uly zyýan çekipdirler. Gabawdakylaryň hatary seýrekleşip, azyk ýetmezçiligi güýçlenipdir. Otrar goranmasynyň iň agyr pursadynda **Garaja Hojib** öz goşuny bilen şäheriň derwezesinden çykyp, mongollara boýun egýär. Ýöne dönükleri mongollar hem aýamandyrlar. Olar **Garaja Hojiby** we onuň esgerlerini öldürýärler.

Şeýlelikde, otrarlylar şäheri gorap, ony bäş aýyň dowamynda öz ellerinde saklap durýarlar. Aýratynam **Gaýyrhan** özüni Çingizhanyň söwdagärlerini we sarbanlaryny öldürenliginde günäkär hasaplap, soňky demine çenli duşmana garşy göreşýär. Onuň esgerleri elli-elliden bolup, galadan daşary çykýar we basybalyjylar bilen söweşip heläk bolýardy. Çagataýyň goşuny şäheriň diwarlaryndan tüýnük açyp, içeri kürsäp girýär, ilatyny şähristandan kowup çykarýar we şäheri talaýarlar.

**Gaýyrhan**yň baştutanlygynda goragçylaryň bir bölegi Otrar arkyna berk ýerleşip, goranmany ýene bir aýa çenli dowam



etdirýärler. Çagataýzadalar nähili bolsa-da, Gaýyrhany ele almagy ýüregine düwýärler. Netijede ol gabawa alnyp ýesir edilýär. Ol Samarkanta eltilip, gynap öldürilýär.

### Buhara pajygasy

**1220-nji ýylyň fewraly**nda Çingizhan Buhara bardy. Emma Buhara duşmana gaýtawul bermäge taýýar däldi. Buharalylara duşmana boýun egmekden başga çäre ýokdy. Buharanyň kazysy **Badritdin Kazyhan** öz aksakgallary bilen rehim etmegini sorap, Çingizhanyň ýanyna barýarlar.

**1220-nji ýylyň 16-njy fewraly**nda mongollar Buharany eýelediler. Mawerannahryň gadymy merkezlerinden biri hasaplanylan Buhara weýran edildi, ummasyz hazynalar talandy, asyrlaryň dowamynda toplanan golýazma eserler, mukaddes kitaplar ýyrtylyp aýak astyna taşlandy. Ylym we magaryf eýeleri bolan ulamalar we şeýhler täsirli mongol jençilerine hyzmatkär edilip berlip masgaralanypdyr. Çingizhanyň buýrugy bilen Buhara otlanylýar.

### Samarkant söweşi

Çingizhan Samarkanda tarap ýola düşýär we **1220-nji ýylyň mart aýy**nda Mawerannahryň iň uly we möhüm şäherine ýakynlaşýar. Çingizhan şäherden daşarda ýerleşen **Göksaraý** köşk-galasynda oturyp şäheri gabamak işlerine ýolbaşçylyk edýär. Şäheriň bosagasynda üç günläp gazaply söweş dowam edýär.

Gabawyň üçünji güni şäheri goraýjylar gabawy böwsüp çykyp, mongollaryň garşysyna hüjüm edýärler. Mongollar olary gyryp taşlaýarlar. Gabawyň bäşinji güni şäher boýun egýär. Mongollar Samarkandyň esasy suw desgasy bolan **Gurşun** nowany ýumrup, şäheri suwsuz galdyrýarlar. Namazgäh derwezesinden çözup girip, ähli berkitmeleri weýran edýärler. Şähristanyň ilaty kowlup çykarylýar we Samarkant talanýar.

Ýurduň soltany Muhammet Horezmşa 30 müňlük mongol goşunynyň yzarlamagyndan zordan gutulyp, Eýrana gaçýar. Soňra Kaspi deňziniň günortasyndaky **Aşura** adasynda baryp ýerleşýär. Gorka düşüp, öz güýçlerine bolan ynamy bütinleý ýitiren Horezmşa ogly **Jelaletdin Menguberdi**ni tagtyň mirasdary belläp, özi adada hor-zarlykda, ýeter-ýetmezçilikde keselläp aradan çykýar.

**Syrderýanyň boýlaryndaky söweşler**

Şu döwürde mongollaryň Juçynyň baştutanlygyndaky goşun bölümi hem Syrderýanyň eteklerinde ýenişli hereket edýärdi. Ilki ol gür ilatly we baý söwda şäheri bolan **Sygnaga** hüjüm edýär. Sygnagyň ilaty şäheri ýedi günüň dowamynda gahrymanlarça goraýar. Sekizinji gün şäher mongollara mejbury boýun bolýar. Basybalyjylar şäheri talap, ilatyny iň soňkusyna çenli gyrýarlar.

**1220-nji ýylyň aprel**inde basybalyjylar **Jand**y eýeläp, ony talaýarlar. Ilatyň eline ýarag alany jezalandyrylyp, şäher weýran edilýär. Mongollar bäş müň esgerli kiçi bir goşun bilen Seýhun(Syrderýa) derýasynyň kenarynda ýerleşen **Binakat** (Şahruhiýa) şäheriniň üstüne ýöriş edýärler. Şäher dört gün goranyp, soňra boýun bolýar.

**Temur Mäligiň edermenligi**

**Hojent** şäheri Syrderýanyň ika bölünen ýerinde ýerleşýärdi. Onuň tebigy ýerleşişi hem-de şäheriň häkimi **Temur Mäligiň** şahsy gahrymançylygy bilen hojentliler mongollara garaşylmadyk garşylyk görkezýärler. Emma güýçleriň deň daldiginiň netijesinde Temur Mälik şäheri taşlap çykyp mun adamlyk leşger bilen şäheriň golaýynda derýanyň ortasyndaky adalaryň birinde ýerleşýär. Temur Mäligiň buýrugy bilen 12 sany gaýyk ýasalyp, duşmanyň oky deşip geçmezligi, oda ýakyp bilmezligi üçin gaýyklaryň üsti keçe bilen örtülýär we sirkeli palçyk bilen suwalýar. Şular ýaly üsti ýapyk gaýyklar bilen kenara çenli howpsuz ýüzüp baryp, gaýyklaryň gapdallaryndaky ýörite buky ýerlerden duşmany oka tutýardylar.

Temur Mälik şu ýagdaýda duşmana garşy köp wagtlap goranyş söweşlerini alyp bardy. Emma güýjüň azlygy sebäpli bar bolan azyk önümlerini we ýaraglary 70 sany gämä ýükläp fakelleriň yşygynda gije derýanyň aşak akymyna tarap ýüzüp gidýär.

Şeýle ýagdaýda Temur Mäligiň goşuny üznüksiz söweşip, ýetmezçilikleri we kynçylyklary ýeňip, **Jant** şäherine baryp ýetýärler. **Barçinlikkent** we **Jant** şäherleriniň ýanynda derýanyň kenarlaryndan onuň ýoluny bekleseler-de, edermen hojentliler kenara çykyp duşman bilen soňky söweşe girişýärler. Biraz wagt geçenden soň ol Horezmde toplanan goşuna we halk leşgerlerine ýolbaşçylyk edýär. Juçynyň garşysyna ýenişli söweşler gurap,

hatda Seýhun derýasynyň aşak akymyndaky **Ýaňykent** şäherini gaýtaryp hem alýar.

Çingizhan **1220-nji ýylyň** tomsunda **Nahşaba** (Karşy) çozup girýär we ony eýeleýär. Şol ýylyň güýzünde bolsa **Termize** goşun çekýär. Gabawyň on birinji güni Termiz gazaply hüjüm bilen alynýar we şäher haraba öwrülýär.

Syrderýa (Seýhun) basseýni, Zerewşan we Kaşgaderýa jülgeleri, Amyderýanyň (Jeýhunyň) orta akymynyň sag kenaryndaky welaýatlary zabt edenden soň Çingizhan esasy güýjüni Horezmşalar döwletiniň merkezi bölegine – Horezme taşlaýar.

1. Çingizhanyň hüjümi haçan we nireden başlandy?
2. Näme üçin Horezmşa goranmagy makul tapdy, munuň özi näme üçin ýalňyşdy?
3. Otrar nähili gorandy?
4. Buhara pajygasy hakynda aýdyp beriň.
5. Samarkant söweşi hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
6. Temur Malik nähili edermenlik görkezdi?

## 26-§. HOREZMŞALAR DÖWLETINIŇ HELÄK BOLMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***«Ýa Watan, ýa abraýly ölüm»; Menguberdiniň edermenligi; Basybalyşlaryň netijeleri***

### Ürgenjiň gabalmagy

**1221-nji ýylyň başlarynda** Çingizhanyň goşunlarynyň Ürgenje ýörişi başlandy. Indi Horezm döwletiniň soltany diýlip yglan edilen Jelaletdin Menguberdi Ürgenje gelip goranmaga girişse-de, **Türkan hatyn** Jelaletdiniň häkimiýetini ykrar etmedi. Onuň garşysyna Jandyň ozalky naýyby gaçgak **Gutlughanyň** ýolbaşçylygynda gypjak leşgerbaşylary tarapyndan guralan dildüwşügi duýan soltan Jelaletdin Temur Mälik bilen Horasana gitmäge mejbur bolýar. Çünki şeýle ýagdaýda paýtagta tarap çozup gelýän ýowuz duşmana garşy Ürgenjiň goralmagyny guramak düýpden mümkin däldi. Tiz wagtdan şazadalar – **Uzlakşa** we **Akşa** hem Ürgenji terk edip, gaçyp gidýärler. Paýtagtyň ykbaly gorkak we wezipeparaz emir **Humarteginiň** eline geçýär.

**1221-nji ýylyň gyşynda** 50 müň adamlyk mongol esgerleri hüjüme başlap, Ürgenji gabaýar. Ürgençliler duşmanyň harby

güýjüniň we sowutly ýaraglarynyň artykmaçlygyna garamazdan öz mähriban şäherini goramaga girişýärler. Paýtagtyň içinde alnyp barylan köçe söweşlerine öz döwrüniň beýik alymy Seýh **Nejmetdin Kubra** ady bilen meşhurlyk gazanan 76 ýaşly **Ahmet ibn Omar Hywaky** öz dostlary, şägirtleri we yzyna eýerijiler bilen işjeň gatnaşýar. **Nejmetdin Kubra**nyň köpçülige haýyş bilen ýüzlenip *«Ýa Watan, ýa abraýly ölüm»* diýip aýdan sözlerinden ruhlanan ýaşaýjylar her bir öýi, her bir köçäni, her bir mähelläni, metjitdir medresäni söweş meýdanyna öwürýärler. Uzak dowam eden köçe söweşlerinde müňlerçe mongol esgerleri heläk bolýar. Mongollar tä şu wagta çenli Mawerannahryň hiç bir şäherinde şular ýaly köp ýitgi çekmändiler. Bu ganly göreş ýedi aý dowam edipdir.

Çingizhan Nejmetdin Kubra ähli ýoldaşlary, dost-ýarlary bilen şäheriň daşarsyna çykyp, jan saklamagy teklip edýär. Emma şeýh bu teklibi ret edipdir. Netijede san taýdan agdyk bolan duşman bilen alnyp barlan gazaply söweşlerde agyr ýaralanan Nejmetdin Kubra ölüminiň öň ýanynda tyg göterip duran mongol esgeriniň üstüne özüni taşlap gahrymanlarça şehit bolýar. Alaçsyzlykdan kyn ýagdaýa galyp boýun egen Ürgenç basybalyjylar tarapyndan talanýar. Şäheriň baş bendi ýumrulýar. Şäher suwuň aşagynda galyp, weýran bolýar.

### Jelaletdin Menguberdiniň edermenligi

Mawerannahryň esasy şäherleri eýelenenden soň mongollaryň basybalyjylykly ýörişi ýurduň Amyderýadan günortada ýerleşen iri söwda we medeni merkezlerinden hasaplanan **Balh, Hyrat, Merw** we **Gazna** ýaly şäherlere gönükdirildi. Emma bu welaýatda olar **Jelaletdin Menguberdi**niň berk gaýtawulyna duş geldiler. Bu ülkede ol güýçli leşger toplaýar.

Jelaletdin Menguberdi ençeme ýyl ozal **Gazna, Bamiýan** we Hindistanyň serhetlerine çenli bolan ýerleriň häkimi edilip bellenipdi. Şol sebäpli ol Gazna tarap barýardy. Ýolda oňa Horasanyň naýyplary öz goşunlary bilen gelip birigýärdiler. Jelaletdin **Nusaý, Kandagar** şäherleriniň ýanynda mongol goşunlarynyň üstüne hüjümler edip, Gazna ýetip geldi. Onuň goşunlarynyň hataryna täze güýçler goşuldy. Jelaletdin **Waliýan galasy**ny gabajak bolup duran mongol goşunlaryna garşy

hüjüm edip, olary çym-pytrak edýär. Bu Jelaletdiniň duşmanyň üstünden gazanan ilkinji uly ýeňşidi.

Çingizhan Jelaletdin Menguberdiniň garşysyna **Şiki Hutuhu** noýony 45 müňlük goşun bilen ugradýar. Gaznanyň golaýyndaky **Perwan** düzlügindäki söweşde Jelaletdin ýeniş gazandy. Emma ýenişden soň ele salnan oljalary paýlaşmaly bolanda Jelaletdiniň leşgerbaşylarynyň arasynda özara agzalalyk ýüze çykdy. Netijede leşgerbaşylardan **Saýfutdin Agrak, Agzam Mälik** we **Muzaffar Mälik** goşunlaryndan bölünip gidýärler. Bu wakadan soň Jelaletdiniň harby güýji ep-esli gowşaýar.


**Jelalitdin Menguberdi**

Pursatdan peýdalanan Çingizhan Gazna goşun sürýär we bölünip gaýdanlary ýekelikde çym-pytrak edýär. Jelaletdin deňsiz-taýsyz söweşler bilen **Sind** (Hind) derýasynyň kenarlaryna golaýlaşýar. Derýanyň kenarynda **1221-nji ýylyň 25-nji noýabry**nda iki arada gazaply söweş bolýar. Jelaletdin Çingizhanyň goşunynyň öňdäki bölegini ýeňýär. Mongollaryň bukuda goýlan 10 müň sany saýlantgy esgeri söweşiň ykbalyny çözýär. Jelaletdin boýun egmegi islemän atyň üstünde Sind derýasyna böküp aňyrky kenaryna ýüzüp geçýär. Onuň bilen bile onuň dört müň adamlyk goşuny hem derýadan geçýär. Häzirki wagtda hem bu derýanyň bir tarapyna *«At böken»*, beýleki kenaryna *«Jelalyň çöli»* diýilýär. Jelaletdiniň edermenligine haýran galan Çingizhan hatda ony yzarlamak pikirinden hem gaýdýar. Hatda, ol ogullaryna garap: *«Ata ogul ynha şeýle bolmalydyr »* diýipdir.

Jelaletdin ýene **on bir ýyl**yň dowamynda kä Eýranyň, kä Azerbaýjanyň çäklerinde mongollara garşy göreşi dowam etdirýär.

Şeýlelikde, beýik serkerde Menguberdini we onuň söweşjeň güýjüni düzen meýletin duşmana garşy ençeme ýyllaryň dowamynda gahrymançylykly göreşseler-de, ata Watanyň azatlygyny saklap galmaga mümkinçilik bolmaýar. Iň soňky Horezmşanyň hökümdarlygy **1231-nji ýyl**da tamamlandy. Gündogardaky bu döwlet doly synýar.




**«Jelalitdin Menguberdi» ordeni.**

Watanyň azatlygy ugrunda janyny gurban eden beýik eždadymyz Jelaletdin Menguberdiniň dogulmagynyň 800 ýyllygy garaşsyz Özbegistanda **1999-njy ýyl**da giňden bellenildi. Horezmde oňa heýkel oturdyldy, uly köçelere we meýdanlara onuň ady dakyldy, wideo-film, pýesa we dessanlar döredildi. **2000-nji ýylyň 30-njy awgustynda** «Jelaletdin Menguberdi» ordeni döredildi.

## Mongollaryň basybalyşlarynyň netijeleri

Mongollaryň basybalyşlarynyň netijesinde Mawerannahryň we Horezmiň gülläp ösýän şäherdir obalary weýran edildi. Gür ilatly we gözel şäherler, aýratyn-da, **Buhara, Samarkant, Ürgenç, Merw, Banakat, Hojent** we beýlekiler harabaçylyga öwrüldi. Merw welaýatynyň suwaryş şahamçalarynyň baş bendi bolan **Soltanbent** weýran edildi.

Samarkantlylar mähriban şäherlerini taşlap çykyp gitdiler. Merwiň ilaty bolsa suwsyzlykdan gurap barýan obalary taşlap, başga ýerlere göçüp gitdiler. Ürgenç suwuň aşagynda galyp weýran boldy. Horezmiň we Mawerannahryň ekerançylyk bilen meşgullanýan ilatynyň sany düýpgöter azaldy. Netijede ekin meýdanlary düýpli kemelip, daýhançylyk pese gaçdy.

Ökde hünärmentler basybalyjylaryň ýurduny abadanlaşdyrmak üçin Mongoliýa mejbur edilip äkidildi. Tutuş Gündogarda şöhrat gazanan ýarag ýasamaklyk, nepis ýüpek matalary dokamak, nagyşly çüýşe bejermek hünärmentçiligi ýatyp galdy.

Asyrlaryň dowamynda Türküstan arkaly geçen meşhur Ýüpek ýoly mongollaryň basybalyşlary döwründe bütinleý hereketsiz galdy. Bu döwürde ylma we magaryfa ýetirilen zyýan hem az bolmady.



1. Ürgenjiň goralyşy hakynda näme bilýärsiňiz?
2. Nejmetdin Kubranyn “Ýa Watan, ýa abraýly ölüm” diýen ýüzlenmesiniň manysyny düşündiriň.
3. Jelaletdini nähili güýç edermenlige çagyrypdyr?
4. Sind derýasynyň boýundaky söweş hakynda aýdyp beriň.

## 27-§. ÇAGATAÝ ULUSYNYŇ EMELE GELMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Ulus; Çagataý ulusy; Salgydyň görnüşleri; Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy***

### Ülkeleriň paýlanyşy

Basylyp alnan ülkeleri we welaýatlary Çingizhan entek dirikä dört ogluna paýlap berdi. Şol sanda, *Gündogar Türküstana, Ýedisuwa* we *Mawerannahra* **Çagataý** eýe boldy. Şeýlelikde, mongollar basylyp alnan welaýatlary uluslara paýlamak arkaly dolandyryp başladylar.

Çingizhan aradan çykandan soň (1227) **Ugedeý** Mongollar döwletiniň beýik hakany edilip bellendi. Uluslaryň hökümdarlaryna «han» diýlipdir. Beýik hakynyň karargähi **Karakurum** şäherinde bolup, şol ýerden hanlaryň hereketlerine berk gözegçilik edipdir.

Çingizhan aradan çykandan soň hem mongollaryň Günbatara ýörişleri dowam etdi. **1236–1240-nji ýyllar**da Rus döwleti basylyp alnyp, **Altyn Orda döwleti** emele geldi. **1256-njy ýyl**da Eýran doly basylyp alnyp, **Hulagylar döwleti** emele gelipdir. **1258-nji ýylda Hulagy** *apbasylar dinastiýasy*nyň soňuna çykýar. Mongollar Aziýanyň we Ýewropanyň uly böleginde öz hökümdarlygyny ornaşdyran bolsalar-da, bitewi merkezleşen döwlet gurup bilmediler. Uluslaryň hanlary beýik hakana düzgün boýunça tabyn bolmaly bolsalar-da, hakykatda öz bildikleriçe iş alyp bardylar.

### Çagataý ulusy

**XIII asyryň 20-nji ýyllary**nda Çagataýyň ygtyýaryna berlen Mawerannahrda, Ýedisuwda we Gündogar Türküstanda **Çagataý ulusy** emele geldi. Çagataýhanyň ulusy dolandyrýan ordasy Ili derýasynyň boýundady. Welaýatlary we hünärmentçilik şäherlerini dolandyrmakda Çagataý özüne boýun egdirilen halklaryň ýokary gatlagynyň wekilleriniň hyzmatyndan peýdalanýar.

Mawerannahry gös-göni edara etmek işleri entek Mawerannahr zabt edilmezden ozal Çingizhanyň huzurynda hyzmat eden horezmli söwdagär **Mahmyt Ýalawaja** berilýär. Ol **Hojent** şäherini özüne karargäh edip alýar we şu ýerden Mawerannahry dolandyryp başlaýar. Harby häkimiýet, ilaty sanawdan geçirmek, salgyt ýygnamak işleri *dorugaçy* we *tamgaç* diýlip atlandyrylýan mongol emeldarlarynyň elinde bolupdyr. Mongol boskaklarynyň



(ýerli häkimleriniň) ygtyýaryndaky köp sanly esgerler Mahmydyň ygtyýarynda bolupdyr. Şolara daýanmak bilen Mahmyt Ýalawaç mongol hakanlarynyň talabyny ýerine ýetirýärdi we özüniň çäksiz hökümdarlygyny amala aşyrýardy.

**Salgydyň görnüşleri**

Çagataý hanlary merkezi häkimiýetiň hazynasy üçin ilata dürli salgytlar salyp, olary zorluk bilen ýygnap alýardylar.

Ekerançy daýhanlardan alynýan ýer salgydyna bu döwürde **«kalon»** diýlipdir. Çarwadarlara bolsa *«kapçur»* salgydy salnypdyr. Döwlet hazynasy üçin *«şulen»* ady bilen ýöredilýän azyk salgydy hem ýygnalyp alnypdyr. «Şulen» her bir sürüden iki ýaşar goýun, gymyz üçin her müň atdan bir baýtal hasabynda alnypdyr.

Hünärmentlerden we söwdagärlerden **«targu»** salgydy ýygnalypdyr. Targu öndürilen önümiň ýa-da satylan harydyň otuzdan bir bölegi möçberinde ýygnalypdyr. Bulardan başga ilata *duz salgydy, ýüň* we *kümüş salgydy* hem salnypdyr.

Salgytlar ýerli emeldarlar tarapyndan **barat** (kärende) tertibinde öňünden bir gezekde tölenip goýberilipdir, soňra olar ilatdan ýygnalyp alynýardy. Ilatdan ýygnalyp alnan mahalynda, elbetde, bellenen mukdardan artyk ýygnalýardy.

Zorlugyň, jebir-sütemiň iňňän güýçlenmegi, her dürli mejbury tölegleriň we ýygymlaryň hetden aşa köplügi mongollara garşy närazylygyň döremegine, basybalyjylaryň zulmuna garşy halkyň baş götermegine getirdi. Şeýle gozgalaňlardan biri Buhara oazisindäki Tarab obasynda bolan halk gozgalaňydy.

*** Çagataý ulusy — häkimiýet paýlananda onuň Çingizhanyň ogly Çagataýa ýeten bölegi. Soňluk bilen ol Çagataý döwletine öwrülipdir.**
*** Kapçur — çarwa mallarynyň baş sanynyň 2,5% mukdarda alnan salgyt.**
*** Kelan — hasylyň 1/10 bölegi möçberinde alnan salgyt.**

**Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy**

**1238-nji ýyl**da Buharanyň **Tarab** obasynda basybalyjylaryň we ýerli mülkdarlaryň garşysyna gozgalaň başlanýar. Gozgalaňa tarably galbir ýasaýjy hünärment Mahmyt

baştutanlyk edýär. Taryhda ol **Mahmyt Taraby** ady bilen meşhurdyr.

Tarabynyň ýakyn egindeşlerinden **Şemsetdin Mahbuby** we Buharanyň ilaty gozgalaňçylara goşulyp ele ýarag alýar. Özleriniň mähriban şäher we obalaryny mongollardan we olaryň tabakdaş hyzmatçylary bolan ýerli emeldarlardan azat etmäge atlanan adamlardan uly leşger toplanýar. Mahmyt Taraby öz tarapdarlary bilen Buhara girip, şäheriň içindäki *Robiýa köşgüni* özüne karargäh edip alýar. Bu ýere Buharanyň wezipeli adamlaryny, gurply şäherlileri, iri ýer eýelerini çagyrdýar. Özüni Buharanyň we töwerekdäki welaýatlaryň halyfy, ýagny hökümdary diýip resmi ýagdaýda yglan etmäge olary mejbur edýär. Mahmyt Taraby Buharada öz hökümdarlygyny ornaşdyrandan soň mongollaryň tarapdarlary bolan ýerli emeldarlar Buharadan gaçyp gidýärler.

Gaçyp giden emeldarlar we mongollar naýyp **Mahmyt Ýalawajyň** kömegi bilen **Kermenäniň** ýakynynda güýç toplap, Buharanyň üstüne ýöriş edýärler. Iki arada söweş başlanýar. Mongollar ýeňilip, Kermenä tarap gaçyp başlaýarlar. Söweşde gozgalaňyň ýolbaşçylary Mahmyt Taraby we Şamsutdin Mahbuby hem şehit bolýarlar. Gozgalaňçylar olaryň ýerine Tarabynyň doganlary **Muhammedi** we **Alyny** ýolbaşçy saýlaýarlar. Aradan bir hepde hem geçmänkä mongollar täze güýç bilen olara garşy hüjüm edýärler. Söweşde gozgalaňçylar derbi-dagyn edilip, Tarabynyň doganlarynyň ikisi-de heläk bolýarlar. Mongollar Buharany gaýtadan basyp alyp, ol ýerde ýene-de ozalky tertibi dikeldýärler.

Çagataý salgytlary tertipleşdirmäge, **1238-nji ýyl**da Mahmyt Ýalawajy wezipesinden boşatmaga mejbur boldy. Onuň ogly **Masudbek** naýyp bellendi. Beýik hakan **Ugedeý** Mahmyt Ýalawajy Pekin şäherine häkim edip belleýär.

1. Çingizhan basyp alan ýerlerini nähili paýlady?
2. Çagataý ulusy haçan we haýsy ýerlerde döredildi?
3. Mongollar nähili salgytlary girizdiler?
4. Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy haçan we nähili başlanýar?
5. Haýsy sebäplere görä Mahmyt Tarabynyň gozgalaňy basylyp ýatyryldy?

## 28-§. SOSIAL-YKDYSADY WE MEDENI DURMUŞYŇ JANLANMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Pul özgertmesi; Ýer ýeçiligi; Çagataý ulusynyň bölünmegi; Medeni durmuş***

**Beýik hakanyň permany**

XIII asyryň ortalarynda Çagataý ulusynyň mongol emeldarlarynyň arasynda oturymly ýagdaýa geçiş, şäher durmuşyna ýakynlaşyş, ýerli oturymly ilatyň baý medeniýetinden peýdalanyş prosesi güýçlendi. Mongolystanyň beýik hakany **Munke** salgyt we haşar işlerini tertibe salmak hakynda ýörite perman - *ýarlyk* çykardy.

Ýomlar boýunça poçta hyzmaty üçin gerekli atlaryň sany kesgitlenip, ilatdan artykmaç at almak gadagan edildi. Şeýle hem ilçileriň ellerinde gös-göni buýruklary bolmasa, şäher ýa-da obalara girmeli däldigi we ilatdan özleri üçin bellenileninden artyk ot-iým ýa-da azyk almazlyk aýdylýardy. Şeýlelikde, ilat eden-etdilik bilen ýygnalyp alynýan ýygymlardan azat boldy.

*** Ýomlar – ýol beketleri. Çaparlar, ýolagçylar atlaryny çalşyrýan ýer. Ýomda atlar hemişe taýýar ýagdaýynda bolupdyr.**

**Masudbekiň pul özgertmesi**

Mawerannahrda ýuwaş-ýuwaşlyk bilen bolsa-da, şäher durmuşy, hususan-da, hünärmentçilik we söwda gatnaşyklary janlanyp başlady. Şäherleriň içerki durmuşyny, aýratyn-da, haryt-pul gatnaşyklaryny dikeltmekde **Masudbek** tarapyndan **1271-nji ýyl**da geçirilen pul özgertmesiniň ähmiýeti uly boldy. Ol Mawerannahryň şäherleriniň we welaýatlarynyň 16-synda, şol sanda **Samarkant, Buhara, Taraz, Otrar, Hojent** we beýleki şäherlerde birmenzeş agramda we ýokary gymmatly arassa kümüş teňňeleri zikgeledip, dolanyşyga çykardy.

**Kebekhan we onuň özgertmeleri**

XV asyryň birinji ýarymynda Çagataý ulusynda mongollaryň oturymly ýaşaýşa geçmek prosesi güýçlenip, olaryň sosial durmuşynda düýpli özgerişler bolup başlady. Mawerannahr ýaly medeniýetli ülke bilen berk gatnaşygy ýola goýmaga we oturymly ýaşaýşa geçmäge çalyşýan Çagataý hanlaryndan biri **Kebekdi**

(1318-1326). Ol häkimiýeti gös-göni öz eline alyp, Kaşgaderýa oazisindaki gadymy Nesef şäherinin ýanynda özüne köşk gurdurýar. Köşge mongol dilinde *«Karşy»* diýilýär. Kebekhan öz karargähini mongol hökümdarlarynyň arasynda birinji bolup Mawerannahra göçürýär. Şu köşkde oturyp ol ýurdy dolandyrýar. Soňlugy bilen bu köşkgüň töwereginde täze binalar gurulýar we ozalky **Nesef** şäheri bilen goşulyp gidýär. Şondan bäri bu şäher **Karşy** diýlip atlandyrylýar.

Kebek döwletiň edara edilişini we onuň ykdysady durmuşyny tertipleşdirmek maksady bilen edara ediş we pul özgertmelerini geçirdi. Ýurtda ýeke-täk pul girizilýär. Eýrandaky Hulagylar döwletiniň we Altyn Orda hanlygynyň kümüş teňňeleriniň nusgasynda iki dürli pul: agyrlygy 8 gramlyk uly kümüş teňňe we 1 gramlyk kiçi teňňe zikgelenilýär. Uly teňňä *«dinar»*, kiçi teňňä *«dirhem»* diýlipdir. *«Kebeki»* diýip at alan bu teňňeler Samarkantda we Buharada zikgelenip, dolanyşyga goýberilipdir.

### Ykdysady durmuşyň janlanmagy

Mongollaryň basybalyşlary döwründe weýran bolan hünärmentçilik, söwda we daýhançylyk ýuwaş-ýuwaşdan dikeldilýär. Hünärmentçiligiň we içerki-daşary söwdanyň janlanmagy, elbetde weýran bolan şäherleriň täzeden dikeldilmegine sebäp bolýar. Köp şäherler haraba we ýarym haraba ýagdaýynda ýatan bolsada, **Ürgenç** we **Buhara** şäherleri täzeden dikeldildi. Gadymy Samarkandyň harabalyklarynyň ýanynda täze şäher guruldy. Samarkantda dürli döwlet, jemgyýetçilik we magryfat binalary gurulýar. Şäheriň bazarlary ýene-de köp adamly ýere öwrüldi.

### Ýer eýeçiligi

Mongollaryň hökümdarlygy döwründe Orta Aziýada ýer eýeçiliginiň **mülki diwan, mülki inju, mülki wakf** we **mülk** diýlip atlandyrylýan dört dürli görnüşi bardy.



*** Mülki diwan — döwlet ýeri.**
*** Mülki inju — hökümdara we naýyplaryna degişli ýerler.**
*** Mülk — hususy ýerler.**
*** Mülki wakf — metjit we medresä degişli ýerler.**

Mülkleriň uly bölegi harby ýolbaşçylara döwletiň öňündäki bitiren hyzmatlary üçin peşgeş berlen ýerler bolup, olara, suýurgal ýerleri diýilýärdi. Bular ýaly ýerlere eýe bolan ýer eýeleri -



*«suýurgal eýeleri»* ähli salgytlardan we töleglerden boşadylýardy. Suýurgal ýerleri nesilden-nesle miras geçýärdi.

Mongol hökümdarlarynyň we mülkdarlarynyň arasynda basylyp alnan ýurtlaryň halklaryna iki dürli garaýyş bardy. Käbirleri ýerli asylzadalar, söwdagärler bilen ýakynlaşmagyň, daýhan-çylygy ösdürmegiň, yslam dinini kabul etmegiň tarapyndady. Beýlekileri bolsa oturymly we şäher durmuşyna garşy bolup, şäherleri weýran etmek, baglary we ekin meýdanlaryny öri meýdanlaryna öwürmek isleýärdiler.

Ýuwaş-ýuwaşdan Çagataý ulusynyň bir topar hanlary öz urug-taýpalary bilen Mawerannahra goçup gelip, ýerli ilat bilen goşulyp, oturymly ýagdaýa geçipdirler. Göçüp gelmän Ýedisuwda ýerleşen mongollar Mawerannahra göçüp gelenleri *«koraunas»* (metis) diýip, Mawerannahrda ýaşaýan mongollar bolsa olary *«jete»* (garagçy, galtaman) diýip atlandyryp başladylar. Munuň özi birek-biregi kemsitmekdi. Olaryň arasynda gapma-garşylyk, ýigrenç güýçlenýärdi. Netijede Çagataý ulusy XIV asyryň 40-njy ýyllarynda ikä bölündi.

Çagataý ulusynyň Gündogar Türküstan, Günbatar Sibir we Ýedi-suw bölegine Mongolystan diýip at berýärler. 1348-nji ýylda Çagataý neslinden bolan **Tugluk Temur** Mongolystanyň hany boldy. Ulusyň günbatar bölegi - Mawerannahr özbaşdak edara edilip başlandy.

**Medeni durmuş**

Ylym, edebiýat, magaryf we medeniýetiň käbir pudaklary hem diklenip başlady. Hususan-da, şäher gurluşygy bilen bagly gurluşyk we arhitektura ýola goýulýar. Syrçalamak, gançkärlik, berçinlemek, kerpiji oýup nagyşlamak, jaý salmak sungaty asyrlar boýy toplanan tejribeleriň we gadymy däpleriň esasynda dikeldilip, hatda käbir öňe gidişlikler hem edildi. Gurluşykçy arhitektorlaryň eli bilen gurlan owadan ymaratlar we desgalar: metjitler, med-reseler, hanagähler, mawzoleýler, minaralar we köşkler peýda boldy. Olaryň käbirleri biziň günlerimize çenli saklanypdyr. Buhara şäherindäki Saýfutdin Baharzy, Baýan-kulyhan mawzoleýleri, Samarkantdaky meşhur Şahizinda arhitektura ansamblynyň esasy bölegi bolan Kusam ibn Apbas mawzoleýiniň zyýarathanasy, Köňe Ürgençdäki belentligi 62 metrlik beýik minara, Nejmetdin Kubra we Törebeghanym mawzoleýleri şolara degişlidir.

XIII asyryň ortalarynda Buharada **«Masudiýa»** we **«Haniýa»** atlary bilen şöhratlanan iki sany medrese guruldy. Olaryň her birinde müňe golaý talyp ylym alypdyr.

XIII asyryn ikinji ýarymynda we XIV asyryň başlarynda pars-täjik şygryýetiniň görnükli wekillerinden **Jelaletdin Rumy, Sagdy Serazy, Emir Hysrow Dehlewi** ýaly beýik şahyrlar ýaşapdyrlar we döredipdirler.

Jelaletdin Rumy (1207–1273) beýik tasawwuf şahyry bolup, 36 müň beýtden ybarat *«Masnawiý manawiý»* atly eserini döredýär. Ol bu eserinde tasawwuf filosofiýasynyň esaslaryny düşündirip ýazypdyr.

Şu döwrüň meşhur akyldar şahyrlarynyň ýene biri **Sagdy Serazy** (1219–1293) hasaplanýar. Ol özüniň *«Gülüstan», «Bossan»* atly eserlerindäki baý mazmunly gazallary bilen pars-täjik edebiýatynyň ösüşinde öçmez yz galdyrdy. Ol öz eserlerinde ene topraga bolan söýgini, watansöýüjiligi ökdelik bilen beýan edýär.

Öz döwrüniň beýik şahyrlaryndan **Emir Hysrow Dehlewi** (1253–1325) Nyzamy Genjewiden soň «Hamsa» dessanyny ýazan hem şahyr, hem sazşynas akyldarlardandy. Ol *«Ýenişleriň açary», «Pelegiň dokuz gümmezi»* ýaly eserleriň awtorydyr.

XIII asyryň ikinji ýarymyndan başlap taryhşynaslyk hem ösüp başlaýar. Bu döwürde **Juzjany**nyň *«Tabakoti Nosiri»* («Nasyr toparlary»), **Jüweýni**niň *«Taryhy jahankuşaý»* («Jahany basybalyjynyň taryhy»), **Raşididdin Fazlullah**yň *«Jome attaworih»* («Taryhlar toplumy») ýaly gymmatly taryhy eserleri ýazylýar. Bu eserler şol döwrüň taryhyny, aýratyn-da mongollaryň basybalyşylarynyň taryhyny öwrenmekde birinji derejeli çeşme bolup hyzmat edýär.

Şu döwürde türki dildäki edebiýat hem ösüp başlaýar. Soňlugy bilen ol *«Çagataý dili», «Çagataý edebiýaty»* diýen ady aldy.



**1.** Munke hakan ýurtdaky dartgynly ýagdaýy gowşatmak üçin nähili çäreler gördi?
**2.** Masudbekiň pul özgertmesi nähili netije berdi?
**3.** Kebekhanyň özgertmeleri hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
**4.** Çagataý ulusy näme üçin böleklere bölünipdir?
**5.** Ykdysady durmuşda nähili özgerişler bolup geçdi?
**6.** Mongollar döwründe ýer eýeçiliginiň nähili görnüşleri bardy?





# V BAP
# EMIR TEMUR WE TEMURILER DÖWLETI

## 29-§. EMIR TEMURYŇ SYÝASY GÖREŞ MEÝDANYNA GIRIP GELMEGI

**Daýanç düşünjeler:** ***Syýasy dagynyklyk; Syýasy göreş meýdany; Ýurduň garaşsyzlygy ugrunda göreş; Sarbadarlar***

### Syýasy dagynyklyk

XIV asyryň 50–60-njy ýyllarynda Mawerannahr 10-a golaý özbaşdak begliklere bölünip gidipdir. Samarkant welaýatynda **Emir Baýon Sulduz**, Keşde **Emir Hajy Barlos**, Hojentde **Emir Baýazit Jaloir**, Balhda **Uljaýtu Sulduz**, Gissar Sadman araçäginde **Emir Huseýn** we **Emir Ýasawury** dagylar özlerini *özbaşdak häkim* diýip yglan edýärler.

Onuň üstesine Gündogar Türküstandaky we Ýedisuwdaky mongol hanlary birnäçe gezek Mawerannahra ýöriş edip, ony talaýarlar. Mongolystanyň hanlarynyň weýrançylyga alyp gelýän ýörişlerine, jebir-süterime we zulmuna garşy halk hereketi başlanýar.

Ine, şular ýaly özara içki uruşlaryň gyzyşan, mongollaryň zulmuna garşy zähmetkeş halkyň hereketiniň başlanan wagtynda ýurtda täze syýasy güýç ýetişýärdi.

### Emir Temuryň ýaşlyk döwri

Emir Temur Keş welaýatyndaky Hojailgar (Ýekebag) obasynda **1336-njy ýylyň 9-njy aprel**inde doglupdyr. Onuň doly ady **Emir Temur ibn Emir Taragaý ibn Emir Bargul**. Emir Temuryň enesi **Tekine hatyn** Keşiň abraýly bikelerinden hasaplanypdyr. Onuň atasy Emir Taragaý barlos urugynyň

aksakgallaryndan bolup, onuň ata-babalarynyň Keş we Nasaf welaýatynda öz mülkleri bolupdyr we bu ýerde häkimlik edipdir.



**Sahypgyran Emir Temur**

Emir Temuryň ýaşlygy doglan ýeri bolan Keşde geçipdir. Ýedi ýaşy dolandan soň atasy ony okamaga berýär. Seýh **Şamsutdin Külal** Temurbegiň piri bolupdyr. Ol ýaşlygynda çapyksuwarlyga we awa höwesek bolup, ýaýdan nyşana ok atyp, at çapdyryp, dürli maşklar edipdir, harby oýunlar bilen meşgullanmagy halapdyr. Şeýdibem, Emir Temur atlary gowy tanap bilýän ökde çapyksuwar we batyr hökmünde kemala gelýär. Onuň töweregine çagalykdaky dostlary we mekdep ýoldaşlary jemlenip, bilelikde maşk edipdirler, bäsleşikler gurapdyrlar. Ýuwaş-ýuwaşdan nöker bolup harby topary emele getiripdirler. Bu toparyň arasynda *Apbas Bahadyr, Jahanşabek, Kimary Inak, Süleýmanşabek, Saýfutdinbek* we beýlekiler bolupdyr. Soňlugy bilen olar Emir Temuryň egindeşlerine öwrülip, onuň goşunynda leşgerbaşylyga çenli ösüp ýetipdirler.

Emir Temur özüniň ilkinji işine gol astyndaky nökerleri bilen käbir welaýat emirlerine gulluk etmekden başlaýar. Olaryň özara göreşlerine gatnaşyp, edermenlik görkezipdir we söweşlerde bişişipdir. Harby ussatlygy we ýokary ahlaklylygy Emir Temuryň şöhratyny artdyryp, onuň çawy tutuş Kaşgaderýa jülgesine, hususan-da, Keş welaýatyna ýaýrapdyr. Atasy Emir Temury ozal (1352) **Emir Joku Barlos**yň gyzy **Turmuş Aga** öýlendirýär. 1355-nji ýylda Emir Temur Gazaganyň agtygy **Emir Hüseýn**iň dogany **Uljaý Türkan Aga** bilen nikalaşýar. Soňky nika mynasybetli Emir Temur bilen Balhyň häkimi **Emir Hüseýn**iň arasynda ýaranlyk emele gelýär.

**Emir Temuryň syýasy göreş meýdanyna girip gelmegi**

**XIV asyryň 50-nji ýyllarynyň ahyrynda** Mawerannahrda emirleriň öz aralaryndaky göreşi güýçlenip, ýurtda syýasy dagynyklyk ýokary dereja ýetýär.

Mongol hanlary Mawerannahrdaky agyr syýasy ýagdaýdan peýdalanyp, bu ülkede öz häkimiýetini ornaşdyrmaga çalyşýarlar. **Tugluk Temur** 1360-1361-nji ýyllarda Mawerannahra yzly-yzyna iki gezek çozuş edýär. Mawerannahryň emirleri birleşip bilmän halky goldawsyz öz halyna taşlap gidýärler. Emir Temuryň agasy Keş welaýatynyň hökümdary **Emir Hajy Barlos** Horasana gaçyp gidýär. 24 ýaşly Emir Temur bolsa başgaça ýol tutýar.

Temur öz mülküni mongollaryň hüjüminden goramak üçin köp pikirlenip, Tugluk Temuryň huzuryna barmagy berk ýüregine düwýär. Netijede ol Tugluk Temuryň ýarlygy bilen Keş welaýatynyň dorugasy (häkimi) edilip bellenilýär.

*** Doruga – mongolça «gözegçi», «şäheriň başlygy» diýen manyny aňladýar. Mongollar döwletinde ýerli hökümdarlaryň huzuryndaky beýik koon wekili, naýyby. Doruga aşakdaky wezipeler ýüklenen: ilaty sanawa almak; ýerli halkdan goşun toplamak; poçta aragatnaşygyny ýola goýmak; salgytlary ýygnamak; toplanan salgyt-tölegleri beýik koon köşgüne eltip bermek.**

Şeýdip, Emir Temur syýasy göreş meýdanyna girip geldi. Soňluk bilen, özüniň bu hereketini Temurbek ilaty mongollar tarapyndan talanmakdan goramagyň ýeke-täk ýoly – pugta oýlanylan meýilnama 100 müň adamlyk goşundan güýçli diýip, düşündirdi.

**Tugluk Temur** ogly **Ylýashoja**ny Mawerannahryň hökümdary edip belläp Mongolystana gaýdyp gidýär. Emma Ylýashoja bilen Emir Temur ylalaşmaýar. Şol sebäpli ol Mawerannahryň abraýly emirlerinden biri, Balhyň häkimi Hüseýn bilen ýaranlyk düzüp, mongollara garşy göreşe başlaýar. **1363-nji ýyl**da Amyderýanyň çep kenarynda **Kunduz** şäheriniň ýanynda umumy duşmanyň üstünden ýeniş gazanýarlar. Soňky iki ýylyň dowamynda ýaranlar Ylýashojanyň baştutanlygyndaky jeta leşgerleri bilen birnäçe gezek söweş edýärler. Diňe **1364-nji ýylyň ahyry**nda olar mongollary Mawerannahrdan kowup çykarýarlar.

Emma, Mawerannahry elden bermek islemedik Ylýashoja **1365-nji ýylyň bahary**nda ýene Mawerannahryň üstüne goşun

sürýär. Iki aradaky söweş **1365-nji ýylyň 22-nji maý** güni Daşkent bilen Çinazyň arasyndaky Çyrçyk derýasynyň kenarynda bolup geçýär. Taryhda ol *«Batgalykdaky söweş»* ady bilen meşhurdyr. Çünki şol gün güýçli ýagyş ýagyp, söweş meýdany batgalyga öwrülýär, hatda atlar laýa batyp galypdyr.

Söweşde Emir Temuryň goşuny sazlaşykly hereket edip, duşman goşunynyň sag ganatyna çym-pytrak ediji zarba urýan wagtynda, Hüseýn öz goşunyny duşmanyň çep tarapyna taşlamagyň ýerine söweş meýdanyndan çykyp gidýär. Emir Temur yza çekilmäge mejbur bolýar.

Bu üstünlikden soň **Ylýashoja** hiç hili garşylyksyz Hojent we Jyzzak şäherlerini eýeläp, Samarkandyň üstüne ýöriş edýär. Samarkantda ýaragly goşun bolmasa-da, halk şäheri goramagy öz üstüne alýar. Mongollaryň uzak dowam eden agalygyna garşy göterilen bu halk hereketi taryhda *Sarbadarlar hereketi* ady bilen meşhurlyk gazanýar.

### Samarkandyň sarbadarlary

Sarbadarlar hereketi XIV asyryň 60-njy ýyllarynda Mawerannahrda mongol hanlarynyň hüjümi mynasybetli ýüze çykdy. Samarkandyň sarbadarlaryna müderris **Mowlanzada Samarkandy,** hünärment **Abu Bekr Kalawy** we şäher mähellesiniň biriniň aksakgaly ökde mergen **Hurdeki Buhary** dagylar baştutanlyk edipdirler. Sarbadarlar mongollara Samarkant şäherinde çym-pytrak ediji zarba urýarlar. Onuň üstesine olaryň at sürüsiniň arasynda gyrgyn keseli ýaýrap, atlary gyrlyp başlady. Alaçsyz galan Ylýashoja ilki Samarkandy, soňra bütin Mawerannahry taşlap gitmäge mejbur bolýar.

Sarbadarlar gurply mülkdar adamlaryň emlägi elinden alnyp, olary garyplara-ýoksullara paýlanyp berilýär. Bu hökümdar gatlaklaryň ýiti närazylygyna sebäp bolýar.



**Şarafuddin Ali Ýazdy «Zafarnama» kitabynda: «Ýa Alla! Garyby gurply adam edeweri», – diýip ýazýar.**

Sarbadarlaryň baştutanlygynda samarkantlylaryň mongollaryň hany Ylýashojanyň üstünden gazanan ýeňşi we şäherdäki durnuksyzlyk hakyndaky habar Emir Temur bilen Emir Hüseýne hem

baryp ýetýär. **1366-njy ýylyň bahar**ynda olar Samarkanda ugra-ýarlar we şäheriň golaýyndaky *Kanigil* diýen ýere gelýärler. Begler sarbadarlaryň ýolbaşçylary bilen gepleşik geçirýärler. Duşuşygyň birinji gününde olaryň şanyna oturlyşyk guralýar. Emma ertesi güni **Abu Bekr Kalawy** bilen **Hurdeki Buhary**ny Hüseýniň buýrugyna görä dardan asýarlar. Mowlanzadany bolsa Emir Temur ara duşup halas edýär. Şu ýagdaýda sarbadarlar ýolbaşçysyz galdyrylyp, olaryň hereketi basylyp ýatyrylýar. Mawerannahrda Emir Hüseýniň hökmürowanlygy ornadylýar. Emma köp wagt geçmän, Hüseýn bilen Emir Temuryň arasyndaky gatnaşyklar ýitileşip, açykdan-açyk duşmançylyga öwrülýär. **1366-1370-nji ýyllar**yň dowamynda olaryň arasynda birnäçe gezek özara çaknyşyklar hem bolýar.



**1.** Näme üçin Mawerannahrda syýasy dagynyklyk güýçlendi?
**2.** Emir Temuryň ýaşlygy hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
**3.** Emir Temur nähili ýagdaýda syýasy göreş meýdanyna gelip girdi?
**4.** “Batgalykdaky söweş” hakynda aýdyp beriň.
**5.** Sarbadarlar kimler. Olar kimlere garşy göreşipdirler?
**6.** Emir Temur hakynda nähili kitaplar okadyňyz?

## 30-§. EMIR TEMUR – MERKEZLEŞEN DÖWLETI ESASLANDYRYJYDYR

**Daýanç düşünjeler:** ***Emir Temuryň hökümdarlygynyň başlanmagy; Ýokary häkimiýetiň nyşany; Merkezleşen döwlet; Mawerannahr bilen Horasanyň birleşdirilmegi***

**Emir Temuryň häkimiýet başyna geçmegi**

XIV asyryň ortalarynda Mawerannahrda höküm süren agyr syýasy we ykdysady ýagdaý ýurdy birleşdirip, güýçli döwlet gurmagy talap edýärdi. Döwrüň bu talabyna Emir Temur beýleki emirlere garanda gowy düşünýärdi. Şonuň üçin hem ol merkezleşen döwleti gurmaga girişdi. Bu maksady amala aşyrmakda ol ruhanylara, harbylara, söwdagärlere we şäheriň hünärment gatlaklaryna daýanýar. Emir Temur bu maksadyny amala aşyrmagy ilki içerki duşmanlara garşy göreşmekden başlaýar.

**1370-nji ýylyň bahary**nda Emir Temur ähli goşunlary bilen güýçli duşmany, Balhyň hökümdary Emir Hüseýne garşy ýola düşýär. Goşun Termiziň ýakynyndaky *Biýo obasy*na ýetende onuň huzuryna görnükli ulamalardan biri **Seýit Baraka** görme-görşe gelýär. Seýit Baraka Emir Temuryň işini goldap, ýokary häkimiýetiň nyşany bolan tebl bilen tug-baýdak sowgat berip, onuň beýik geljeginiň bardygyny aýdýar. Bu waka, şübhesiz syýasy ähmiýetlidi. Çünki ol patyşalygyň nyşanydy. Emir Temuryň goşuny tä Balha baryp ýetýänçe, ýol ugruna oňa täze-täze güýçler gelip gowuşýar. Şol wagtda Emir Hüseýniň emirleriniň köpüsi ony taşlap gidýärler. Söweşde Emir Hüseýniň goşunlary ýeňilýär, iki günlük gabawdan soň **1370-nji ýylyň 10-njy aprel**inde Balh şäheri Emir Temura boýun egýär. Emir Hüseýn öldürilýär.

**1370-nji ýylyň 11-nji aprel**inde Çagataý ulusynyň begleri we emirleri, welaýatlaryň we tümenleriň dorugalary, Emir Temuryň ýaşlykdan bile bolan ýaragdaş dostlary, şeýle hem, Emir Temuryň piri Seýit Barakanyň gatnaşmagynda gurultaý geçirilýär. Gurultaýda Emir Temuryň hökümdarlygy resmi taýdan ykrar edilip, ol *Mawerannahryň emiri* diýlip yglan edilýär.

**Merkezleşen döwletiň döredilmegi**

Emir Temur döwleti syýasy we ykdysady taýdan pugtalandyrmaga girişýär. **1370-nji ýylyň iýul** aýynda Samarkantda gurultaý çagyrýar. Gurultaýda Sibirganyň häkimi emir **Zinda Çaşm**dan başga Mawerannahryň ähli emirleri we taýpa başlyklary ýygnandylar. Iki derýanyň arasynda ýaşaýan türk-mongol taýpalarynyň başlyklary, ähli emirler Emir Temuryň häkimiýetini ykrar etdiler. Samarkant döwletiň paýtagty diýlip yglan edildi. Samarkantda berk diwarlar, galalar hem-de köşkler bina edilýär. Emir Temur ýurtda kanunyň we düzgün-tertibiň berjaý edilmegini ýola goýýar. Ýörite goşun düzüp, oňa uly hukuklar berýär. Emir Temur **Ardaşir Kawçini, Joku Barlosy, Iskender Alam Şeýhi, Usman Apbasy, Saýfiddin Barlos**lary we beýlekileri uly harby bölümleriň başlyklary edip belleýär. Tejribeli harbylar sipohsolarlyga bellenýär. 1370-nji ýylda Sibirgan boýun egdirilýär. Zinda Çaşm Emir Temura hyzmat edip başlaýar.

Emir Temur gündogardaky ýerleri mongollaryň täsirinden azat etmek üçin Gündogar Türküstana tarap birnäçe gezek ýöriş

edip, Mongolystanyň hanlaryna zarba urup, *Fergana jülgesi*ni, *Otrary, Ýassyny* (Türküstany) we *Saýramy* öz gol astyna alýar. *Gissar, Badahşan, Gunduz* ýaly welaýatlaryň emirleri hem Emir Temuryň häkimiýetini ykrar edip, oňa boýun egýärler. **1381-nji ýyl**da *Hyrat, Seýistan, Mazanderan* eýelenilýär. *Sarahs, Jam, Kawsiýa, Sebzewar* şäherleri hem söweşsiz boýun egýärler. Şeýlelikde, bütin Mawerannahr we Horasan birleşdirilýär.

Bu döwürde Emir Temuryň patyşalygy bilen *Altyn Orda*nyň arasynda özbaşdaklygyny gazanan *Horezm döwleti* bardy. Ykdysady we medeni babatdan gadymdan Mawerannahr bilen aýrylmaz bagly bolan Horezm mongollaryň döwründe ikä bölünip, merkezi Ürgenç şäheri bolan Demirgazyk Horezm Altyn Orda, merkezi Kät galasy bolan Günorta Horezm bolsa Çagataý ulusyna boýun egipdir. **XIV asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyry**nda Altyn Ordada bolan tolgunyşyklar wagtynda *Goňrat sopulary* Demirgazyk Horezmde täze dinastiýanyň özbaşdak hökmürowanlygyny dikeltdiler. Soňra Kät we Hywa şäherlerini eýeläp Demirgazyk we Günorta Horezm ýerlerini birleşdirdiler. Emir Temur bolsa tutuş Horezmi Çagataý ulusynyň aýrylmaz bölegi hasaplaýardy. Şonuň üçin ol Horezmi öz döwletine goşup almak syýasatyny tutdy.

Emir Temur **1372-nji ýyl**dan başlap Horezme bäş gezek harby ýöriş edip, edýär, Horezm 1388-nji ýylda doly boýun egdirilýär.

Şeýlelikde, Emir Temur Mawerannahry, Horasany we Horezmi birleşdirip, iri merkezleşen döwlet gurdy. Bu giň çäklerde ýaşaýan halklaryň birleşmegi, olaryň ykbalynda oňyn ähmiýete eýe boldy.



1. Emir Temur bilen Emir Hüseýniň arasyndaky agzalalyk nähili tamamlandy?
2. 1370-nji ýylyň 11-nji aprelinde geçirilen gurultaýyň ähmiýeti nämeden ybarat?
3. Samarkant şäherini täzeden gurmakda Emir Temuryň hyzmaty hakynda nämeleri bilýärsiňiz?
4. Mawerannahryň gündogardaky ýerleri nähili ýol bilen birleşdirildi?
5. Horezm ýörişleri we onuň netijeleri hakynda aýdyp beriň.
6. Bu döwürde Emir Temuryň taryhy hyzmaty nämeden ybarat boldy?

## 31-§. EMIR TEMURYŇ HARBY ÝÖRIŞLERI

**Daýanç düşünjeler:** ***Altyn Orda garşy göreş; Ankara söweşi; Emir Temuryň Ýewropa halklarynyň öňündäki hyzmaty***

**Ýurduň howpsuzlygy ugrunda**

Emir Temuryň patyşalygyna howp salýan güýçler heniz ýok edilmändi. Bir tarapdan, Mongolystanyň hanlary Çagataý ulusyny birleşdirmek üçin çalyşyp ynjalyk bermeýardiler. Ikinji tarapdan bolsa, **Altyn Orda** we **Ak Orda** bölünen Juçy ulusynyň hanlary hem demirgazykdan we Horezm tarapdan howp salyp durýardylar.

Emma bu döwürde Emir Temuryň döwleti üçin iň güýçli howp Ak Orda we Altyn Ordady. Ilki bilen Emir Temur Altyn Orda hüjüm edip, ony güýçden gaçyrmaga çalyşýar. Emma ol Juçy ulusyny öz döwletine goşup almagyň niýetinde däldi. Emir Temur Altyn Ordanyň Mawerannahra ýanaşýan gündogar bölegini öz täsiri astyna almak hem-de onuň paýtagty **Saraý Berke** arkaly geçýän kerwen ýoluny Mawerannahr tarapa öwürmegiň ýoluny gözleýär.

Emir Temur öz maksadyny amala aşyrmak üçin Juçy ulusyndaky özara içki göreşden ussatlyk bilen peýdalanýar. Altyn Ordada tagt ugrunda rehimsiz göreş başlanypdy. Şeýle şertde käbir çingiziler dürli taraplara gaçyp jan saklapdyrlar. Olardan biri **Togtamyş** Ak Ordadan gaçyp Samarkanda geldi. Emir Temur oňa hezzet-hormat etdi, ahyr netijede ol Emir Temuryň kömegi bilen Altyn Ordanyň tagtyny eýeledi.

**Emir Temur we Togtamyş**

Soňlugy bilen Togtamyş haýynlyga ýüz urýar. Ol Emir Temura garşy açykdan-açyk göreşe başlaýar. Netijede Emir Temur Togtamyşyň garşysyna üç gezek goşun sürmäge mejbur bolýar.

Soňky gazaply söweş **1395-nji ýylyň 15-nji aprel**inde Demirgazyk Kawkazda **Terek** derýasynyň boýunda bolup geçýär. Gazaply çaknyşyk üç gün dowam etdi. Bu gezek Emir Temuryň goşuny duşmana garşy atdan duşup, ony ýaýdan oka tutmak usulyny ulandy. Okuň we gylyjyň zarbyna çydamadyk Togtamyşyň goşunynyň hatary bozuldy we dargap gitdi. Togtamyşhan sanlyja esgeri bilen jeňňellige gaçyp, yzarlap gelýän üstün çykyjylardan

gizlendi. Russiýanyň taryhçylary B.D.Grekowyň we A.Ýu. Ýakubowskiniň bellemeklerine görä, Emir Temuryň Togtamyşyň üstünden gazanan ýeňşi, diňe bir Orta Aziýa üçin däl-de, eýsem Gündogar Ýewropa, şeýle hem rus knýazlyklarynyň birleşmekleri üçin hem beýik ähmiýete eýe boldy.

### Eýrana, Yraga, Şama, Hindistana ýöriş

Emir Temur öz patyşalygynyň günorta araçäklerini berkitmek we giňeltmek maksady bilen Eýranyň, Azerbaýjanyň, Yragyň, Şamyň (Siriýanyň) üstüne üç gezek goşun sürýär. Bu ýörişler taryhda *üç ýyllyk, bäş ýyllyk* we *ýedi ýyllyk ýörişler* diýip at alypdyr. **Üç ýyllyk** (1386-1388) harby ýörişleriň netijesinde Eýran (Pars), Günorta Azerbaýjan, Yragyň demirgazyk bölegi, Gürjüstan we Ermenistandaky (Wan kölüniň töweregi) ýerler eýelenýär. Emir Temur öz islegi bilen boýun egen, mali aman salgydyny tölän şäherlere degmändir, beýle şäherlere goşun girizmändir.

Eýrandaky *muzaffarylar, jaloýyriler* dinastiýasynyň wekilleriniň adamlara dürli garaýyşly hereketleri, Mazanderanda, Günorta Eýranda göterilen gozgalaňlar Emir Temuryň Eýrana ýene ýöriş etmegine sebäp boldy. Bu **bäş ýyllyk** (1392-1396) urşuň dowamynda Günbatar Eýran, Yragyň arapdäl bölegi we Kawkaz eýelendi. **1398–1399-njy ýyllar**da Hindistana ýöriş edýär we Delini eýeleýär.

1399–1404-nji ýyllarda Hindistana birnäçe gezek ýöriş edildi. Bu ýöriş ýedi ýyllyk uruş diýen at bilen taryha girdi.

Giň möçberli harby ýörişleriň netijesinde sahypgyran Emir Temuryň patyşalygynyň araçäkleri Osmanly türkleriň döwletiniň araçäklerine baryp direldi. Emir Temur Osmanly türkleriň soltany **Baýazit Ýyldyrym** bilen gatnaşyklary gowulandyrmagyň tarapdary bolupdyr. Gapma-garşylyklary diplomatik ýol bilen çözmek maksady bilen iki tarapyň arasynda 4 gezek hat alyşmagyň başyny başlapdyr. soltan Baýazitiň bolsa her gezek men-menlik, keçjallyk edip, hatda Emir Temur babatda ýaramaz gürrüňleri aýdanlygy taryhy çeşmelerde bellenilýär. Baýazit *garagoýunlylaryň, muzaffarylaryň, jaloýirileriň* Emir Temura garşy hereketlerini goldapdyr. Şu faktorlar sebäpli bu iki döwletiň arasynda çaknyşygyň bolmagy gutulgysyz bolup galdy.

## Ankara söweşi

Emir Temur bilen soltan Baýazidiň goşunlarynyň arasyndaky aýgytlaýjy söweş Ankaranyň golaýynda **1402-nji ýylyň 20-nji iýul**ynda boldy. Bu söweş *«Ankara söweşi»* diýen at bilen taryha girdi. Üç günläp dowam eden bu söweşe iki tarapdan jemi 360 müň, şol sanda Emir Temur tarapyndan takmynan 200 müň, osmanlylar tarapyndan 160 müň esger gatlaşypdyr. Söweş meýdanynyň golaýynda ýerleşen goşunyň merkezi bölegine Emir Temuryň özi ýolbaşçylyk etdi. Uzak dowam eden gazaply söweşde Sahypgyranyň güýçleri türk goşunyny derbi-dagyn edýär. Soltan Baýazit ýesir düşýär. Onuň bilen bile ogly Musa Çalabi hem ýesir alynýar. Emir Temur rumly esgerleri yzarlap Bursa we Orta Ýer denziniň gündogar kenarynda ýerleşen *Izmir* şäherini basyp alýar we haçly ýörişlere gatnaşyjylaryň Ýakyn Gündogardaky soňky karargähiniň şoňuna çykýar. Müsür hem Emir Temura boýun egýänligini bildirýär. *Wizantiýa*dan we beýleki hristian dünýäsinden Baýazite gelýän paçlar indi Emir Temura tölenilmeli boldy.

Baýazitiň üstünden gazanylan beýik ýeniş bilen Emir Temury Fransiýanyň koroly **Karl VI** (1380-1422), Angliýanyň koroly **Genrih IV** (1399–1413) hem-de Kastiliýanyň we Leonyň koroly **Genrih III** (1390–1407) gutlap, öz gutlag hatlaryny iberýärler. Çünki, Sahypgyran ýaňy oýanyp başlan Ýewropa howp salyp duran Osmanly türkleriň döwletine hüjüm edip, tutuş Ýewropanyň halasgärine öwrülipdi.

Kiçi Aziýadan Samarkanda yzyna gaýdan Emir Temur **1404-nji ýylyň 27-nji noýabry**nda 200 müňlük goşun bilen Samarkantdan Hytaýa sapara ugraýar. Emma Hytaýyň üstüne bellenilen ýöriş Emir Temuryň biwagt aradan çykmagy sebäpli **(1405-nji ýylyň 18-nji fewraly)** amala aşman galdy.

## Emir Temuryň Watanymyzyň we dünýä taryhynda tutan orny

Emir Temur 35 ýylyň dowamynda ýurdy dolandyrýar. Hindistandan we Hytaýdan Gara deňze çenli we Aral deňzinden Pars aýlagyna çenli bolan iňňän uly meýdany öz içine alan patyşalygy döretdi. Ondan başga-da, Kiçi Aziýany, Siriýany, Müsüri, Aşaky Wolgany, Don boýlaryny, Balhaş kölünden we Ili derýasyndan Demirgazyk



# EMIR TEMUR DÖWLETINIŇ KARTASY



Hindistana çenli bolan ýurtlary özüne boýun egdirdi. Ol diňe bir Mawerannahry we Türküstany abat etmän, eýsem boýun egdirilen ýurtlaryň şäherlerini hem gaýtadan gurdurdy. **Bagdat, Derbent** we **Baýlakon** şäherleri şolara degişlidir. Kerwen ýollarynda rabatlar, galalar, köprüler, şäherlerde metjitdir medreseler, bag-bossanlar guruldy we döredildi. Iň möhümi Eýrandaky, Azerbaýjandaky we Yrakdaky dagynyklygyň soňuna çykyp, Gündogar bilen Günbatary baglanyşdyrýan gadymy kerwen ýollaryny dikeltdi. Şonuň bilen birlikde diňe bir Mawerannahrda däl, eýsem Uzak we Ýakyn Gündogar ýurtlarynyň ykdysady we medeni ösüşine, halklary we ýurtlary ýakynlaşdyrmaga uly goşant goşdy. Emir Temur Ýewropanyň Fransiýa, Angliýa we Kastiliýa ýaly iri korollyklary bilen gös-göni söwda we diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy.

Syýasy dagynyklygyň soňuna çykylyp, merkezleşen döwletiň emele gelmegi oňyn netijeler berdi. Ýurduň öndüriji güýçlerini we mongollaryň bir ýarym asyrlyk agalygynyň netijesinde pese gaçan ykdysadyýeti dikeltmek üçin amatly ýagdaý döredi. Hojalygyň esasy bolan suwarymly ekerançylykda belli bir ilerlemeler boldy. Täze-täze kanallar gazylyp, suwarymly ekerançylyk meýdanlary giňeldi. Hünärmentçilik, içeri we daşarky söwda ösdi, ylym we medeniýet ösüp, şäherler abadanlaşdy we ýene gür ilatly boldy.

Sahypgyran Emir Temur meşhur döwlet işgäri, ökde serkerde hökmünde Özbegistanda döwletçiligiň ýokary göterilmeginde möhüm orun eýeleýär. Taryhy çeşmelerde Emir Temuryň ady Sahypgyran ady bilen birlikde *«Sahyp jahan»* hem-de *«Sohibi adl» – Adalat sahyby* diýen atlar bilen hem tutulýar. Halkara UNESKO guramasynyň başlangyjy bilen 1996-njy ýylda Emir Temuryň doglan güni giň möçberde bellendi we şol ýyl «Amir Temur ýyly» diýlip yglan edildi.



1. Emir Temur ýurduň howpsuzlygy üçin nähili çäreler gördi?
2. Emir Temur näme üçin Altyn Ordanyň garşysyna ýöriş etdi?
3. Emir Temuryň üç, bäş, ýedi ýyllyk uruşlarynyň netijeleri hakynda aýdyp beriň.
4. Ankara söweşi haçan boldy we nähili gutardy?
5. Emir Temuryň soltan Baýazitiň üstünden gazanan ýeňşi Ýewropanyň ykbalynda nähili rol oýnady?



## 32-§. EMIR TEMURYŇ SOLTANLYGYNYŇ DOLANDYRYŞ WE HARBY TAÝDAN GURLUŞY

**Daýanç düşünjeler:** ***Dolandyryş; Suýurgal ýerler; Goşunyň gurluşy; «Temuryň öwütleri»***

**Soltanlygyň dolandyrylşy**

Sahypgyran Emir Temur öz döwrüniň talaplaryndan gelip çykan döwlet dolandyrylyşyny kämilleşdirdi, oňa täzeçe ruh we mazmun berdi. Döwletiň guramaçylyk gurluşy harby syýasy düzgünlere esaslanan bolsa-da, jemgyýetiň ösüşi, ähli sosial gatlaklaryň bähbitlerini üpjün etmek göz öňünde tutulypdy.

Emir Temuryň patyşalygynda döwlet dolandyryşy iki basgançakdan - **dergäh**den we **wezirlik**den (diwandan) ybarat bolupdyr. Dergähi ýokary hökümdaryň özi dolandyrypdyr. Ýerine ýetiriji häkimiýeti - diwany diwanbegi (baş wezir) dolandyrypdyr. Diwanda harby wezir, eýeçilik we salgyt işleri weziri, köşk harajatlary - maliýe weziri işläpdir. Olardan başga-da, serhetler we bakna döwletleri dolandyrmak bilen meşgullanýan ýene üç wezir bolup, olar diwanbegä hasabat beripdirler.

Merkezi häkimiýetiň düzüminde *şeýhulyslam, kazykelan, beýik wezir, dadgah, ýasawul, muhassil, tawaçy, muhtasib* we beýleki emeldarlar gulluk edipdirler.

Dergähde *baş hajib, hazynaçy, honsolar, guşçy, bekewul, kätipler, hat göçürip ýazýanlar, tebipler, sazandalar, desterhançylar* gulluk edipdirler.

**Suýurgal ýerler**

Emir Temur uly patyşalygyň ygtyýaryndaky ülkeleri ogullaryna, agtyklaryna we oňat hyzmat eden emirlere suýurgal görnüşinde peşgeş berip, şolaryň üsti bilen dolandyrypdyr. Mawerannahrdan beýleki öz ygtyýaryndaky ähli welaýatlary we ýurtlary Emir Temur ölmezinden ozal öz ogullarynyň we agtyklarynyň arasynda şeýle paýlap beripdi: Azerbaýjany, Günbatar Eýrany, Yragy, Ermenistany, Gürjüstany – **Mürze Omar Miranşaha**, Parsy – **Pirmuhammet ibn Omar Seýhe**, Horasany, Mazanderany, Reýi we Seýistany – **Şahruh Mürzä**, Sultan Mahmyt Gaznawynyň mülküni Kabul we Kandagardan Demirgazyk Hindistana çenli Sind derýasynyň basseýni bilen bilelikde **Pirmuhammet Jahangire**, Daşkendi, Seýramy, Otrary we Aşparadan tä Hytaýyň

*** Honsolar – desserhançy. Hökümdaryň huzurynda nahar çekmek işlerini dolandyrýan şahs.**
*** Bekewül – hökümdara we harby serkerdelere nahar taýýarlamagyň üstünden gözegçilik edýän harby işgär. Olara aýlyk we azyk paýlamak hem bekewülleriň üstüne ýükllenen.**
*** Bitikçiler – hanyň we ýerli häkimleriň ähli ýazuw işlerini alyp barýan işgär.**

araçäklerine çenli - **Ulugbeke**, Ferganany, Terazdan tä Hytaýa çenli, ýagny Gündogar Türküstanyň günorta – günbataryny **Ybraýym Soltana** berdi.

Uluslar merkezi hökümete tabyn bolsalar-da, emma olar belli bir derejede özbaşdakdylar. Ulus hökümdarlarynyň özbaşdak döwlet diwanhanasy, goşuny bardy. Olaryň merkezi hökümete tabynlygy hyrajyň bir bölegini Samarkanda iberip durmakdan we ýokary hökümdaryň harby ýörişlerine öz goşuny bilen gatnaşmakdan ýa-da talap edilen esgeri goýberip durmakdan ybaratdy.

## Goşunyň gurluşy

Emir Temur döwletiň garaşsyzlygy we goranyşy ugrundaky içerki we daşarky syýasatynda esasan goşuna daýanýardy. Şonuň üçin hem ol goşun başlyklaryny saýlap almaga we olary terbiýelemäge, harby bölümler we olaryň ýerleşiş tertibi, nökerleriň we serbazlaryň ýaraglanyşy hem-de içerki düzgün-nyzam meselelerine iňňän uly ähmiýet berýärdi.

Emir Temuryň goşuny on sany esger birikmeleriniň esasynda düzülen harby bölümlerden ybaratdy. Goşun **tümen** – on müňlük, **hazara** - müňlük, **goşun** – ýüzlük we **aýl** – onluk ýaly birikmelere bölünýärdi. Emir Temur on müňlük esgeri dolandyrmak üçin **tümen agasy**, müňlük bölünmeler üçin **mirihazar**, ýüzlükler üçin **goşunbaşy** we onluklar üçin bolsa **aýlbaşy** ýaly harby wezipeleri döredýär. Olaryň hak-hukuklaryny, aýlyklaryny degişli derejede kesgitläp berýär. Söweşlerde edermenlik görkezip, ýeniş gazanan emir üçin berilmeli peşgeşler hem kesgitlenip goýlupdyr. Haýsy-da bolsa bir goşuny ýenen, bir ýurdy ýa-da welaýaty basyp alan emire edermenlik mertebesi, döwlet geňeşlerine erkin girmek hukugy berlipdir hem-de bir ýurduň naýyplygy bilen sylaglanypdyr.

Welaýatlardan esger ýygnamak bilen *tawoçy* wezipesindäki emeldarlar meşgullanypdyr.

**Söweşe girmegiň usuly**

Harby ýöriş wagtynda öňdäki hatarda *habarçylar*, olaryň arasyndan *ýasawul* bölünmesi olaryň yzragynda *manlaý* – awangard bölüm barardy. Manlaý bilen goşunyň esasy bölümleriniň aralygynda bolsa serkerdebaşynyň karargähi we onuň gapdal tarapynda ätiýaç (rezerw) bölümler ýerleşip, ol *izofa* diýlip atlandyrylypdyr.

Emir Temuryň goşunynyň esasy söweşjeň bölümleri *merkez*, sag – *birongar* we çep - *juwangar* ganatlaryndan ybarat bolupdyr. Her bir ganatyň öňünde bir sany goşmaça goragçy manlaý - *awangardy*, her gapdalynda bolsa bir sany goragçy esger bölümleri – *kanbullar* bolupdyr. Şeýle ýagdaýda goşun ýedi bölekden – *gollardan* ybaratdy. **Sarafutdin Aly Ýazdy** goşuny ýedi gola – bölege bölüp ýerleşdirmegiň tertibini ilkinji bolup Emir Temur girizipdir diýip ýazýar. Bu gollar söweşlerde özbaşdak hereket edip, diňe goşunyň serkerdebaşysyna boýun egipdir. Emir Temur söweşmegiň täze usullaryny ulanypdyr.

**«Temuryň öwütleri»**

Emir Temur entek diri wagtynda onuň harby sungatyna we döwleti dolandyryş stiline bagyşlanan ýörite eser döredilip, ol **«Temuryň öwütleri»** ady bilen meşhurlyk gazanýar. Onda döwleti dolandyrmakda kimlere daýanmalydygy, täji-tagt eýeleriniň tutumy (ugurlary) we wezipeleri, wezirleri we goşun başlyklaryny bellemegiň tertipleri kesgitlenipdir. Emir Temuryň «... *döwlet işleriniň dokuz bölegini geňeşmek, çäre we maslahat, galan bir bölegini bolsa gylyç bilen amala aşyrdym", "Güýç adalatdadyr»* diýen sözleri onuň ýurdy akyl-parasat we adalat bilen dolandyrandygyna güwä geçýär.

Şeýlelikde, S/ahypgyran Emir Temur döwleti dolandyrmakda we harby ugurdan özboluşly usul döredip, şu esasda döreden döwleti bilen dünýäni aňk etdi.

**1.** Emir Temur patyşalygy nähili dolandyrypdyr?
**2.** Häkimiýete nähili wezipedäki emeldarlar hyzmat edipdir?
**3.** Emir Temuryň döwletindäki uluslar barada nämeleri bildiňiz?
**4.** Suýurgal ýerler kimlere näme üçin berlipdir?
**5.** Emir Temuryň goşuny nähili tertipde gurlupdyr?
**6.** Emir Temur söweşe nähili usulda giripdir?
**7.** "Temuryň öwütlerinde" nämeler beýan edilipdir?

## 33-§. ÝURDUŇ ABADANÇYLYGY UGRUNDA

**Daýanç düşünjeler:** ***Aksaraý; Göksaraý; Gökdaş; Emir Temuryň baglary; Içerki we daşary söwda***

### Şäheriň abadançylygy

Emir Temur öz döwletiniň şan-şöhraty üçin onuň merkezi bölegi bolan Mawerannahra, aýratyn-da, paýtagty Samarkandyň abadançylygyna aýratyn ähmiýet berýär. Onuň her bir ýenişli wakany, şatlykly hadysany haşamly arhitektura ýadygärligini gurmak bilen bellemek däbi bardy. Şol maksat bilen Hindistandan alnyp gelnen ýüzlerçe ökde kerpiç örüjiler, Sirazyň, Yspyhanyň we Damaskyň meşhur hünärment ussalarynyň hatarynda ýerli ussalar ýurtda gözel ymaratlardyr binalary gurýarlar. Emir Temur **Töwriz**de metjit, **Siraz**da köşk, **Bagdat**da medrese, **Türküstan**da meşhur Ahmet Ýasawynyň mazarynyň üstüne mawzoleý gurdurýar.

Emir Temur Şährisebzde atasy we ogly Jahangiriň guburynyň üstünde mawzoleý gurdurdy, uly juma metjidini bina etdi. Şährisebzde dünýä çawy ýaýran Aksaraý guruldy. Aksaraýyň syrçaly we berçinlenen girelgesindäki gülli nagyşlaryň arasynda *«Eger biziň güýjümize we kuwwatymyza ynanmasaňyz, biziň guran ymaratlarymyza serediň»* diýlen çagyryş ýazlypdyr. Türküstan şäherindäki Ahmet Ýasawynyň mawzoleýi bina edilende hem şu maksat göz öňünde tutulypdyr.

### Samarkant – döwletiň paýtagty

Mongollaryň basybalyşlarynyň dowamynda bütinleý weýran edilen Samarkant şäheri Emir Temuryň döwründe özüniň gadymky ornundan birneme günortarakda başdan-aýak täzeden gurulýar. Şäheriň töweregi **Ohanin, Seýhzada, Çarsu, Kärizgäh, Sazangaran** we **Feruza** ýaly atlandyrylýan alty sany derwezeli berkidilen täze gala diwarlary bilen gurşalýar. Şäheriň arkynda Emir Temuryň karargähi Göksaraý we Bossansaraý bina edilýär. Göksaraý dört gatdan ybarat bolup gümmezleri we diwarlary mawy syrçaly, nagyşly we gülli berçinler bilen örtülenligi üçin ol şeýle at bilen meşhurlyk gazanýar. **Göksaraý**da hanlary patyşalyk tagtyna oturtmak dessury wagtynda olary ak keçäniň üstüne alyp oturdylýan daşdan tagt – **Gökdaş** goýlupdy. Olardan başga-da,

arkda döwlet diwanhanasy, ýarag ýasaýan ussahana we ýarag saklanýan jaý, zikgehana, zyndan ýaly ymaratlar ýerleşýärdi.

Samarkantda köşkler, metjitler, medreseler, mawzoleýler gurulýar. Şäheriň daşarsynda bolsa baglaryň düýbi tutulýar. 1404-nji ýylda Samarkantda bolan Ispaniýanyň ilçisi Klawiho Emir Temuryň alyp barýan binagärlik işlerini görüp haýran galypdyr. Hut şu döwürde Şahizinda binagärlik ýadygärlikleriniň kompleksindäki käbir ajaýyp mawzoleýler, häzirki wagtda Bibihanym ady bilen meşhur bolan Juma metjidi we beýlekiler gurulýar.

Şu döwürde Samarkantda täze, gözel we haşamly binalardan başga-da, dürli kärdäki hünärmentleriň mähelleleri gurulýar. Olaryň hemmesine Emir Temur işlemekleri üçin şert döredip beripdi.

### Emir Temuryň baglary

Emir Temur Samarkandyň töwereginde köp sanly gözel baglar gurdurdy. Ökde arhitektorlaryň, tejribeli hünärmenleriň akyl-parasady, zähmeti we ussatlygy bilen bina edilen **Bagi Dilkuşa, Bagy Çynar, Bagy Behişt, Bagy Belent, Döwletabat, Bagy Naw, Bagy Şemal, Bagy Jahannama, Bagy Meýdan** ýaly çarbaglar we olardaky gözel köşkler şol döwrüň bagdarçylyk sungatynyň ýokary nusgalarydyr. Gurluşyna görä baglar iki görnüşe bölünýär. Birinji görnüşdäki baglar her tarapy takmynan 1 km aralyga uzalyp gidýän dörtburçluk şekilli çarbaglardyr. Ikinji görnüşdaki baglar geometrik şekilde bolman, tebigy agaçlyklaryň we gyrymsy ösümlikleriň ýerleşişiniň esasynda guralypdyr. Bular ýaly baglar hökümdaryň şikara (awa) çykmagy üçin niýetlenipdir.

Şäheriň gündogar tarapynda **Bagy Dilkuşa** ýerleşipdir. Onuň daşky howlusynda haşamly köşk bolup, onda ýaraglanan esgerler durupdyr, içki howluda bolsa tuglar bilen bezelen alty sany piliň heýkeli hatara goýlupdyr. Üçünji howly Emir Temuryň myhmanlary kabul edýän altyn tagtly karargähi bolupdyr. Emir Temur Klawihony ine, şu bagda kabul edipdir. Beýleki baglar hem özboluşly ajaýyp usulda gurlupdy.

### Içerki we daşary söwda

Bu döwürde Mawerannahryň daýhançylyk oazislerinde, hususan-da, Zerewşan jülgesinde onlarça suwaryş sistemalary



**Samarkantdaky Göri Emir mawzoleýi.**

gurulyp, ekerançylyk meýdanlary giňeldi. Täze-täze obalar peýda boldy. Emir Temur öz döwletiniň paýtagty Samarkandyň töwereginde bina edilen birnäçe täze obalary Gündogaryň meşhur şäherleri **Dimişk** (Damask), **Müsür** (Kair), **Bagdat**, **Sultaniýa** we **Siraz** diýen atlar bilen atlandyrdy. Çünki Samarkant ululygy, gözelligi hem-de töwerek-daşynyň abadanlaşdyrylyşy babatda dünýädäki iň iri şäherlerden hem ýokarda durmalydy.

Daşary söwda hem Samarkantda uly orun tutupdyr. Samarkanda daşary ýurtlardan, hususan-da magdanlar, Hindden we Sindden ýakut, almaz, Hytaýdan atlas, çaý, ýyldyrym daşy, muşk we beýleki harytlar, beýleki ýurtlardan altyn we kümüş getirilipdir. Klawiho Hytaýyň paýtagty Hanbalykdan 800 düýelik söwda kerweniniň gelenligini öz gündeliginde belläpdir.

Şu döwürde Emir Temur we onuň ýerli naýyplary tarapyndan Hytaýdan we Hindistandan Orta Aziýa arkaly Ýakyn Gündogar we Ýewropa ýurtlaryna barýan söwda ýoly bolan “Beýik ýüpek ýolunda” söwda kerwenleriniň gatnawunyň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça möhüm çäreler görlüpdir. Gündogar bilen Günbataryň arasynda söwda-satyk we ilçilik gatnaşyklary

giňelýär. Bu bolsa Emir Temuryň döwletiniň daşary ykdysady we ilçilik gatnaşyklarynyň berkararlygyna alyp gelýär.

1. Emir Temur nähili arhitektura desgalaryny gurdurypdyr?
2. «Eger biziň güýjümize we kuwwatymyza ynanmasaňyz, biziň guran ymaratlarymyza serediň» diýlen ýazgy nirede ýazylypdyr?
3. Samarkantda gurlan binalaryň haýsylary garaşsyzlyk ýyllarynda gaýtadan abatlanyldy?
4. Haýsy faktorlar hünärmentçiligiň ösmegine oňyn täsir etdi?
5. Emir Temuryň gurduran baglary hakynda aýdyp beriň.
6. Näme üçin Emir Temur Samarkandyň töweregindäki obalara Gündogaryň meşhur şäherleriniň adyny goýupdyr?

## 34-§. GÜNBATAR ÝEWROPA DÖWLETLERI BILEN GATNAŞYKLAR

**Daýanç düşünjeler:** ***Ýewropanyň Emir Temur bilen ýakynlaşmagy; Diplomatik aragatnaşyklar; Ilçileriň gelmegi***

**Halkara syýasy ýagdaý**

Sahypgyran Emir Temur dünýäniň syýasy durmuşyna hem öz täsirini ýetirdi. Mälim bolşy ýaly, şu döwürde, bir tarapdan, sol-tan Baýazitiň Balkan ýarymadasynyň döwletleri babatdaky zor salmalary güýçlenip, tutuş Ýewropa howp salýardy. Ikinji tarapdan, Baýazitiň özi Günbatara tarap batly öňe süýşüp barýan howply garşydaş bolan Emir Temuryň güýçli zor salmagyna duçar bolupdy. Şeýle syýasy ýagdaýda Baýazite garşy güýçleriň belli bir derejede birleşjegi tebigydy.

Ilki bilen Baýazitden ýeňilip, öz ýerlerinden we emläklerinden mahrum bolan Kiçi Aziýa ýurtlarynyň hökümdarlary Emir Temurdan haraý isläp, onuň Garabagdaky ordagähine barýarlar. Hatda Wizantiýadaky we Galatadaky Genuýa häkiminiň naýyby, Fransiýanyň koroly hem-de Sultaniýa şäheriniň katolik missionerleri kömek sorap Emir Temura ýüz tutýarlar. Munuň öwezine olar harby ýöriş wagtynda oňa kömek bermek hem-de Konstantinopolyň we Peranyň Baýazite töläp gelen pajyny mundan beýläk Emir Temura tölemäge wada edýärler. Elbetde beýle teklibi Emir Temur makullaýar. Çünki Türkiýäni deňiz kenaryndaky daýanjyndan mahrum etmek üçin oňa deňizden

kömek zerurdy. Şeýlelikde, XIV asyryň ahyrynda we XV asyryň başlarynda soltan Baýazite zarba urmak üçin amatly syýasy ýagdaý emele gelýar. Bu ýagdaýdan Emir Temur ussatlyk bilen peýdalanýar.

**Döwletler ara hat alyşmalar**

Şu döwürde Emir Temur Baýazit bilen özaralarynda diplomatik hat alyşmak bilen bir hatarda, boljak çaknyşykda Trapezundyň we Konstantinopolyň harby gämilerinden peýdalanmaga çalyşýar. Şu maksat bilen ol Genuýa we Wenesiýa sowgat-salamlar bilen öz ilçilerini iberýär.

Özara kömek meselesinde Emir Temur Konstantinopolyň naýyby Ioann VII Paleolog bilen hem hat alyşýar. Emir Temuryň **1402-nji ýylyň 15-nji maý** güni **Ioann VII Paleolog**yň adyna ýollan hatynyň mazmunyna garanda, Konstantinopolyň naýyby we Genuýanyň Pera-daky häkimi Baýazite garşy göreşde Emir Temura gulluk etmegi, hatda oňa “adam we her biri 20, jemi 40 sany harby gämi bilen” kömek bermegi boýun alýarlar. Muny Ispaniýanyň ilçisi **Klawiho** hem öz gündeliginde belläpdir.

Şu döwürde Emir Temur Fransiýanyň koroly **Karl VI**, Angliýanyň koroly **Genrih IV**, Kastiliýanyň we Leonyň koroly **Genrih III de Trastamara** bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýup, hat alyşýar. Fransiýanyň raýatlary hasaplanan genuýalylaryň ýer we mülklerini, aýratyn-da, Galatadaky koloniýalaryny goramak üçin Karl IV öz gezeginde Emir Temurdan medet isleýärdi we onuň bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmaga çalyşýardy. Emir Temuryň we Karl VI-nyň aralarynda alşylan hatlarda bellenilişine görä, Sahypgyran koroly düýpli goldaýar. Ankaranyň golaýynda türkleriň 160 müňlük goşunyndan üstün çykylandan soň Emir Temuryň Günbatar Ýewropa döwletleri bilen bolan gatnaşyklarynyň mazmuny düýpgöter üýtgeýär. Indi Emir Temur olar bilen dostlukly gatnaşyklary berkitmek we özara söwda gatnaşyklaryny ýola goýmak ýaly meselelere ähmiýet berýär.

**Ilçilik gatnaşyklary**

Emir Temur **1402-nji ýylyň tomsunda** ýörite ilçileriň üsti bilen Fransiýa we Angliýa Karl VI-nyň we Genrih IV-iň atlaryna hat ýollaýar. Ilçiler **1403-nji ýyl**yň maý aýynda Parižе barýarlar. Ilçiler iki ýurduň

söwdagärleri üçin erkin söwda gatnaşyklaryny alyp barmagy üpjün etmek we eger korol hem-de gersog razy bolsalar, bu erkin söwdany degişli ylalaşyk ýa-da şertnama arkaly berkitmegi teklip edýär. Şonuň üçin hem Sahypgyran **Emir Temur** Fransiýanyň koroly **Karl VI**-a ýollan hatynda bu hakda aşakdakylary aýratyn belleýär: *«Mundan beýläk siziň (adamlaryňyz) biziň ýerlerimize we biziň (adamlarymyz) siziň ülkeleriňize geçen ata-babalarymyzyň döwründäki ýaly, baryp-gelip dursalar, siziň we biziň adymyzy hemme ýerde alkyşlap dursalar, ýurdumyzyň söwdagärleri üçin peýda geti-rilse, köp şat bolardyk. Indi biziň ýurdumyzda siziň söwdagärleriňiziň howpsuzlygynyň üpjün ediljekdigini-de aýtmak gerek»*.

Fransiýa koroly Karl VI 1403-nji ýylyň 15-nji iýunynda Emir Temura ýollan jogap hatyndan mälim bolşuna görä, Emir Temuryň teklipleri Fransiýa tarapyndan hoşallyk bilen kabul edilipdir.

Hut şu döwürde Emir Temuryň Angliýanyň koroly **Genrih IV** bilen alnyp barylan diplomatik gatnaşyklaryna günbatar welaýatlaryň häkimi **Miranşah** işjeň gatnaşýar. Günbatar Eýrany, Yragy, Azerbaýjany, Ermenistany öz içine alan mülkleriň häkimi Miranşah Emir Temuryň garran çaglarynda Günbatar Ýewropa hökümdarlarynyň ünsüni özüne çekýär. Bu döwürde ol Ýewropa döwletleri bilen özara söwda gatnaşyklaryny janlandyrmak maksady bilen hristian ruhanylaryna minnetdarlyk bildirip, söwdagärleriň eldegrilmesizligini üpjün etmek hakyndaky çäreleri amala aşyrdy. Şol sebäpli Günbatarda Miranşah *«katolik dininiň goragçysy»* hökmünde şöhrat gazandy.

Kastiliýanyň koroly (Ispaniýa) **Genrih III** gündogar bilen has gyzygypdy. **1402-nji ýylyň bahary**nda ilki Ispaniýanyn ilçileri Emir Temuryň Kiçi Aziýadaky karargähine iberilýär. Ilçilere Emir Temuryň we Baýazitiň güýç-kuwwatyny, baýlygyny we goşunynyň sanyny bilmek, hem-de olaryň gol astynda ýaşaýan halklaryň urp-adatlary, dini we kanunlary hakynda anyk maglumatlar toplamak tabşyrylýar. Gündogar we Günbatar döwletleriniň ilçileriniň hatarynda Ispaniýanyň ilçileri hem Emir Temur tarapyndan kabul edilip, korolyň adyna ýazylan ýörite hat we sowgatlar bilen ugradylýar. Emir Temur olara goşup **Muhammetkazy** atly öz wekilini Ispaniýa ilçi edip iberýär. Genrih III 1403-nji ýylda

Emir Temuryň huzuryna ikinji gezek ýörite ilçilerini iberýär. Oňa Klawiho ýolbaşçy bellenýär. **1403-nji ýylyň 21-nji maý**ynda Ispaniýadan ugran ilçiler Samarkanda gelýärler. Ispaniýanyň ilçileri Samarkantda Emir Temur tarapyndan dabaraly kabul edilip, olara uly üns berilýär we hormatlanylýar.

**Klawiho**nyň ýolbaşçylygyndaky Ispaniýanyň ilçileri **1404-nji ýylyň sentýabr-noýabr** aýlarynda Samarkantda bolupdyrlar. Emir Temuryň Hytaýa ýörişi mynasybetli beýleki köp döwletleriň ilçileri bilen bir hatarda Ispaniýanyň hem **1404-nji ýylyň 21-nji noýabr**ynda Samarkantdan yzyna iberilýär. Klawiho Ispaniýa 1406-njy ýylyň mart aýynda gaýdyp barýar. Klawihonyň saparynyň galdyran täsirleri onuň *«Beýik Temuryň taryhy»* we *«Temuryň karargähi», «Samarkanda syýahatyň gündeligi»* diýen atlar bilen ispan dilinde birnäçe gezek çap edilýär.

1. XVI asyryň başlarynda halkara syýasy ýagdaý nähilidi?
2. Ýewropa hökümdarlary näme üçin Emir Temur bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýmak üçin hereket edipdirler?
3. Fransiýanyň koroly Karl VI bilen alyşylan hatlar hakynda aýdyp beriň.
4. Näme üçin Miranşah günbatarda «katolik dininiň goragçysy» hökmünde meşhurlyk gazandy?

## 35-§. EMIR TEMURYŇ MIRASDÜŞERLERINIŇ ARASYNDA TAGT UGRUNDAKY GÖREŞ WE ONUŇ NETIJELERI

**Daýanç düşünjeler:** ***Oppozisiýa; Patyşalyk tagty üçin göreş; Şahruhyň hökümdarlygynyň emele gelmegi***

### Tagt üçin göreş

Sahypgyran **1405-nji ýylyň 18-nji fewral**ynda Hytaýa tarap ýöriş wagtynda, aýazly gyşda, Otrar şäherinde aradan çykýar. Emir Temur aradan çykandan soň onuň birnäçe on ýyllaryň dowamyndaky tagallalary bilen gurlan uly patyşalyk böleklere bölünip başlady. Onuň esasy sebäbi patyşalygyň gol astyna alnan ýerler we ýurtlar şeýle bir köp dürli we giň ýaýran bolup, olary bitewi bir ýerden dolandyrmak çylşyrymlydy. Onuň üstesine olardaky oppozisiýa güýçleri ýurdy bölmek üçin amatly pursata garaşýardylar.

Ýurduň dargamagyna Emir Temuryň mirasdüşerleriniň arasyndaky taji-tagt umydynda uzak ýyllar dowam eden özara gapma-garşylyklar we uruşlar sebäp boldy.

Emir Temur ölmeziniň öňýanynda tagtyň mirasdüşeri edip, agtygy **Pirmuhammedi** (Kabulyň, Kandagaryň we Hindistanyň hökümdary) belläpdi. Pirmuhammedi tagta geçirmegiň tarapdarlary güýçli bolsa-da, Miranşanyň ogly **Halyl Soltan Mürze** özbaşdaklyk bilen **1405-nji ýylyň 18-nji mart**ynda Samarkandy eýeläp, özüni Mawerannahryň ýokary hökümdary diýip yglan edýär. Pirmuhammediň ýoluny bekläp, onuň meýilnamalaryny bozmak niýeti bilen, hatda ol Amyderýanyň sag tarapyndaky ýerleri hem özüne goşup alýar.

Halyl Soltan babasyndan galan hazynalaryň kömegi bilen Sahypgyranyň abraýly çinowniklerinden we aristokratlardan ybarat belli bir bölegini öz tarapyna çekip, Mawerannahryň tagtyny eýelän bolsa-da, köp wagt geçmänkä, ol Emir Temuryň wepaly emirleriniň, welaýat naýyplarynyň we şazadalaryň güýçli närazylygyna duş bolýar, olar pitne turuzýarlar. Birinji bolup Türküstanyň hem-de Fergananyň häkimi emir **Hudaýdat** bilen **Seýh Nuritdin** Halyl Soltana garşy pitne turuzýarlar. Hatda Halyl Soltanyň öz kiçi inisi **Soltan Hüseýin Mürze** Amyderýanyň çep kenaryndaky welaýatlarda öz häkimiýetini ornatmak niýetinde agasynyň garşysyna baş göterýär. Öz gezeginde Emir Temuryň kanuny mirasdüşeri Pirmuhammet Amyderýadan geçip, Halyl Soltanyň garşysyna Nesefe goşun sürýär. Mawerannahrda başlanan özara we dinastiýa göreşleri şu ýagdaýda güýçlenip gidýär.

Netijede şu döwürde Horasanda **Şahruh**, Balhda, Gaznada we Kandagarda **Pirmuhammet**, Günbatar Eýranda we Azerbaýjanda Miranşahyň ogullary **Omarşeýh Mürze** bilen **Abu Bekir Mürze** dagylar absolýut hökümdar bolup galýarlar. Syrderýadan demirgazykda ýerleşen welaýatlar: Türküstan, Sabron, Otrar, Seýram emir **Berdibek**iň ygtyýarynda galýar. Oradepe bilen Ferganany emir **Hudaýdat Hüseýni** eýeleýär, Horezmi bolsa Altyn Ordanyň täsirli emirlerinden biri **Idiku** basyp alýar. **Pirmuhammet 1407-nji ýylyň 22-nji fewral**ynda weziri Pir Aly Tozuň baştutanlygyndaky pitneçileriň elinden şehit bolýar. 1408-nji ýylyň 22-nji aprelinde Garagoýunly türkmenleriň taýpa

başlygy **Gara Ýusup** bilen bolan söweşde Miranşah heläk bolýar. Azerbaýjan we Yrak welaýatlary temurileriň elinden gidýär.

**1409-njy ýyl**yň baharynda Mawerannahrda ýagdaý ýene-de ýitileşýär. Emir Hudaýdat Garadepe we Şahruhiýa şäherlerini aňsatlyk bilen ele salyp, Samarkant tarapa goşun sürýär. **Sirazyň golaýynda** Zerewşan derýasynyň boýunda bolup geçen söweşde **Halyl Soltan**yň goşuny ýenlip, özi bolsa ýesir düşýär.

**Şahruhyň häkimiýetiniň emele gelmegi**

Şu döwürde Horasandaky emirleriň gozgalaňyny ýatyrmagy başaran Şahruh indi ähli ünsüni Mawerannahra gönükdirýär. Çünki ol ata ýurdundaky wakalara biparh garap durup bilmeýärdi. **1409-njy ýylyň 25-nji aprel**inde ol Amyderýadan geçip, Samarkanda tarap ýöriş edýär. Bäş ýyla golaý dowam eden özara göreş we pitneler halkyň düýpli närazylygyna sebäp bolupdy. Şonuň üçin hem Temurzadalaryň we emirleriň arasyndaky göreşiň soňuna çykmak maksady bilen Şahruhyň başlan işi ýurduň raýatlarynyň köp gatlaklary tarapyndan goldanyldy. Şol sebäpli Mawerannahrdaky baş-başdaklygyň soňuna çykyp, Mawerannahrda we Horasanda öz hökümdarlygyny ornaşdyrýar hem-de ýurtda parahatçylygyň we asudalygyň üpjün edilmegini gazanýar.

Şahruhyň uzak höküm süren döwründe Emir Temur patyşalygynyň esasy bölegi onuň gol astynda saklanyp galsa-da, bu uly döwlet ika bölünipdi. Olardan biri Amyderýadan günortada ýerleşen Şahruhyň baştutanlygyndaky döwlet bolup, onuň merkezi Hyrat şäherindedi. Ikinjisi bolsa, Amyderýadan demirgazykda Mawerannahrda we Türküstanda emele gelen Ulugbekiň baştutanlygyndaky döwlet bolup, Samarkant onuň paýtagtydy.



1. Emir Temuryň patyşalygynyň bölünip gitmeginiň sebäpleri nämede?
2. Sazadalaryň arasyndaky içki göreş nähili netijelere getirdi?
3. Siz Halyl Soltanyň hereketine nähili baha berýärsiňiz?
4. Şahruh Mürze haçan Samarkanda ýöriş etdi, ony näme üçin halk goldady?
5. Oýlanyp görüň, ýurduň bölünip gitmegi şu ýurduň raýatlarynyň durmuşyna nähili täsir edýär? Ýurdy aman we bitewi saklamak üçin näme etmeli?



## 36-§. ULUGBEK – MAGARYFÇY DÖWLET IŞGÄRIDIR

**Daýanç düşünjeler:** ***Ulugbekiň syýasy meýdana çykmagy; Ulugbekiň içeri we daşary syýasaty; Ulugbekiň pajygasy***

**Ulugbek – Mawerannahryň hökümdary**

**1409-njy ýylda Şahruh** Samarkantdan Hyrada gaýtmagyň öňýanynda **Mürze Ulugbeki** Mawerannahryň we Türküstanyň häkimi edip belleýär. Ulugbek (1394–1449) Mawerannahr bilen Türküstanyň häkimi diýlip yglan edilse-de, hakykatda onuň häkimiýeti ilkibada diňe Samarkant, Buhara we Nesef welaýatlary bilen çäklenýärdi. Çünki Şahruh tarapyndan Fergandan tä Uzgene çenli **Amirak Ahmede**, Hysary Sadmany bolsa **Muhammet Jahangire** peşgeş beripdi. Türküstan **Seýh Nuritdini**ň ygtyýaryndady. Şol wagtda ol ne Şahruhy, ne-de Ulugbeki ykrar edýärdi. Şonuň üçin hem heniz ýurt asuda däldi.

Seýh Nuritdin Türküstan bilen kanagatlanmaýar. **1410-njy ýyl**da ol Muhammet Jahangir, Ýangi we Seýram welaýatlarynyň häkimi Emir Abdulhalyk hem-de ak ordaly hanzadalardan **Çingiziň nesilleri** bilen ýaranlyk düzüp, temurilere garşy gozgalaň turuzýar. 1410-njy ýylyň 20-nji aprelinde Samarkandyň golaýynda **Gyzylrabat** diýen ýerde gozgalaňçy ýaranlar bilen Mürze Ulugbekiň goşunlarynyň arasynda söweş bolýar. Söweşde Ulugbek ýenlişe sezewar bolup, Kelife tarap yza çekilýär. Şahruh Samarkanda gelip Seýh Nuritdiniň gozgalaňyny ýatyrýar. Mawerannahry we Türküstany dolandyrmak 18 ýaşly Ulugbekiň eline doly geçýär.

1414-nji ýylda Ulugbek Ferganany we Kaşgary eýeleýär.



**Mürze Ulugbek**

**1413-nji ýyl**da Şahruh tarapyndan Horezm Altyn Ordanyň hanlarynyň ygtyýaryndan gaýtarylyp alnandan soň Ulugbekiň döwletiniň günbatar we günorta serhetleriniň howpsuzlygy pugtalanan bolsa-da, emma onuň demirgazyk-günbatar we demirgazyk-gündogar taraplary heniz howpludy. Şol sebäpli Ulugbek Deşti Gypjakda başlanan özara agzalalyga hem-de

Mongolystanda güýç alýan içki göreşlere düýpli üns bermäge we bu işe gatyşmaga mejbur bolýar.

Ulugbek atasynyň razylygy bilen **1425-nji ýyl**yň ir baharynda Mongolystanyň üstüne ýörişe başlaýar. Yssykkölüň golaýynda bolan çaknyşyklarda Ulugbek mongollaryň üstünden ýeniş gazanýar we ýerli oppozisiýa güýçleri ýeňip, ýurduň gündogar serhetlerini berkidýär. Ele salnan oljalaryň arasynda iki bölek nefrit daşy hem bardy. Soňlugy bilen bu nefritden Emir Temuryň mawzoleýi üçin gubur daşy ýasalýar.

Mongolystanda bolan uruşda Ulugbekiň gazanan bu ýeňşi nyşany terzde Jyzzagyň golaýyndaky Ýylangeçen deresiniň içinde **828-nji hijri** (1425 ) ýylynda Ulugbek tarapyndan gaýa daşa ýazdyrylan özboluşly «ýenişnama» häzirki güne çenli saklanypdyr.

Deşti Gypjagyň garşysyna guralan ýörişde bolsa Ulugbekiňki şowuna bolmady. Atasy Şahruhyň uly goşun bilen ýetip gelmegi Ulugbeki heläkçilikden saklap galypdyr.

### Tagt üçin göreş

Şahruh **1447-nji ýylyň 12-nji mart** güni agtygy Soltan Muhammediň gozgalaňyny basyp ýatyrýan wagtynda Reý welaýatynda ýerine mirasdüşer bellemäge ýetişmän aradan çykýar. Şahruhyň aradan çykmagy bilen Horasanda we Mawerannahrda temury şazadalaryň arasynda täji-tagt ugrundaky göreş ýene güýç alyp, ýurt durnuksyzlyga we ykdysady-syýasy pese gaçma duçar boldy. Däp boýunça tagta Şahruhyň uly ogly Ulugbek geçmelidi. Emma tagty Baýsunguryň ogly **Alauddawla** eýeleýär. Ýene tagt ugrundaky göreş başlanýar.

Özerkli şazadalar Ulugbekiň garşysyna herekete başlaýarlar we **1447-nji ýyl**yň baharynda Alauddawla Ulugbekiň uly ogly **Abdulatif**iň goşunyny derbi-dagyn edip, ony ýesir alýar. Şu ýagdaýda Ulugbek Alauddawla bilen ýaraşyk baglaşmaga mejbur bolýar. Ýaraşyga görä, Abdulatif azat edilýär, Ulugbek bolsa Hyrata we Horasana bolan dawasyndan ýüz öwürýär. Emma köp wagt geçmän ýaraşyk bozulýar. **1448-nji ýyl**yň baharynda Ulugbekiň we Abdulati-fiň 90 müňlük birleşen goşuny Hyrata ýöriş edýär. Tarnobyň golaýynda bolan söweşde Alauddawläniň goşuny çym-pytrak edilýär, Hyrat ele alynýar. Ulugbek Horasanda Abdulatifi galdyryp, özi Samarkanda gaýdýar. Çünki Mawerannahrda Ulugbekiň garşysyna gozgalaň başlanypdy.

Abdulatife babasy Şahruhyň Hyratdaky tagtynda oturmak miýesser bolsa-da, emma onda atasy babatda duşmançylyk peýda bolýar. Ýeniş hakynda daş-töwerege ýollanan habarnamalarda Abdulatifiň ady inisi Abdulezizden soň agzalany, Ihtiýariddin galasyndaky hazynanyň Ulugbek tarapyndan alnyp goýlanlygy, aşa şöhratparazlygy we mal-dünýä öç bolan Abdulatif üçin bahana bolýar. Ol atasynyň duşmanlary bilen gizlin dil birikdirip, aşakdan Ulugbekiň garşysyna hereket edip başlaýar. Abdulatif Hyratda bary-ýogy on bäş gün häkimlik edýär. **Abulkasym Babur**yň goşunynyň şähere ýakynlaşyp gelýänini eşidip ol paýtagty söweşsiz taşlap, Mawerannahra tarap gaçýar. Ulugbekiň permany bilen Balha naýyp edilip bellenenden soň welaýatda *«tamga»* salgydyny ýatyryp, söwdagärleri öz tarapyna geçirýär. Atasyndan närazy bolan emirleri töweregine jemleýär. Hatda Abulkasym Babur bilen dilleşip, ony Ulugbekiň garşysyna bileleşip göreşmäge çagyrýar. Şeýlelikde, Abdulatif öz atasyna garşy açykdan-açyk duşmançylyk ýoluna düşýär.

**Ulugbekiň pajygasy**

Döwletiň bitewiligini saklap galmak üçin Ulugbekde özüniň pitneçi we mekir oglunyň garşysyna ýöriş etmekden başga alaç galmady. Emma ýurtda syýasy ýagdaý ýitileşip, Ulugbekiň ýagdaýy has-da agyrlaşýar.

Hyratdan Samarkanda gaýdyp gelýän Ulugbek öň tarapdan Deşti Gypjakly göçme taýpalaryň hüjümine duçar bolýar. Abulhaýrhanyň baştutanlygyndaky göçme taýpalar şonda Daşkendiň, Şahruhiýanyň, Samarkandyň we Buharanyň töweregindäki obalary talap, patyşanyň we iri emeldarlaryň şäheriň töweregindäki çarbaglaryny we köşklerini weýran edýärler. Iki tarapdan gelen duşmanlar bilen bolan çaknyşyklaryň netijesinde Ulugbekiň goşuny uly zyýan çekip, güýçden gaçýar. Şol wagt Samarkantda wagtlaýyn naýyp wezipesine galdyrylan Ulugbekiň kiçi ogly Abdulezize garşy Samarkant emirleriniň närazylygy güýçlenip, Ulugbek ony ýola goýmaga mejbur bolýar.

Atasynyň kyn ýagdaýda galmagyna garaşyp duran Abdulatif amatly pursatdan peýdalanyp, baş göterýär we Amyderýadan geçip, Termizi, Şährisebzi we Güzeri aňsatlyk bilen eýeleýär. Soňra Samarkanda tarap ýola düşýär. **1449-njy ýylyň oktýabr**ynda *Damaşk obasy*nyň golaýynda gazaply söweş

bolýar we şu söweşde Ulugbek ýenilýär, Samarkandyň emiri **Miranşah Kawçin** şäheriň derwezelerini berkidip, Ulugbeki şäheriň içersine goýbermeýär. Ol Şahruhiýa hem girip bilmeýär we Abdulatife boýun bolmaga mejbur bolýar. Şäheriň kazysy **Şamsutdin Muhammet Misgini**ň garşylygyna garamazdan Abdulatif nadan ulamalaryň gizlin petiwasyny çykartdyryp, atasynyň öldürilmegini guraýar. **1449-njy ýylda** Mürze Ulugbek 55 ýaşynda pajygaly heläk bolýar.

Şeýdip, Ulugbek Mawerannahry kyrk ýyl dolandyrdy. Bu döwürde ýurduň syýasy durmuşynda ýiti göreşiň dowam edenligine garamazdan, döwleti berkitmäge, onuň bitewiligini saklap galmaga we medeni durmuşyny ýokary götermäge, ösdürmäge çalyşdy.

**1.** Ulugbek nähili ýagdaýda Mawerannahra hökümdar boldy?
**2.** Ulugbek näme üçin we nirelere harby ýörişler etdi?
**3.** Şahruh aradan çykandan soň nähili wakalar bolup geçdi?
**4.** Ulugbekiň pajygaly ykbaly hakynda aýdyp beriň.
**5.** Ulugbek 40 ýylyň dowamynda döwleti dolandyranda nämelere üns berdi?
**6.** Atasynyň ganyna galan Abdulatif hakynda sizde nähili pikir döredi?

## 37-§. TEMURILER SOLTANLYGYNYŇ PESE GAÇYP BAŞLAMAGY

**Daýanç düşünjeler:** ***Syýasy durnuksyzlyk; Soltanlygyň dargap başlamagy; Horasandaky ýagdaý***

**Syýasy durnuksyzlyk**

Ulugbek jezalandyrylyp, aradan birnäçe gün geçenden soň **Abdulatif** tagta dawa edäýjeklerden dynmak üçin öz inisi **Abdulezizi**, hem-de atasyna wepaly bolan emirleri öldürdip, temurileriň Mawerannahrdaky tagtyny doly eýeledi. Ýurduň raýatlary tarapyndan *«atasynyň ganyna galan»* diýlip at alan Abdulatif we onuň tarapdarlary tagtda uzak wagt oturyp bilmediler. Aradan alty ýarym aý geçip-geçmänkä köşkde Abdulatifiň garşysyna pitne guralyp, ol öldürildi. Onuň kellesi alnyp, Registan meýdanynda Ulugbekiň medresesiniň girelgesinde asylyp goýuldy.

Oppozisiýaçy güýçler Samarkantda Şahruhyň agtygy **Mürze Abdylla**ny, Buharada Miranşahyň agtygy **Abu Seýidi** hökümdar edip goýdular. Netijede olaryň arasynda ýene-de häkimiýet ugrunda göreş başlanýar.

Mawerannahrda we Horasanda yzygiderli dowam edip duran özara göreşler Deşti Gypjakdaky hökümdarlar üçin amatly ýagdaý döretdi. **1451-nji ýylda Abulhaýrhan** uly goşun bilen **Abu Seýid**iň kömegi we gatnaşmagy bilen Daşkent, Çinaz we Jyzzak arkaly Samarkanda, Mürze Abdyllanyň garşysyna ýöriş edýär. Siraz obasynyň golaýynda Bulungur anhorynyň boýunda söweş bolýar. Söweşde Mürze Abdulla ýeňilýär we heläk bolýar. Şeýlelikde, Abulhaýrhanyň kömegi bilen Abu Seýit Samarkandy eýeläp, Mawerannahra häkim bolup galýar.

Horasan şu döwürde Şahruhyň agtygy Abulkasym Babyryň gol astyndady. Horasanda syýasy dagynyklyk güýjäp gitdi. Temuriler döwrüniň taryhçylarynyň ýazmagyna görä, Horasan bu döwürde on bir bölege bölünip gidýär. Olaryň arasynda uruşlar-talançylyklar dyngysyz dowam edipdir. **1457-nji ýylda Abulkasym Babur** aradan çykandan soň ýagdaý has-da agyrlaşýar. Horasanda hem, Hyratda hem häkimiýete dawagärler köp bolsa-da, olaryň biriniň hem döwleti dolandyryp biler ýaly güýji ýokdy. Şeýle amatly ýagdaýdan peýdalanan **Abu Seýit 1457-nji ýyl**da Hyratyň tagtyny eýeleýär we patyşalygyň iki bölegini birleşdirmegi gazanýar. Emma welaýat häkimleriniň özbaşdak höküm sürmäge çalyşmaklarynyň, dagynyklygyň soňuna çykyp bilmeýär. Aýratyn-da ony Abulkasym Babyr aradan çykandan soň Horezmi eýelän Omarşeýh Mürzäniň neslinden bolan Soltan Hüseýniň gozgalaňlary hemmeden köp alada goýýar.

**1469-njy ýyly**ň ir baharynda **Abu Seýit** Azerbaýjany, Günbatar Eýrany we Yraga çenli bolan ýerleri eýeläp oturan türkmenleriň garşysyna bolan söweşde heläk bolýar. Atasynyň ölüminden soň Abu Seýidiň mirasdüşerleri Soltan Nüseýin bilen çaknyşmaga batyrlyk edip bilmän, Mawerannahra dolanýarlar. **1469-njy ýylyň 24-nji mart**ynda **Soltan Hüseýin** Horasanyň häkimi hökmünde dabara bilen Hyrata gelip girýär. Netijede temuriler patyşalygy ýene-de iki sany özbaşdak bölege: Soltan Hüseýniň hökümdarlygyndaky Horasan we Abu Seýidiň ogly **Soltan Ahmed**iň hökümdarlygyndaky Mawerannahra bölünip gidýär.

### Dagynyklyk

Mawerannahrda Abu Seýidiň ogullary: ilki **Soltan Ahmet** (1469–1494), soňra **Soltan Mahmyt** (1494–1495) we soňlugy bilen Mahmydyň ogly **Soltan Aly** (1498–1501) özbaşdak häkimlik edýärler. Emma Mawerannahrda dagynyklyk ýene-de güýçlenýär. Bu döwürde Mawerannahr özaralarynda dawalaşýan temuri şazadalaryň ýolbaşçylygynda birnäçe welaýatlara bölünip gidipdi. Il-ýurduň başyna uly teşwişler düşen wagtlarynda sopulyk taglymynyň wekillerinden biri **Hoja Ubaýdullah Ahror** heläkçilikleriň soňuna çykmak ugrunda birnäçe gezek gaýduwsyzlyk görkezipdi. 1454-nji ýylda Hyradyň häkimi Abulkasym Babur Mawerannahra çozup girip, Samarkandy gabanda Hoja Ubaýdullah Ahror dawalaşýanlaryň arasyna düşüp, olary ýaraşmaga mejbur edýär.

### Soltan Hüseýn we Alyşir Nowaýy

Soltan Hüseýn Baýkara Amyderýanyň günortasyndaky ýerlere hökümdar bolup, ol öz gol astynda Horasany, Horezmi we Gündogar hem-de Demirgazyk Eýran welaýatlaryny birleşdirýärdi. Ol 40 ýyla golaý höküm süren temurileriň soňky uly hökümdary bolup, onuň döwründe şazadalaryň we emirleriň baş-başdaklygyna garamazdan, ýurduň hojalyk we medeni durmuşy ýokary ösüşe eýe boldy. Horasanyň abadanlaşdyrylmagynda, ösmeginde döwrüniň başarjaň we dana hökümdary Soltan Hüseýn bilen bir hatarda beýik şahyr we döwlet işgäri Alyşir Nowaýynyň hem hyzmaty örän uly boldy.

**Alyşir Nowayy 1441-nji ýyl**da Hyratda doglupdyr. Onuň ata-babasy temurileriň köşgünde hyzmat edipdir. Soltan Hüseýn bilen Alyşir bir mekdepde okapdyr. Olar çagalyk döwründe Horasanyň hökümdary Abulkasym Babyryň gullugynda bolupdyrlar. Ol aradan çykandan soň 12 ýylyň dowamynda başga-başga şäherlerde ýaşapdyrlar. Hüseýn bu döwürde ilki Horezmde, soňra Horasanyň Hyrat, Abywert, Nusaý, Maşat we beýleki welaýatlarynda sergezdançylykda gezip, güýç toplap, Abu Seýidiň garşysyna gozgalaňlar turuzýar. Alyşir Nowayy bu ýyllarda, ilki Maşatda we Hyratda okaýar. Şol wagtlarda ol şahyrlyk ukyby bilen uly şöhrat gazanypdy. Ýaşlykdan Soltan Hüseýn bilen ýakyn gatnaşykda bolan Alyşir özi babatda Abu Seýidiň duşmançylykly garaýşyny duýup Samarkanda göçüp baryp, birnäçe wagt şol ýerde ýaşamaga

mejbur bolýar. Samarkantda ol ylym-bilim we şygryýet bilen meşgul bolýar. Bu ýerde ol meşhur alym, filosofiýa, logika, hukuk, arap dili, edebiýat we şygryýet boýunça bilimdar **Fazlullah Abulleýs Samarkandy**dan sapak alýar. **1469-njy ýyl**da Soltan Hüseýn Hyrady eýeländen soň Nowaýyny öz huzuryna çagyrýar. Alyşire ol ilki *möhürdar* wezipesine, soňra bolsa *wezir* wezipesine belleýär.

Soltan Hüseýniň hökümdarlygy döwründe Alyşir Nowaýy ýurtda berk merkezleşen döwletiň emele gelmegi, obalarda ekerançylygyň, şäherlerde hünärmentçiligiň we söwdanyň ösmegi üçin köp iş edýär. Alyşir Nowaýy edebiýatyň, sungatyň we ylmyň-magaryfyň ösmeginiň, köpçüligiň dynç we asuda ýaşamagynyň tarapdarydy.

Emma Soltan Hüseýniň döwleti Alyşiriň garaşyşy ýaly bolmady. Suýurgal düzgünine esaslanan bu döwletde, bir tarapdan, welaýat hökümdarlary, hatda täji-tagtyň mirasdüşerleri **Badyuzzaman** we **Muzaffar Hüseýn Mürze** pitne turuzýarlar. Ikinji tarapdan, zulmuň netijesinde Hyratda we onuň welaýatlarynda halk gozgalaňlary göterilýär. Üçünjiden, öz bähbitlerini gözleýän açgöz köşk emeldarlary pitnedir hile-pirimleri tutaşdyryp, onuň laýyna soltan Hüseýn hem batyrýarlar. Elbetde şeýle ýagdaýlar baş wezirlik wezipesinde işlän Nowaýynyň köşkden, hatda paýtagtdan hem çetleşdirilmegine getirýär.

Şeýlelikde, XV asyryň ikinji ýarymyndaky durnuksyz syýasy ýagdaý sebäpli temuriler patyşalygy pese gaçyp başlaýar..

1. Atasynyň ganyna galan Abdulatifiň ykbaly nähili boldy?
2. Soltan Abu Seýit nähili ýol bilen Mawerannahrda häkimiýeti ele aldy?
3. Horasandaky ýagdaý nähilidi?
4. Soltan Abu Seýit Hyratda tagty haçan we nähili eýeledi, haýsy söweşde heläk boldy?
5. Mawerannahrda parahatçylygy ýola goýmakda Hoja Ubaýdullah Ahroryň hyzmaty nämede?
6. Soltan Hüseýn Baýkara we Alyşir Nowaýy hakynda näme bilýärsiňiz?

## 38-§. EKERANÇYLYK, ÝER EÝEÇILIGI GATNAŞYKLARY

**Daýanç düşünjeler:** ***Ykdysady ýagdaý; Ýer eýeçiligi; Salgytlar***

### Daýhançylyk we maldarçylyk

Ýurtda ýygy-ýygydan bolup durýan özara içki uruşlara garamazdan, XV asyrda hem Mawerannahryň we Horasanyň obalarynda birnäçe abadançylyk işleri amala aşyryldy. Hususy başarjaň hünärmenleriň özleriniň sähralardan täze ýerleri açmagy, kärizler gazyp, bag ekmegi we garawsyz galan taşlandy ýerleri suwaryp, abat etmek üçin amala aşyran birnäçe işleri temuriler tarapyndan goldaw tapýar. Hatda bular ýaly meýletin hünärmenler bir-iki ýylyň dowamynda salgytdyr töleglerden hem boşadylypdyr.

Iri suwaryş desgalary gurlup, ekerançylyk welaýatlarynyň suw üpjünçiligi düýpli gowulanýar. Iň uly suwaryş işlerinden biri Samarkant oazisinde Zerewşan derýasyndan saka alan, Dargom anhoryndan çykarylan gadymy **Angor kanaly** gaýtadan dikeldildi. Bu kanal arkaly az suwly Kaşgaderýa oazisine goşmaça suw çykarylýar.

Ulugbek hökümdarlyk eden döwründe Buhara oazisiniň günorta-gündogar serhedine ýanaşýan Samanjuk çölüne suw çykarylyp ýerler özleşdirilýär. Murgap derýasynyň baş bendi – **Soltanbendi**ň Şahruh tarapyndan dikeldilmegi we suwaryş şahamçalarynyň arassalanmagy sebäpli Merw şäheriniň we Murgap oazisiniň suw üpjünçiligi düýpli gowulanýar. Soltan Hüseýn Mürzäniň hökümdarlyk eden döwründe bolsa onuň başlangyjy bilen Merweruddan täze kanal çekilip, ep-esli ýer meýdany suwarylyp abat edildi.

Alyşir Nowaýynyň başlangyjy bilen Tus welaýatynyň ýokary böleginde **Turukbent** suw howdany gurulýar. On farsah (60-70 km) uzynlykda ýörite kanal gazdyrylyp, Turukbent suw howdanynda ýygnalan suw Maşada getirilýär. Netijede Maşat suw bilen üpjün edilip, şäheriň töweregindäki ýerlere suw çykarylýar we abadanlaşdyrylýar.

Hojalygyň ykdysady durmuşynda, aýratyn-da ýaýla maldarçylygy: *gylýalçylyk, düýedarçylyk* şeýle-de *iri şahly mallary idetmek* möhüm orun tutupdyr.

XV asyryň dowamynda Mawerannahrda we Horasanda ozalkysy ýaly ýer we eýeçiligiň esasy dört görnüşi – *«mülki*

*dewoni»* – döwlet ýerleri, *«mülk»* – hususy ýerler, *«mülki wakf»* – medreseleriň we metjitleriň ygtyýaryndaky ýerler we *«jemagat ýerleri»* bolupdyr. Suwarylýan ýerleriň iň uly bölegi döwlet ýerleri bolupdyr. Bu ýerlere ozalkysy ýaly ýurduň hökümdary soltan ýa-da emirler eýelik edipdir.

Temuriler döwründe döwlet ýerlerini *«suýurgal»* tertibinde peşgeş bermek giň ýaýraýar. Suýurgal eýeleriniň tabynlygyny güýçlendirmek maksady bilen merkezi häkimiýet käte olaryň ygtyýaryndaky ýerleri azaltmak ýa-da olaryň hak-hukuklaryny çäklendirip, boýun egmedik ýagdaýynda suýurgal hukugyndan mahrum edilýärdi we ol başga adama berilýärdi.

Bu döwürde baş hökümdar tarapyndan iri mülk eýelerine belli bir hyzmaty üçin *tarhanlyk ýarlygy*ny bermeklik däbe öwrülýär. Tarhanlyk ýarlygyny alan mülkdarlar ähli salgytlardan, töleglerden we mejbury işläp bermelerden boşadylypdyr. Tarhanlyk ýarlygy adatda boýunça emirlere, beglere, köşk emeldarlaryna, seýitlere we ýokary gatlagyň beýleki wekillerine berlipdir.Şeýle ýarlygy alan mülkdaryň adynyň yzyna *«tarhan»* sözi goşulyp aýdylypdyr.

XV asyrda-da edil ozalkylar ýaly örän köp ýer we suw metjitlere, medreselere, hanagählere, mawzoleýlere we gonamçylyklara berkidilip, olara *«mülki wakf»* diýipdirler. Adatda, ýer we suwdan başga-da, köp sanly dükanlar, kärhanalar, degirmen, juwaz, söwda hatarlary, kerwensaraýlar hem wakf edilip, olardan düşen girdejiler metjitleri, medreseleri, şypahanalary we hanagähleri abatlamaga, enjamlaşdyrmaga, mütewellilere, müderrislere, tebiplere we talyplara berilýän aýlyklar hem-de myhmanhanalaryň we şypahanalaryň gündelik hajatlary üçin sarp edilipdir.

### Salgytlaryň görnüşleri

Suwarymly ekerançylyk ýerlerinden alynýan esasy salgyda **«hyraç»** diýlipdir. Hyraç önüm ýa-da pul görnüşinde tölenipdir. Ol hasyla we ýeriň önümliligine garap kesgitlenipdir. Mysal üçin, derýa, çeşme we käriz suwlary bilen suwarylýan ýerlerden hyraç hasylyň üçden bir bölegi (33%) mukdarynda alnypdyr. Düme ýerlerden hasylyň altydan bir, ýagny 16,5%-dan tä sekizden bir, ýagny 12,5% mukdarynda salgyt öndürilip alnypdyr.

Mülk ýerleriniň bir böleginden **«hüşür»**, ýagny hasylyň ondan bir bölegi (10%) mukdarynda salgyt alnypdyr. Bu ýerler



**Bigär — ýowar. XV asyr.**

adatça öz döwrüniň ylym-bilimli, medeni we ruhy durmuşynda uly abraýa eýe bolan ulamalara we şeýhlere degişli bolupdyr. Maldan kyrkdan bir, ýagny 2,5% mukdarynda zekat alnypdyr.

Esasy salgytlardan daşary ýerli ilat *bigär* (ýowar) işlerine hem gatnaşypdyrlar. Bigärde gatnaşan her bir adam işlemek üçin gerekli gurallaryny we ýeterli azygy öz ýany bilen eltmeli bolupdyrlar.

*** Bigär — ýerli ilat borçly edilen köşkleri, jemgyýetçilik binalaryny, goranyş we suwaryş desgalaryny hem-de ýol gurluşygy işlerinde köpçülikleýin işläp bermek borçnamasy, mukaddes köpçülikleýin ýowar.**

**1.** Temuriler döwründe ekerançylygyň ösüşi nähili bolupdyr?
**2.** Suwaryş desgalarynyň köp gurlanlygyna mysallar getiriň.
**3.** Ýer eýeçiliginiň görnüşleri hakynda aýdyp beriň.
**4.** Temuriler döwründe salgydyň nähili görnüşleri bolupdyr?
**5.** «Tarhan» ýarlygy barada aýdyp beriň.?

## 39-§. HÜNÄRMENTÇILIK WE SÖWDA GATNAŞYKLARY

**Daýanç düşünjeler:** ***Hünärmentçiligiň görnüşleri; Içerki we daşary söwda; Pul dolanyşygy***

### Hünärmentçilik

Mawerannahryň **Samarkant, Buhara, Daşkent, Şahruhiýa, Termiz, Şährisebz, Karşy** we beýleki  ençeme şäherleri hünärmentçiligiň merkezine öwrülipdir. Şäherlerde hünärmentçilik mähelleleriniň sany artyp, kesp-hünär bilen bagly bolan täze-täze kwartallar, köçeler, bazar hatarlary, ýapyk bazarlar we üsti gümmezli bazarlar peýda bolýar. Ençeme şäherlerde zergärlik, misgärlik, iňňe bejermek, sowut bejermek, daş ýonmak, çüýşe bejermek we gönçülik ýaly hünärmentçilik mähelleleri bolupdyr.

Şäherlerde nah, ýüpek, ýüň we kenep süýüminden dürli hilli reňkli, gülli hem-de nepis we irimçik matalar köp dokalyp çykarylýartdy.

XV asyrda demir zatlar, ýarag we beýleki esbaplary ýasamak ýokary derejä göterilýär. Metal zatlary ýasaýanlaryň köpüsi

hojalykda ulanylýan zatlary, ýarag, dürli gural-enjamlary ýasaýan demirçilerden ybaratdy. Olaryň arasynda çüý ýasaýanlar, nal kakýanlar, sim sozujylar, pyçakçylar ýaly dürli metal önümlerini ýasaýan ussalar bolupdyr.

Şäherlerde, hususan-da, Samarkantda we Hyratda zergärlik ösüpdir. Şäher zergärleriniň arasynda altyn, kümüş we latun garyndysyndan dürli şaý-sepleri we beýleki gymmatbaha zatlary ýasaýan we olary nepislik bilen bezeýän ussalaryň sany köpelýär. Adatça nagyşly çeperçilik önümleri baýlyk zynatlary hasaplanyp, olar diňe mülkdar gatlaklarda bolupdyr.

### Binagärlik, agaç oýma nagyşlary

Orta asyr hünärmentçiliginde küýzegärçilik iň ösen köp pudakly ugra öwrülýär. Ol tabak, hum, küýze we tamdyr bejermek ýaly birnäçe ugurlara bölünýär. Bu döwürde daş ýonmak, ony ýylmap oýma nagyşlar we owadan hatlar ýazyp bezemek sungaty kämilleşýär. Samarkantdaky Bibihanym juma metjidinde Gurhany goýmak üçin oturdylan uly daş enjam, Gör-Emirdäki nefritden taýýarlanan gubur daşy, Şahizindadaky we beýleki ýerlerdäki mawzoleýler oýma nagyşlar bilen bezelipdir, olaryň ýüzüne aýatlar, mersiýeler we taryhlar ýazylypdyr.

Bu döwürde ýurduň iri welaýat şäherlerinde, hususan-da, Samarkantda we Hyratda gurluşyk işleri giň ýaýbanlanyp, gurluşykçylaryň roly ýokarlandy. Binagär ussalara hünärlerine görä, kerpiç örüp jaýyň kaddyny dikleýänlere *«banno»*, jaýyň girelgesini, depesini we beýleki ýerlerini timarlaýanlara *«ustaz»* diýlipdir.

XV asyrda çüýşe bejermek hem ep-esli ösüşe eýe bolupdyr. Samarkantda hatda çüýşe ýasaýanlaryň mähellesi bolupdyr. Bu döwürde agaç işläp bejermek hem ösüpdir. Ökde agaç ussalary agaçdan oýup nagyş bejermek bilen hem meşgullanypdyrlar. Olar nagyşly gapylar, penjireler, sütünler, hantagtalar, kürsüler we başga-da köp dürli enjamlary ýasapdyrlar. Gör-Emiriň we Şahizindanyň aýatlar ýazylan nagyşly gapylary XV asyrdaky halk ussalarynyň agajy oýup nagyş etmek sungatyndaky iň seýrek we gymmatly nusgalary hasaplanýar.

Samarkandyň hünärmentçiliginde kagyz taýýarlamak aýratyn orun tutupdyr. Samarkant kagyzy orta asyrlarda Gündogar



hatdatçylygynda iňňän meşhur bolup, onuň belli bir bölegi daşary ýurtlara çykarylypdyr.

Şu döwürde hünärmentçiligiň deri işläp bejermek, teletin taýýarlap possun, telpek, köwüş, ädik tikmek ýaly ugurlary hem ösüpdir.

Samarkandyň şirmaýy, sedana peýwent, noni zergaron, noni osi-ýoýi ýaly meşhur dürli görnüşli çörekleri, nahara atylýan tagamly nygmatlar, parfýumeriýa önümleri satylýardy.

**Söwda gatnaşyklary**

XV asyrda Temuriler uzak we ýakyn goňşy ýurtlaryň birnäçesi: Hytaý, Hindistan, Tibet, Eýran, Russiýa, Wolga boýy we Sibir bilen yzygiderli söwda edýärdi. **Hytaý**dan esasan *ýüpek, şaýy matalar,* hususan-da *atlas* we *parça*, *farfor, lagl, göwher* we *müşk*; **Hindistan**dan *ak reňkli nepis nah matalar, nil boýaglar, nahara atylýan gowy ysly zatlar*; **Eýran**dan *biýz, merwerit, dur;* **Russiýa**dan, **Tatarystan**dan we **Sibir**den *gymmatbaha sütükli deriler, deri* we *mum* getirilýärdi. Ýewropa ýurtlaryndan Samarkanda getirilýän harytlaryň arasynda *fransuz matalary, mawudy, çerkes pyçagy* bardy.

Samarkantdan daşary ýurtlara, hususan-da, Russiýa, Tatarystana we Sibire arzan bahaly *nah matalar*, esasan-da, *irimçik nah mata, mahmal, şaýy matalar, kagyz, gury miweler, tüwi, pagta* we *kelep* (egrilen nah) çykarylypdyr.

Daşary ýurtlar bilen özara söwda-satyk işlerini giňeltmekde temurileriň gonşy ýurtlar bilen alyp baran ilçilik gatnaşyklary uly rol oýnaýar. Ulugbek we Şahruh Hytaý bilen yzygiderli ilçi alyşyp durupdyrlar.

**1418-nji ýylda Ardaşer**iň baştutanlygynda Şahruhyň ilçileri Hytaýda bolupdyrlar. **1419-njy ýyl**da muňa jogap hökmünde **Li-Do** we **Jong-Fu** Hytaýdan Samarkanda we Hyrata ilçi bolup gelýärler. Ilçiler Ulugbekiň we Şahruhyň adyna özara dostluk gatnaşyklaryny ösdürmek hakyndaky teklipler ýazylan haty we uly sowgat-salam gowşurýarlar. **1420-nji ýyl**da **Şahruh** we **Ulugbek** öz ilçileri bilen 530 söwdagärden ybarat kerwenini Hytaýa ugradýarlar. Temurileriň ilçileri iki ýyldan gowrak Hytaýda bolup, **1422-nji ýyl**da öz watanlaryna gaýdyp gelýärler.

Şahruh bilen Ulugbekiň döwründe Tibet we Hindistan bilen hem gowy goňşuçylyk gatnaşyklary bolupdyr. **1421-nji ýyl**da Tibetden Buhara we Samarkanda ilçiler gelýär. **1441–1442-**



**Emir Temur zikgeleden mis we kümüş teňňeler.**

**nji ýyllarda** Şahruh Hindistana *Wijaýanagar* köşgüne taryhçy **Abdurazzak Samarkandy**nyň baştutanlygynda ilçiler iberýär. Ol Kerman, Hurmuzd we Pars aýlagy arkaly Hindistana eden syýahatyny ýazyp galdyrypdyr.

## Pul dolanyşygy

Ykdysady ösüş belli bir derejede şu döwürde geçirilen pul özgertmesi bilen hem baglydy. Belli bolşy ýaly, Ulugbek **1428-nji ýyl**da dolanyşykdaky *fulusy pullar*yň özgertmesini amala aşyrdy. Ulugbek dolanyşykdaky ýeňil agramly zikgelenen metal pullary gadagan etdi. Köne metal teňňeleri täzesine çalyşyp, içerki söwdanyň *fulusy pullara* bolan islegini kanagatlandyrmak üçin bir wagtyň özünde ol Buhara, Samarkant, Karşy, Termiz, Daşkent, Şahruhiýa we Andijan şäherlerinde zikgehanalar açyp, birmenzeş agramdaky fuluslar zikgelenilýär we dolanyşyga goýberilýär. Halkyň arasynda *«fulusy adliýa»*, ýagny *«adalatly teňňe»*, ady bilen şöhrat gazanan Ulugbekiň bu täze *fuluslary* içerki bölek söwda üçin giň ýol açyldy. Şonuň bilen birlikde

*** Tamga — söwda pajy; söwdagärlerden alynýan salgyt.**
*** Fulus — misden ýasalan ownuk pul.**

Ulugbek daşary söwdadan döwlet hazynasyna gelýän girdejini köpeltmek maksady bilen tamga salgydyny ep-esli artdyrdy.

Şeýlelikde, Ulugbekiň döwründe ýurtdaky içerki we daşary söwdanyň giňelmegi hünärmentçilik önümleriniň mukdaryny artdyryp, kesp-hünär pudaklarynyň ösmeginiň esasy faktorlaryndan birine öwrüldi.

1. Temuriler döwründe hünärmentçiligiň haýsy görnüşleri ösüpdir?
2. Agaç işläp bejermegiň, kagyz çykarylyşynyň ösenligine mysallar getiriň.
3. Söwda gatnaşyklary nähili ýola goýlupdyr?
4. Ulugbekiň pul özgertmesi we onuň netijeleri hakynda nämeleri bildiňiz?

## 40-§. YLYM-BILIMIŇ ÖSÜŞI

**Daýanç düşünjeler:** ***Samarkant akademiýasy; Nagşy jahan; Öz döwrüniň Eflatuny***

**Ylym-bilim merkezleri**

XV asyrda Samarkantda we Hyratda alymlardyr bilimdarlar, şahyrlardyr sazanda-kompozitorlaryň uly topary ýygnanypdy. Ylym-bilimiň we sungatyň ösmeginde zamanasynyň medeni toparlarynyň gurşawynda terbiýelenip, heniz ýaşlygynda meşhur alym hökmünde şöhrat gazanan Ulugbekiň roly we goşandy diýseň beýikdir. Ulugbek ýurdy dolandyrmak bilen bir hatarda, ylmy işler bilen meşgullanýar, alymlaryň çekişmelerine işeňňir gatnaşýar, özünden öň ýaşap geçen Ahmet Ferganynyň, Abu Nasyr Farabynyň, Muhammet Horezminiň, Abu Reýhan Birunynyň, Ibn Sinanyň eserlerini jikme-jik öwrenýär. Bu beýik akyldarlaryň eserleri arkaly ol gadymy ýunan alymlary Eflatunyň, Arastunyň, Gipparhyň, Ptolemeýiň saýlanan eserleri bilen hem tanyşýar. Ulugbekiň permany bilen **1417-nji ýyl**da Buharada, **1420-nji ýyl**da Samarkantda we **1433-nji ýyl**da Gižduwanda medreseler gurulýar. Hatda Buhara medresesiniň derwezesine *«Bilim almak her bir musulman aýalyň we erkegiň borjudyr»* diýlen sözler oýulyp ýazylypdyr. Mawerannahryň bu üç sany gadymy şäherlerinde gurlan ylym jaýlary, hususan-da Samarkant

medresesi döwrüniň uniwersitetidi. Şu medreselerde ylahyýet ylymlary: Gurhan, hadys, tafsir, fikh (din we şerigatyň kada-kanunlary) bilen bir hatarda riýaziýat (matematika), handasa (geometriýa), ylmy durmuş (astronomiýa), tibbiýat (medisina), taryh, geografiýa, ylmy aruz (poetika), arap dili we onuň morfologiýasy ýaly dünýewi ylymlar hem öwrenilýär.

**Ulugbekiň medresesi**

**1420-nji ýyl**da Samarkantda açylan iki gatdan ybarat medresäniň elli hüjresi bolupdyr. Her bir hüjre üç otaga: gaznak (ammarhana), ýatakhana we dershana bölünipdir. Medresede şol döwrüň güýçli alymlaryndan mowlana **Şamsutdin Muhammet Hawofy** esasy müderris bolupdyr. Orta asyrlaryň meşhur alymlary **Kazyzada Rumy, Kyýasetdin Jemşit Koşany, Mürze Ulugbek** we onuň şägirdi **Alouddin Aly Guşçy** dürli ylymlardan sapak beripdirler. Medresäniň açylan güni birinji dersi **Şamsutdin Muhammet Hawofy** beripdir. Derse talyplaryň 90 sanysy gatnaşypdyr. Medresede ylmy durmuşdan (astronomiýadan) Kazyzada Rumy ders beripdir. Medresede azyndan 15-16 ýyl okap, onuň maksatnamasy boýunça ylymlary doly özleşdiren we synaglarda öz bilimini görkezmegi başaran talylara **sanad** ýazylyp berlipdir.

**Ulugbekiň obserwatoriýasy**

Samarkantda öz töweregine ýygnanan görnükli alymlaryň gös-göni gatnaşmagynda we olaryň kömegi bilen Mürze Ulugbek **1424–1429-njy ýyl**larda şäheriň golaýyndaky Abyrahmet anhorynyň boýunda rasadhana (obserwatoriýa) gurdurypdyr. Henize çenli alymlaryň ünsüni özüne çekip gelýän bu uly ymaratyň belentligi 31 metr bolupdyr.

Kyýasitdin Jemşidiň ýolbaşçylygynda rasadhananyň esasy ölçeg abzaly – enjamy bolan uly sekstant oturdylypdyr. Samarkant sekstanty şol döwürde Gündogarda belli bolan sekstantlaryň iň ulu-sy hasaplanypdyr. Ulugbekiň rasad-



**Ulugbekiň obserwatoriýasynyň içki görnüşi.**

hanasynyň ýanynda öz döwrüniň uly kitaphanasy hem bolupdyr. Bu kitaphanada tas ylmyň ähli pudaklaryna degişli on bäş müňe golaý kitap saklanypdyr.

Rasadhananyň töwereginde alymlar we hyzmatçylar üçin ululy-kiçili hüjreler gurlupdyr. Onuň töwereginde bolsa iki sany çarbag bina edilýär. Olardan biri **Bagy Meýdan,** ikinjisi bolsa **Çinnihana** ady bilen meşhur bolupdyr. Rasadhana ýerleşýän ýere ýerli ilatyň arasynda **«Nagşy jahan»** diýen at bilen şöhrat gazanypdyr.

Ulugbekiň işjeň gatnaşmagynda onuň rasadhanasy şol döwrüň şertlerinde kämil astronomiki esbaplar we abzallar bilen enjamlaşdyrylan ýokary derejeli ylym ojagyna öwrülýär. Rasadhanada Ulugbek bilen bile meşhur matematiklerden we

**ORTA AZIÝA XV ASYRDA**



*** Akademiýa – ýokary ylmy gurama.**
*** Rasadhana (obserwatoriýa) – asman jisimlerini öwrenmek üçin mahsus enjamlaşdyrylan ylmy edara we şu edara ýerleşýän bina.**
*** Sanad – şahadatnama.**
*** Sekstant – asman ýagtylgyçlarynyň beýikligini kesgitlemek üçin niýetlenen aýna-serpikdiriji gural.**

astronomlardan *«Öz döwrüniň Eflatuny»* diýip at alan **Kazyzada Rumy, Kyýasitdin Jemşit Koşany**, *«öz döwrüniň Ptolemeýi»* diýen at bilen şöhrat gazanan **Aly Guşçy** we beýleki köp alymlar ylmy gözegçilikler we barlaglar alyp barypdyrlar. Umuman, Ulugbek Samarkantda tutuş bir astronomiýa mekdebini döretdi.

Rasadhanada alnyp barylan gözegçilikleriň we barlaglaryň kömegi bilen «gözganmaýan» ýyldyzlaryň 1018-siniň ýerleşişi we ýagdaýy anyklanyp, olaryň astronomik jedweli düzülýar. Rasadhanada alnyp barylan barlaglaryň netijeleriniň esasynda matematika we astronomiýa degişli birnäçe gymmatly eserler döredildi.

Ulugbekiň *«Ziji jadidi Kuragany»* (Kuraganynyň täze astronomik jedweli) atly kitaby şa eseri hasaplanýar. *«Ziji jadidi Kuragany»* esasan iki bölümden: giňişleýin girişden we 1018 sany gozgalmaýan ýyldyzyň ýerleşişi we ýagdaýy anyklanan jedwelden ybaratdyr. Ulugbekiň astronomik jedweli şol döwürdäki şuňa meňzeş jedwelleriň arasynda ýokary derejede tanyklygy bilen tapawutlanýar. Şeýle hem Ulugbekiň ýyl hasabyny häzirki ýyl hasaplary bilen deneşdirsek, ol bary-ýogy bir minut we iki sekunt tapawutlanýar. Bu XV asyr üçin iňňän ýokary takyklyk bolup, häzirki zaman ölçeglerine gaty ýakyndyr.

Ulugbek *«Tarihi arba ulus»* (Dört ulusyň taryhy) atly taryhy eser hem-de saz ylmyna bagyşlanan bäş sany traktat

**Ulugbekiň durmuşy we ylmy işleri halkymyzyň rugyýetiniň binýadyna goýlan esas daşlaryndan biri bolup, ýurdumyzda mundan näçe zamanlar öň fundamental ylymlary ösdürmäge uly ähmiýet berendigini görkezýär.**

**Islam Karimow. «Belent ruh – ýeňilmez güýç»**

hem ýazypdyr. Ulugbekiň astronomiýa mekdebi öz döwrüniň özboluşly akademiýasydy. Meşhur fransuz filosofy, ýazyjysy we taryhçy alymy **Wolter** (1694-1778). *«Ulugbek Samarkantda bolup akademiýany esaslandyrdy. Ýer şaryny ölçemegi buýurdy we astronomiýa jedwellerini düzmäge gatnaşdy»* diýip ýazypdy Wolter.

**«Samarkant akademiýasy» — 1004-nji ýylda Horezmde döredilen «Donyşmentler öýünden» (Ma’mun akademiýasy) soňky ikinji «Dor ul-ilm» di.**

1. Ulugbekiň ylym-bilimi ösdürmäge goşan goşandy barada nämeleri bilýärsiňiz?
2. Ulugbekiň obserwatoriýasy we onuň ylmy ähmiýeti barada aýdyp beriň.
3. Ulugbek gurduran medreseleri sanap beriň.
4. Bu bilim ojagynda Ulugbekden daşary ýene nähili beýik alymlar iş alyp barypdyrlar? Olar barada aýdyp beriň.

## 41-§. MEDENI DURMUŞ

**Daýanç düşünjeler:** ***Kitap sungaty; Şekillendiriş sungaty; Hatdatlyk; Suratkeşligiň Hyrat mekdebi; Saz; Nusgawy edebiýatyň görnükli wekilleri***

### Kitap sungaty

XV asyrda kitap sungaty, ýagny golýazma eserleri göçürip ýazmak we şonuň bilen bagly bolan hatdatlyk, suratkeşlik, lawwahlyk we sahaplaýjylyk sungaty hem iňňän uly ösüşe eýe boldy.

Çaphana we kitap neşir etmek heniz oýlanyp tapylmadyk bu döwürde kitap döretmek we onuň nusgalaryny köpeltmek agyr zähmet we köp wagt sarp edýän iňňän müşgül iş bolupdyr. Her bir kitap kagyzdan başlap, tä sahabyna çenli, syýasyndan başlap tä boýagdyr gyzyl çaýylyşyna çenli belli bir kada esasynda taýýarlanylýardy. Hatdat bolmak üçin uzak wagtlap sabry-takat we höwes bilen maşk etmek gerekdi, kämil sowatly, çeperçilik duýgusy ösen, döredijі adam bolmalydy. Ökde hatdatlar öz usulyny we stilini şägirlerine öwredýärdi. Şeýdip hatdatlyk däpleri dowam edýärdi we osýärdi.

Meşhur hatdat **Myraly Tebrizi** (1330-1404) nastalyk diýlip atlanandyrylýan täze stildäki haty döredýär. Gowy ýazuwly hatdatlardan biri **Soltanaly Maşhady** (1432-1520) bolupdyr. Ol Nyzamynyň, Attaryň, Hafyzyň, Saadynyň, Hysraw Dehlewiniň, Jamynyň, Nowaýynyň, Hüseýn Baýkaranyň we beýleki şahyrlaryň eserlerini göçüripdir. Soltanalynyň göçüren kitaplarynyň 50-den gowragy we köp sanly goşgular bizin döwrümize çenli gelip ýetipdir. Soltanaly oýup nagyş çekmek hünäriniň hem ussady bolupdyr. Hüseýn Baýkaranyň "Bogi jahonara" bagyndaky köşgüň diwarlaryndaky ýazgylar, Hüseýn Baýkaranyň guburynyň üstüne goýlan daşdaky ýazgy. Soltanaly tarapyndan oýulyp ýazylypdyr. Ol hatdatlyk sungaty barada ýörite eser hem ýazypdyr. **Soltanaly Maşhady** *«Kiblat ul-kuttob»* (Kätipleriň kyblasy) we *«Sulton ul-hattotin»* (Hatdatlaryň soltany) atlary bilen meşhurlyk gazanypdyr.

Samarkantda we Hyratda ýörite köşk kitaphanalary bolupdyr. Kitaphana işlerine kitaphana dorugasy ýa-da kitapdar ýolbaşçylyk edipdir. Onuň gol astynda hatdatlardyr nakgaşlar, suratkeşler, lawhaçylardyr sahaplaýjylar buýurmalary ýerine ýetiripdirler. Meselem, Hyratda Ulugbekiň inisi Baýsunguryň kitaphanasynda kyrk hatdat we birnäçe nakgaş golýazma eserlerden nusgalary göçürmek we olary bezemek bilen meşgul bolupdyrlar. 1429-njy ýylda bu kitaphanada Abulkasym Firdöwsiniň «Sanama» dessany göçürdilip, ol 20 dürli mazmunly we reňkli suratlar bilen bezelipdir.

Hüseýn Baýkara we Alyşir Nowaýy köşk kitaphanasyny seýrek duşýan eserler bilen baýlaşdyrmaga uly kömek edipdirler.

### Şekillendiriş sungaty

XV asyrda uly üstünlik gazanan şekillendiriş sungaty – portretlerden, durmuşy beýan edýän suratlardan, tebigaty teswirleýän peýzažlardan, binalary we çeper eserleri bezemek üçin ulanylan şekillerden ybarat bolupdyr. Adam keşbiniň şekillerinden **Jamynyň, Nowaýynyň, Abdulla Hotifiniň, Begzadyň, Hüseýn Baýkaranyň, Baburyň** we beýlekileriň keşpleri bize çenli gelip ýetipdir. Suratkeşler bu taryhy şahslaryň keşbini anygrak we kämil şekillendirmäge, käbir ýagdaýlarda, hatda olaryň ruhy dünýäsini açyp görkezmäge çalyşypdyrlar. Meselem, meşhur suratkeş **Mahmyt Muzahhyb** çeken Nowaýynyň teswirinde şahyr hasa söýenip dur, onuň kamaty birneme bükreýen ýaly, garaýyşlarynda hem ýadawlyk alamatlary, buýsanç, hem asyllylyk aýdyn göze ilýär.



Kemaletdin Behzat

**Kemaletdin Begzat** XV asyryň şekillendiriş sungatynyň beýik wekillerindendir. Ol suratkeşlikde *«Hyrat mekdebi»* diýlip atlandyrylan täze bir döredijilik ugruny esaslandyrdy. Ol öz döwründe Moniýi Saniý (Ikinji Moniý) diýen ady aldy. Ol ussat senetkär hökmünde Orta Aziýa, Eýran, Azerbaýjan we beýleki ülkeleriň şekillendiriş sungatynyň ösüşine uly täsirini ýetirdi. Begzadyň döredijiligi köp dürli mazmuna eýe bolup, ol taryhy şahslaryň (Hüseýn Baýkara, Şeýbanyhan, Alyşir Nowaýy) portretlerinden başlap, tä hökümdaryň köşklerindäki kabul edişlik dessurlary we söweş meýdanyndaky manzaralara çenli hakyky we täsirli edip görkezipdir. Aýratyn-da, Dehlewiniň "Leýli we Mejnun" dessanyna bagyşlanan onuň liriki manzaralary ýa-da Sarafitdin Aly Ýazdynyň "Zafarnama" eseri üçin çekilen gazaply söweşiň teswir edilen miniatýuralary diýseň özüne çekiji we täsirlidir. Umuman, şekillendiriş sungatynyň eserleri bilen çeper edebiýatyň özara aýrylmaz arabaglanyşykda ösýänligini, biriniň beýlekisine netijeli täsir edýänligini görýäris.

## Saz

XIV–XV asyrlarda täze mukam we aýdym-lar, saz gurallary we saz nazaryýetine degişli gymmatly eserler döredildi. Örän köp sanly ussat sazandalar, kompozitorlar we hapyzlar ýetişdi. **Abdykadyr Naýy, Gulmuhammet Şaýhy, Hüseýn Udiý, Şahguly Gyjjaky, Kasym Rabbany** we beýlekiler şolara degişlidir. Ökde sazçylar bilen bir hatarda Ulugbek, Nowaýy, Jamy, Binaýy ýaly akyldarlar we şahyrlar hem saz sungaty bilen meşgullanyp, onuň ösüşine belli bir goşant goşdular. Meselem, *Ulugbek «Bulujy», «Şadyýana», «Ahloky», «Töwrizi», «Usuly rawon» we «Usuly atlyg», Nowaýy «Yspyhany»* mukamlaryny döredipdir. Jamy we Binaýy saz nazaryýetine degişli eser döredipdirler. Saz sungaty sungatyň beýleki görnüşleri we poeziýa bilen aýrylmaz baglylykda ösüşiň täze basgançagyna göterildi.

### Edebiýat

Orta Aziýa halklarynyň edebiýaty çeperçilik taýdan kämilleşdi, täze basgançaga göterildi. Ençeme poeziýa, proza eserleri we lirik eserler döredildi. Orta Aziýa halklary, hususan-da, özbek hem-de täjik edebiýatynyň arasynda özara gatnaşyk we hyzmatdaşlyk giňeldi we pugtalandy. Terjime edebiýaty emele geldi. Çeper edebiýatyň ösmegi bilen baglylykda edebiýatşynaslyk hem ösdi, gymmatly eserler döredildi.

Bu döwürde döwrüniň zehinli şahyrlary we edebiýatçylary **Kutb Horezmi, Saýfy Saraýy, Haýdar Horezmi, Durbek, Emiri, Ýakyny, Ataýy, Sakkoky, Lutfy, Babyr, Muhammet Salyh** we beýlekiler ýaşap döredipdirler. **Durbek** tarapyndan täzeden işlenen *«Ýusup we Zylyha»* dessany, daşkentli şahyr Ataýynyň diwany şu döwrüň çeper edebiýatynyň dürdäneleridir. Şu döwrüň özbek şahyrlarynyň arasynda *Lutfi* (1366–1465) aýratyn orun tutýar. Nowaýa çenli özbek şygryýetinde Lutfynyň derejesine ýeten şahyr bolmandyr. Ol diňe bir özbek dilinde şygyr döretmän, eýsem täjik dilinde hem kasydalar ýazypdyr. Lutfynyn döredijiliginde hakykaty we adalaty söýmek, rehimli we ynsanperwer bolmak taglymy wagyz edilýär, ylmy we sungaty söýmek ýaly pikirler uly orun tutýar..

XV asyryň çeper edebiýatynyň ösmegine beýik döwlet işgäri, beýik şahyr, alym, akyldar **Alyşir Nowaýy** we beýik täjik şahyry **Abdyrahman Jamy**nyň goşantlary diýseň uludyr. Nowaýy ähli ukybyny we döredijiligini ynsanyň bagtly bolmagy ugrundaky göreşe, halkyň asudalygyna, özara uruşlaryň öňüni almaga, abadançylyk işlerine, ylmyň-bilimiň we sungatyň ösmegine bagyşlady. Özbek edebi dilini, özbek nusgawy edebiýatyny täze basgançaga göterdi. Nowaýy otuzdan köpräk iri çeper eser ýazdy. *«Hamsa», «Hazoýin ul-maony», «Mahhab ul-kulub», «Lison ut-taýr»* şolara degişlidir.



**Suratkeş Mahmyt Muzahhibiň galamyna degişli Nowaýynyň suraty.**



**Alyşir Nowaýy**

Nowaýy taryhy bilmegiň uly ähmiýetiniň barlygyny belläp, adamlary taryhy öwrenmäge çagyrýar. Onuň pikiriçe, taryh ylmy şalaryň, hökümdarlaryň terjimehalyny däl-de, eýsem ýurduň taryhyny öwrenmelidir. Nowaýy ýurdy nämeleriň pese gaçyrýanlygyny we nämeleriň ösüşe alyp barýanlygyny, nähili işleriň ýurdy abadançylyga getirýändigini, halka bagt we asudalyk getirýändigini görkezmek möhüm diýip hasaplaýar.

Nowaýy adalatyň kömegi bilen ýurdy abat etmegiň mümkinligini, her bir adamyň özüniň gylyk-häsiýeti we edebi bilen adamlary şatlandyrmalydygyny düşündirýär.

Umuman, özbek halkynyň beýik şahyry we akyldary Alyşir Nowaýy özüniň bahasyna ýetip bolmajak eserlerinde öňe süren ynsanperwer taglymlary bilen dünýä edebiýatynyn beýik senetkärleriniň hataryndan özüniň mynasyp ornuny eýeledi. Abdyrahman Jamy Alyşir Nowaýynyň zamandaşy, ussady we dostudy. Olaryň dostlugy we hyzmatdaşlygy özbek we täjik halklarynyň dostlugynyň we hyzmatdaşlygynyň aýdyň mysalydyr.

**Eger bu beýik ynsany keramatly diýsek, ol keramatlylaryň keramatlysy, akyldar diýsek, akyldarlaryň akyldary, şahyr diýsek şahyrlaryň soltanydyr.**

**Islam Karimow. «Belent ruh – ýeňilmez güýç»**

1. Kitap sungaty nähili ösdi?
2. Kitaphanalaryň ösenligini mysallar bilen düşündiriň.
3. Sekillendiriş sungatyndaky üstünlikleri mysallar bilen esaslandyryp beriň.
4. Kemalitdin Begzat hakynda gysgaça maglumat taýýarlaň.
5. Saz sungatynyň ösüşi hakynda nämeleri bildiňiz?
6. Özbek edebiýatynyň ösmeginde A.Nowaýynyn hyzmaty nämeden ybarat?

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇYNDAKY TARYHYŇ SAPAKLARY WE RUHYÝET

*(Jemleýji tema)*

Siz okuw ýylynyň dowamynda janajan Watanymyz — Özbegistanyň IV–XVI asyryň başlaryndaky taryhy bilen tanyşdyňyz. Gadym zamanlarda Turan, orta asyrlarda Türküstan we Mawerannahr atlary bilen şöhrat gazanan ýurdumyzyň taryhy beýanyny jemlemek bilen, halkymyzyň bu köne geçmişi ilki bilen onuň uly mukaddes döredijilik işini taryhydygyny ykrar etmek gerek. Bu döwürde onuň dyngysyz zähmeti sebäpli ülkämizde uly derýalar, uly-kiçi ýap we kanallar jylawlanyp, ekerançylyk meýdanlary giňeldildi, bag-bossanlar döredildi. Häzirki wagtda Siz bilen biziýaşaýan oazis we welaýatlar şekillendi we abadanlaşdyryldy. Sansyz-sajaksyz oba we şäherler guruldy. Şäherler giňelip, hünärmentçilik, täjirçilik, magaryf, ylym-bilim hem-de medeniýetiň merkezine öwrüldi. Hünärmentçiligiň dürli ugurlary rowaçlanyp, eli gül ökde hünärmentleriň näzik ussatlygy bilen ýasan gural-enjamlary hem-de şaý-sepleri özboluşly ýokary sungat eseri derejesinde ýerine ýetirildi.

Bir tarapdan suwarymly ekerançylyk we çarwaçylyk, ikinji tarapdan hünärmentçiligiň ösmegi öz gezeginde içerki we daşky täjirçiligiň giňelmegine, aýratynam daşarky bazar bilen alnyp barylan aragatnaşyklaryň pugtalanmagyna we bular bolsa şübhesiz hat-sowadyň, ylym-bilimiň ýokarlanmagyna getirdi. Hut şu döwürde Muhammet ibn Musa al-Horezmi, Ahmet al-Fergany, Abu Nasyr Farby, Abu Reýhan Biruny, Abu Ali ibn Sina we Mirzo Ulugbek ýaly orta asyrlaryň beýik akyldar alymlary ýetişip çykdy. Olar jahan ylmynyň ösüşine ullakan goşant goşdular.

Il-ýurdy dolandyrmakda hem özboluşly döwletçilik, kanun we kadalar, ýere we emläge bolan hak-hukuk ulgamlary emele geldi. Bu diýarda iri welaýat häkimleri tarapyndan dolandyrylan ýerli oazis häkimlerinden çekip, Türk hakanlygy, Samanylar, Hakaniýa-Garahanlylar, Horezmşalar hem-de Emir Temur soltanlygy ýaly beýik döwletler döredi. Bu taryhy hakykat, Watanymyz çäklerinde döwletçilik medeniýetiniň orta asyrlarda barha ösüp, beýik soltanlyk dolandyryş ulgamyna göterilendigini tassyklaýar.

Döwletlilik ulgamy oazis häkimliklerinden merkezleşen soltanlyk, ýagny imperiýa derejesine çenli ösmegi, şeýle hem, ilatyny umumydöwlet dini we ygtykadynda, hususan-da, Yslam dininiň taglymlary esasynda kämilleşmegi, şübhesiz, taryhy Turan–Türküstan sebitinde gadymdan ýaşap gelýän eždatlarymyzy birleşdirdi. Bu döwürde Ymam al-Buhary, Abu Isa at-Termizi, Burhaniddin Marginany, Hoja Ahror we Bahaweddin Nagyşbendi ýaly ulamalar ýetişip çykdy. Olar yslam dininiň we kanunşynaslygynyň ösmegine hem-de onuň dünýä dini derejesine göterilmegine uly goşant goşdular. Yslam dini adamlaryň ygtykadyny pugtalandyrdy.

Olaryň halk bolup şekillenmeginde ýeňilmez güýç hökmünde esasy faktor boldy. Gündogar we Günbatardan dürli taýpalara degişli etnik toparlar ülkämize girip gelip, düýpli ýerli ilat bilen goşulyşyp gitdi. Asyrlaryň dowamynda ýüze çykan şeýle etniki prosesler netijesinde öz çägi, döwletliligi, dili, ykdysady we ruhy-medeni durmuş ýörelgesine eýe bolan özbek halky şekillendi.

Maşakgatly zähmet, daýhançylygyň berekedi, rahat-azaby, ýere eýelik etmek gatnaşyklary halkymyzyň durmuş terzine täsir edip, onda berk ygtykat, päk ahlak, sabyrlylyk edebini şekillendirdi.

Şeýle güýçli jemgyýetçilik kuwwatyny döreden taryhy Türküstan – Özbegistan taryhda Beýik kerwen ýolunda Gündogardyr Günbatar döwletleriniň özara ykdysady we medeni gatnaşyklaryny şekillenmegine we giňelip uýgunlaşmagyna bagry giň we ussat hem-de galkan ýurt hökmünde iş alyp bardy.

Watanymyzyň uzak taryhynyň güwä geçişi ýaly, adalat ýitip, zulum güýjän wagtlarynda il-ýurtda birahatlyk emele gelip bereket aýrylýar. Halk gozgalaňlary bolup, ýurt ykdysady we syýasy tupana duçar bolýar. Şeýle agyr we kyn ýagdaýly döwürde aýratynam ýerli häkimleriň Merkezi häkimiýete garşy eden-etdiligi öwjüne galýar. Şeýle döwürlerde ýurt krizise duçar bolup, döwlet ýykylýar. Şu babatda Temuriler soltanlygynyň elhenç ykbaly aýratynam sapak alarlydyr.

Ata-Watanyň ynha şeýle ykbalyndan sapak çykaran ata-babalarymyzyň «Watany söýmek imandandyr» diýen şöhratly sözlerinde älem-älem many-mazmun jemlenendir. Watana bolan söýgi bolsa ata-enä we halypalara bolan hormat-yzzat, maşgala bolan sadyklyk we ygtykatdan başlanýar.

## MAZMUNY

GIRIŞ . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 3

**I BAP**
**ORTA ASYRLARDA ÝER EÝEÇILIK GATNAŞYKLARYNYŇ ŞEKILLENMEGI WE ÖSÜŞI**

1-§. Sosial-ykdysady özgerişler . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 5
2-§. Irki orta asyr döwletleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 8
3-§. Eftallar döwründe sosial-ykdysady we medeni durmuş . . . . . . 13
4-§. Orta Aziýa halklary Türk hakanlygy döwründe . . . . . . . . . . . 17
5-§. Günbatar Türk hakanlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 21
6-§. Ýerli häkimlikleriň emele gelmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 25
7-§. VI–VII asyrlarda medeni durmuş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 29

**II BAP**
**ORTA AZIÝANYŇ ARAPLAR TARAPYNDAN BASYLYP ALYNMAGY. HALK GOZGALAŇLARY (VII–VIII asyrlar)**

8-§. Yslam dini we arap halyfatlygy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 33
9-§. Mawerannahryň basylyp alnyşynyň ykdysady we ruhy netijeleri. . 37
10-§. Halyfata garşy halk hereketleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 39
11-§. Apbasylar döwründe Horasan we Mawerannahr.
Abu Muslimiň gozgalaňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 41
12-§. «Ak geýimlileriň» gozgalaňy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 43

**III BAP**
**MAWERANNAHRDA ÖZBAŞDAK DÖWLETLERIŇ DÖREMEGI**

13-§. Halyfatlygyň gowşamagy, özbaşdak döwletleriň emele gelip
ugramagy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 47
14-§. Samanylar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 51
15-§. Samanylar döwründe sosial-ykdysady durmuş . . . . . . . . . . . 54

16-§. IX–X asyrlarda eýeçilik gatnaşyklary. Samanylar dinastiýasynyň pese gaçmagy. Gaznawylar döwleti. . . . . . . . . . . . . . . 58
17-§. Garahanlylar döwleti we Mawerannahr . . . . . . . . . . . . . . . 62
18-§. XI–XII asyrlarda sosial-ykdysady durmuş . . . . . . . . . . . . . 65
19-§. Horezm döwleti we onuň ilerlemegi . . . . . . . . . . . . . . . . . 67
20-§. Orta aziýaly akyldarlar. Ylym-bilimiň ösmegi . . . . . . . . . . 71
21-§. Mawerannahryň we Horezmiň medeni durmuşynda täze döwür (IX–XIII asyryň başlary) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 75
22-§. Binagärlik, sungat, saz we dini ynançlar . . . . . . . . . . . . . . . 79
23-§. Etnik prosesler we özbek halkynyň şekillenmegi . . . . . . . . . 83

## IV BAP
## WATANYMYZYŇ HALKLARYNYŇ ÇINGIZHANYŇ BASYBALYŞLARYNA WE ZULMUNA GARŞY AZATLYK GÖREŞI

24-§. Horezmşalar patyşalygy bilen Mongollar döwletiniň arasyndaky gatnaşyklarlar . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 87
25-§. Çingizhanyň basybalyşlary . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 92
26-§. Horezmşalar döwletiniň heläk bolmagy. . . . . . . . . . . . . . . . 97
27-§. Çagataý ulusynyň emele gelmegi . . . . . . . . . . . . . . . . . . 101
28-§. Sosial-ykdysady we medeni durmuşyň janlanmagy . . . . . 104

## V BAP
## EMIR TEMUR WE TEMURILER DÖWLETI

29-§. Emir Temuryň syýasy göreş meýdanyna girip gelmegi . 108
30-§. Emir Temur – merkezleşen döwleti esaslandyryjydyr . . . . . . . 112
31-§. Emir Temuryň harby ýörişleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 115
32-§. Emir Temuryň soltanlygynyň dolandyryş we harby taýdan gurluşy . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 120
33-§. Ýurduň abadançylygy ugrunda . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 123
34-§. Günbatar Ýewropa döwletleri bilen gatnaşyklar . . . . . . . . . . 126
35-§. Emir Temuryň mirasdüşerleriniň arasynda tagt ugrundaky göreş we onuň netijeleri . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 129
36-§. Ulugbek – magaryfçy döwlet işgäridir . . . . . . . . . . . . . . . 132
37-§. Temuriler soltanlygynyň pese gaçyp başlamagy . . . . . . . . . 135
38-§. Ekerançylyk, ýer eýeçiligi gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . 139
39-§. Hünärmentçilik we söwda gatnaşyklary . . . . . . . . . . . . . . 142
40-§. Ylym-bilimiň ösüşi . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 146
41-§. Medeni durmuş . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 150
**GEÇMIŞIŇ ÝAŇYNDAKY TARYHYŇ SAPAKLARY WE RUHYÝET**
(Jemleýji tema) . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . . 155

MUHAMMADJONOV ABDULAHAD RAHIMJONOVICH

*O'quv nashri*

**O'ZBEKISTON**
**TARIXI**

**(IV ASRDAN XVI ASR**
**BOSHLARIGACHA)**

**7-SINF**

*O'zbekiston Respublikasi Xalq ta'limi vazirligi umumiy o'rta ta'lim maktablari uchun darslik sifatida tasdiqlagan*

Ikkinchi nashri

*(Turkman tilida)*

«Sharq» nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2013

Terjime eden *Kamiljan Hallyýew*
Redaktor *Gülbahar Abdullaýewa*
Çeper redaktor *Tolib Kanoatow*
Tehredaktor *Rano Babahanowa*
Korrektor *Gülbahar Abdullaýewa*
Sahaplaýjy *Lidya Soy*

**Neşirýat lisenziýasy AI № 201, 28.08.2011.**

Çap etmge 2013-nji ýylyň 14-nji iýunynda rugsat edildi. Ölçegi $60x90^1/_{16}$. «Times New Roman» garniturasy. Ofset çap ediliş usuly. Ofset kagyzy. Şertli p listi 10,0. Neşirýat-hasap listi 10,7. 786 nusgada çap edildi. Buýurma № 3043.

**«SHARQ» neşirýat-çaphana**
**paýdarlar kompaniýasynyň çaphanasy,**
**100000, Daşkent şäheri, Beýik Turan köçesi, 41.**

## Kärendä berlen dersligiň ýagadaýyny görkerzýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady we familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly | Dersligiň tabşyrylandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

**Derslik kärendä berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak ölçegine görä doldurulýar:**

| | |
|---|---|
| ***Täze*** | Dersligiň kärendä birinji gerek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| ***Gowy*** | Sahypalary bitin, dersligiň esasy böleginden aýrylmadyk. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgy we çyzgylar ýok. |
| ***Kanagatlanarly*** | Sahypalary eplenen, çyzyklar çyzylyp gyralary ýyrtylan, dersligiň esasy böleginden aýrylmak halaty bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly timarlanan. Gopan kagyzlary gaýtadan bejerlen, käbir sahypalaryna çyzylan. |
| ***Kanagatlanarsyz*** | Sahypalaryna çyzylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý kanagatlanarsyz timarlanan. Sahypalary ýyrtylan, käbirleri ýok, çyzylan, böýalan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |